AMANÖWEZ SAPAROW

# SUNGATYM – BUÝSANJYM



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 78 (575. 4)
S 21

**Saparow A.**
S 21 **Sungatym – buýsanjym.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP № 163, 2014 KBK 85. 245

© A. Saparow, 2014.



TURKMENISTANYN PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TURKMENISTANYN DOWLET TUGRASY**



**TURKMENISTANYN DOWLET BAYDAGY**

## TURKMENISTANYN
## DOWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Biz öz medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmäge goşant goşan adamlarymyza guwanmaga haklydyrys.*



## BAGŞYLY IL – BAGTLY IL

Türkmende «Bagşyly il – bagtly il» diýlen bir jowahyr jümle bar. Hakykatdanam, nirede bagşy köp bolsa, şol ýurt döwletli-döwranlydyr. Ol iliň toý-baýramlary kändir. Muny ata Watanymyz Türkmenistanyň şu günki mysalynda-da aýdyň görmek bolýar.



Aýdym-saz sungaty asyrlarboýy halkymyzyň hemrasy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem bu ajaýyp milli ýörelge mynasyp dowam etdirilýär. Buýsançly döwrümiziň bedew batly ösüş-özgerişleri aýdym-sazlarymyzda belentden belent wasp edilýär.



Ýagşysyny ýaýmak halkymyzyň ýene-de bir arzyly däbi. Şeýle bolansoň aýdym-saz sungatymyza merdana halkymyz hemişe aýratyn üns berýär. Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň ýanwar we 2010-njy ýylyň fewral aýlarynda ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşyklary munuň aýdyň subutnamasydyr. Şondan bäri geçen gysga wagtyň içinde türkmeniň aýdym-saz sungatynda uly ähmiýetli özgertmeler boldy. Türkmen döwlet simfoniki orkestriniň we Döwlet horunyň döredilmegi, milli opera sungatymyzyň gaýtadan dikeldilmegi, diňleýjileriň, tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsini gazanan «Owaz», «Türkmen owazy» teleradioýaýlymlarynyň açylmagy, ýurdumyzda aýdym-saz sungaty bilen baglanyşykly geçirilýän halkara festiwallarydyr sergiler munuň aýdyň gü-

wäsidir. Medeniýet ulgamyndaky möhüm wakalaryň biri bolsa, hormatly Prezidentimiziň Permany bilen ýurdumyzda her ýylyň 27-nji iýuny Medeniýet we sungat işgärleriniň güni diýlip yglan edilmegidir. Bu asylly däbiň üsti 2013-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary bilen ilkinji ýola «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Medeniýet hepdeliginiň geçirilmegi bilen ýetirildi. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň kabul eden Karary bilen 2014-nji ýylda bolsa, Medeniýet hepdeligi güneşli Diýarymyzyň Daşoguz welaýatynda geçiriler. Ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň wekillerini, döredijilik işgärlerini begendiren bu taryhy Karar hormatly Prezidentimiziň milli medeniýetimiz, sungatymyz, umuman, döredijilik işgärleri hakda irginsiz aladalarynyň aýdyň güwäsidir.

Milli aýdym-saz we bagşyçylyk sungatymyz hem hut şeýle aladalar bilen gurşalyp, häzirki bagtyýarlyk döwrümizde uly ösüş-özgerişleri başdan geçirýär. Halk aýdym-saz sungatymyzy asyrlardan asyrlara, nesillerden nesillere ýetiren meşhur halypalaryň ýerine ýetirijilik däpleri häzirki döwürde sazşynaslarymyz tarapyndan içgin öwrenilip, geljek nesillere ýetirmek ugrunda uly tagallalar edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döreýän täze-täze aýdym-sazlar halk saz mirasymyz bilen sazlaşykly garyşyp-gatyşyp, mähriban halkymyzy barha belentliklere ruhlandyrýar. Täze döredilýän aýdymdyr mukamlarda türkmen halkynyň şöhratly taryhy, buýsançly şu güni, röwşen geljegi belentden-belent owazlaryň, täze öwüşginleriň üsti bilen çeper beýan edilýär.

Garaşsyzlygymyzyň gazanylan ilkinji günlerinden milli medeniýetimizde hem ägirt uly ösüşler, özgerişler gazanyldy. Şeýle özgerişlikleriň hatarynda dürli edara-kärhanalarda, ýokary we orta okuw mekdeplerinde, oba-şäherlerde, welaýatlarda täze-täze aýdym-saz toparlarynyň döredilmegini görkezmek bolar. Ol toparlar çeperçilik taýdan kämilleşip, täze keşbe, many-mazmuna eýe boldy. Ýurdumyzyň welaýat merkezlerinde açylan biri-birinden zyýada, kaşaň medeniýet köşkleridir teatrlar ýaşlaryň ussat-

lyk derejesini ýokarlandyrýan esasy ojaklara öwrüldi. Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan aýdym-saz sungatymyz täze derejelere ýetip, müň dürli öwüşgine beslendi. Bagtyýar zamanamyzda türkmen medeniýetinde täze, ösen çeper ýerine ýetirijilik we döredijilik sungatynyň binýady berkden tutuldy. Şeýle okgunly ösüşleriň, özgertmeleriň esasynda bolsa Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen adyl syýasaty durýar.



Has gadymy döwürlerden bäri, käbir taryhy şahslarymyz, edebi we sungat eserlerimiz, täsin saz gurallarymyz bilen baglanyşykly döräp kämilleşen gyzykly gürrüňleriň, rowaýatlardyr tymsallaryň ençemesi şu günlere gelip ýetipdir. Iň gadymy saz gurallarymyzyň biri bolan tüýdügiň döreýiş taryhy Türkmenistanyň milli golýazmalar institutynyň 1085-nji belgili bukjasyndaky rowaýatda şeýle teswirlenýär:



Gadym wagtlarda Isgender Zülkarneýn diýen bir patyşa bar ekeni. Ol ýeriň üsti-astynyň hökümdary bolan ekeni. Özüniňem süýr depesinde şahy bar eken.

Şonuň üçin ol her gezek dellege saçyny syrdyrandan soň, kimem bolsa bolaýsyn, hökman öldürder ekeni. Günleriň birinde ol saçyny syrdyrmak üçin obadan saç syryp bilýän adam tapmandyr. Olaryň barysy alaman-talaňa ýa-da gaýry talaplara çykyp gidipdir. Obada diňe bir ýaş ýigit galan ekeni. Özem bir öýüň ýeke dikrarymyş. Isgenderem saçyny syrdyrmak üçin şony çagyrdypdyr. Oglan gitmekçi bolanda, ejesi ýöne goýberse, oglunyň soňundan öldüriljekdigini bilip, oňa: «Biraz garaş, balam» diýipdir. «Men saňa bir köke bişirip bereýin welin, şony alyp git, özem Isgenderiň saçyny syryp durkaň, bilmedik bolup kökäni ýere gaçyran bolgun» diýip, ogluna berk sargapdyr. Ogly hem: «Bolýar, eje» diýipdir. Onsoň, ejesi derrew öz süýdüni sagyp hamyr edipdir-de, bir köke bişirip, oglunyň eline beripdir.



– Sen kökäni gaçyrarsyň welin, Isgender patyşa duzuň haky üçin ondan dadyp görer. Onuň süýjüligini bilip hökman: «Bäh, bu çörek meniň şalykda iýýän nygmatlarymdanam süýji ekeni. Bu nämäniň nany, kim bişirdi?» diýip sorar welin, sen: «Ejem bişirdi, özem öz süýdüne ýugrup bişirdi» diýgin. Şonda ikiňiz

dogan bolarsyňyz. Isgenderem seni öldürip bilmez – diýip öwredipdir. Oglan «bolýar» diýipdir-de, kökäni goltugyna salyp Isgender patyşanyň köşgüne tarap ýola düşüpdir.

Isgender oglana saçyny syrdyrmaga oturypdyr. Oglan onuň kellesini ezip, päkisini çalyp, syrjak bolup gatyrak eglen wagty hälki köke ýere gaçyp tigirlenip gidipdir-de, baryp Isgenderiň öňünde ýatyberipdir. Isgender kökäni galdyryp ondan dadyp görüpdir-de: «Bäh, munuň süýjüdigini-aýt. Men şunça wagt patyşa bolup, ýeriň üstüni-astyny sorap, şeýle datly çörek iýip görmändim. Hany, ýigit, aýt bakaly, bu nämäniň nany, muny kim bişirdi?» diýip sorapdyr.

– Muny-ha ýaňy gaýtjak bolanymda, birden ajygsaň dagy iýersiň diýip, ejem öz süýdüni garyp bişirip berdi – diýip jogap beripdir.

Isgender nämäniň-nämedigine düşünip galypdyr-da:

– Onda ikimiz süýtdeş dogan bolýas-da. Ýagşy, onda bir zady berk belle: men ozal saçymy syranlary öldürýärdim. Emma süýtdeş doganyňy öldürmek külli günä. Şonuň üçinem sen meniň kellämdäki şahy göreniňi hiç kime aýtma, bu syry içiňde sakla – diýipdir.

Oglanam: – Bolýa, agam – diýipdir.

Ýöne ol bu görenlerini içine sygdyryp bilmändir. Onsoň nätjegini bilmän, çöl-beýewana çykyp, bir gurruk guýynyň agzyna baryp, sesiniň ýetdiginden gygyryp-gygyryp içini boşadypdyr. Ol guýynyň içinde bolsa gamyş bary ösüp oturan ekeni. Soň-soňlar şol gamyşlardan kesip alyp, çopanlar tüýdük edip çalyp görseler, «Isgenderiň şahy bar» diýip saýrap duran ekeni. Bir günem bir çopan şol gamyşlardan birini çalyp durka, şeýtan gelip: – Deşik edişdirseň, islän zadyňy çalar bu – diýipdir. Çopan onuň diýenini edipdir welin, aýdyşy ýaly, islän heňini saýradyp durupdyr. Şeýdibem tüýdük ýasalyp başlapdyr. Tüýdükdäki deşiklere käte «şeýtan deşigi» diýilmegi-de olary deşmegi şeýtanyň öwredeni üçin ekeni.

Indi türkmen dutarynyň döreýşi hakdaky rowaýat bilen tanyş boluň.

Muhammet pygamberiň egindeşi Hezreti Alynyň Düldül diýen örän görmegeý hem daýaw aty bolan. Günlerde bir gün Aly

özüniň Düldüliniň horlanýandygyny görýär. Munuň sebäbini ol bir gün tötänden athana baranda biläýýär. Düldüle ideg-yssywat edýän Gammar atly ýigit nähilidir bir geň kirişli saz guralyny çalyp oturan ekeni. At bolsa öňündäki iýme agyz urman, sazyň hoş owazyna maýyl bolup duran. Hojaýynyny gören Gammar gorkusyna elindäki saz guralyny (ol oňa dutar diýip at beripdir) döwmekçi bolýar. Emma sazyň şirin owazy gulagyna hoş ýakan Hezreti Aly ony saklaýar.

Şondan soň Gammar bütin ömrüni saz sungatyna bagyşlap, birgiden mukamlary döredip, köpsanly şägirt ýetişdiripdir...

Nesilbaşymyz Oguz han döwründe döräp, ösüp-örňän ajaýyp aýdym-sazlarymyzy, gadymy hem müdimi mukamlarymyzy, halk dessanlarymyzy çuňňur öwrenip, özleşdirip, barha ýokary kämillige galdyrmak ugrunda bu günki günde uly işler alnyp barylýar. Gymmatly sungat mirasymyz bolan milli aýdym-sazlarymyzyň ajaýyp owazlary halkymyzyň hemişelik hemra edinen «gara gazmasynyň» on üç perdesine, ýüpek tarlaryna, gargy hem-de dilli tüýdüklerimiziň, gyjakdyr gopuzymyzyň şirin nagmalaryna, bagşyçylyk sungatymyzyň dessançylyk, tirme we ýanama däplerine siňipdir. Saltyk bagşy, Hajy bagşy, Kör Gojaly, Jepbar saryk, Şyhy bagşy, Hemra şyh ýaly geçmiş ussatlarymyzyň atlary, döreden, aýdan, çalan aýdym-sazlary rowaýatlara öwrülip gidipdir. Şol rowaýatlar, gürrüňler, ýatlamalar halkymyzyň hakydasynda, kalbynda müdümilik orun aldy. Ussatlaryň taýsyz zehin-paýhaslary bilen dörän ajaýyp aýdymlar, nusgalyk mukamlar umumadamzat medeniýetiniň genji-hazynasyna öwrüldi.

Dünýä saz medeniýetiniň iň ýokary we çylşyrymly kanunlaryna, talaplaryna hem-de däplerine doly gabat gelýän, çuň pelsepä ýugrulan müň röwüşli öwrümler, näzikden çeper saz bezegleri diňleýjiniň kalbyny heýjana getirip, ruhuny belende göterýär. Gurluşlary babatda juda kämil, many-mazmun jähetden köpdürli, çuňňur pelsepeli aýdym-saz sungatymyzyň haýran galdyryjylykly taraplary hakda dünýäniň ençeme akyldarlarynyň, alymlarynyň, sazşynaslarynyň ýazyp miras goýan işleri az däl. Muňa ilkinji we esasy mysal hökmünde, Gündogaryň beýik alymy Abu Nasyr Farabynyň bimöçber zehininiň, çuňňur







pelsepesiniň miwesi, türkmen medeniýetiniň we saz sungatynyň taryhyny öwrenmekde gymmatly çeşme bolup durýan «Saz ylmy» atly işini görkezmek bolar. Arapçadan türkmen diline terjime edilip, ilkinji sapar neşir edilen (Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, Aşgabat – 2006 ý.) bu kitapda saz sungatynyň esaslary dürli ylymlaryň üsti bilen beýan edilýär. Abu Nasyr Farabynyň bu düýpli ylmy mirasynyň, ondan soňky döwürlerde ýaşap geçen Abu Aly ibn Sina, Barbad Merwezi, Al Horezmi, Abu Reýhan Biruny, Mahmyt Kaşgarly, Ýunus Emre, Alyşir Nowaýy, Garajaoglan ýaly ençeme meşhur alymlar, taryhçylar, şahyrlar we sazandalar üçin ýol-ýörelge, nusgalyk mekdep bolandygy gümansyzdyr. Dürli ylmy-taryhy çeşmelerde Abu Nasyr Farabynyň naý, tanbur, ud saz gurallaryna ezberlik bilen erk edendigi dogrusynda-da maglumatlar bar. Diýmek, ol diňe bir saz hakyndaky ylmy pikirleri, düýpli garaýyşlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem ýerine ýetirijilik usullaryny kämilleşdirmekde hem uly sepgitlere ýetipdir.

Görnüşi ýaly, Abu Nasyr Farabydan başlap, X–XV asyrlaryň beýik alymlarynyň, taryhçylarynyň ençemesi ylmy-döredijilik işlerini ýerine ýetirijilik däpleri bilen utgaşykly alyp barypdyrlar. Bu täsin ugur soňky asyrlarda hem üstünlikli dowam edipdir. Mysal hökmünde belli rus alymy A. Semýonowyň «Derwiş Alynyň saz traktaty» atly işi (Daşkent – 1964 ý.) ýatlanmaga mynasypdyr. Doly tamamlanmadyk bu traktaty az-kem gysgaldyp, A. Semýonow rus diline terjime edipdir. Işiň başynda kitaby ýazanyň hanyň hafizi (aýdymçysy) we çäňçisi Derwüş Aly ben Mürze – Aly ben Hoja Mahmyt – Merweritdigi nygtalýar. «Girişinde» ol özi dogrusynda gysgaça maglumat berip, ýaşlykdan çäň saz guralyny çalyp uly derejä ýetendigini, şeýlelikde, oňa Mawerennahryň häkimi Ymamguly hanyň köşgüne ýol açylandygyny belleýär... Derwiş Aly Ymamguly hana bagyşlap ýazan bu traktatyndaky saz ylmyna, ýerine ýetirijilik, döredijilik usullaryna degişli maglumatlary Möwlam Huseýin ahundan alypdyr. Ahun bolsa öz nobatynda halypasy Ymamguly udçydan, Ymamguly udçy bolsa ussady Zeýtun gyjakçynyň dilinden ýazyp alypdyr...

Ussatlygyň beýik basgançaklaryna galan şol alymlaryň, şahyrlaryň, sazandalaryň ylmy düşünjelerini, döredijilik däplerini soňra ozanlar, aýdyjylar, kyssaçylar öz oý-pikirlerinde, döredijilik we ýerine ýetirijilik usullarynda giňişleýin dowam edip, şägirtleri arkaly nesilden-nesle geçiripdirler. Halk döredijilik eserlerimiziň, baý edebi gymmatlyklarymyzyň ömrüni uzaldyp, köpçülige giňden ýaýan şol guýmagursak zehinlerimiziň bitiren wagyz-terbiýeçilik işlerini soňra dessançy we tirmeçi bagşylarymyzyň, tüýdükçilerimizdir dutarçylarymyzyň uly topary üstünlikli dowam edipdirler.



Magtymguly Pyragynyň milli sazymyzyň ýaýbaňlanmagyna eden bimöçber täsirini-de gysgaça belläp geçmelidiris. Şahyryň «Magtymguly, sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýip, welilik bilen aýdan sözleri bireýýäm hakykata öwrüldi. Ussadyň baý edebi mirasy bagşylaryň dilinden düşmän häzirki döwre gelip ýetdi. Türkmen durmuşynyň ähli ugurlary bilen «bagry badaşan» goşgulary täze-täze aýdym heňleri, nusgalyk mukamlar üçin gözbaş bolup hyzmat etdi. Munuň şeýledigine halk bagşylarynyň joşgun bilen aýdýan ýüzlerçe aýdymlarynyň, ezber sazandalarymyzyň ýokary ussatlykda çalýan mukamlarynyň janköýerleri bireýýäm göz ýetirdiler. Milli saz döredijiligimiziň naýbaşy eserlerine öwrülen «Şalyk bilen», «Myhmandyr», «Gözel sen», «Sataşdym», «Bu gün» atly aýdymlar, «Hökmi daweri», «Näler görüner» ýaly goşgularyň teswirnamasy bolup ýaňlanýan «Kepderi», «Näler göründi» kimin hersi simfoniki poemalardan, sýuitalardan kem bolmadyk ajaýyp mukamlar aýdylanlara güwä geçýär. Beýik şahyryň edebi mirasy diňe bir ýokarda ady agzalan halk eserlerine däl, eýsem, dünýä saz edebiýatynda rowaçlyk tapan opera, simfoniýa, wokal eserleriniň türkmen nusgalarynyň döremegine-de egsilmez gönezlik bolup hyzmat etdi. Beýik akyldaryň döredijilik däplerini dowam eden Seýdi, Zelili, Mollanepes, Mätäji kimin nusgawy şahyrlaryň mirasy bilen bagly dörän aýdym-sazlaryň uly topary babatda-da şu sözleri aýtsa bolar.





Türkmeniň mukaddeslik derejesine göteren gara gazma dutary, şeýle hem goňşy halklaryň dutar kysymly dombra, tanbur

ýaly saz gurallary ilki ýedi-sekiz perdeli bolup, wagtyň geçmegi bilen kämilleşipdir. XIX asyryň ikinji ýarymyna çenli Ahal sebitlerinde on perdeli dutar bolupdyr. Birgiden halk mukamlaryna täzeden nur çaýan, täze sazlaryň hem onlarçasyny döredip, dutar ýerine ýetirijilik sungatynyň taryhynyň gözbaşynda duran Amangeldi Gönübegiň teklibi we onuň egindeş halypasy Gulgeldi ussanyň yhlas-zähmeti arkaly dutar perdeleri on üçe ýetirilipdir. Halypalaryň bu möhüm başlangyjy döwrüň atly bagşy-sazandalary tarapyndan goldaw tapyp, soňra Mämmetmyrat ussa (Gökdepäniň Gagşal obasyndan bolan bu ezber sazanda hem ussa «Humarala», «Burnaşak» ýaly sazlary döredipdir, Kel bagşydan soň, Mylly Täçmyradowyň esasy halypasy bolupdyr diýen maglumatlar bar – A. S.), Gelenjik ussa (ömrüniň soňky köp bölegini Mary sebitlerinde ýaşap geçen – A. S.), Hümmet ussa ýaly hünärmenler tarapyndan dowam etdirilipdir. Milli dutar sazlarymyzyň has ösen hem-de giňden ýaýran ýeri Ahal sebitleri bolansoň, dutar ussalarynyň köpüsiniň şol ýerdendikleri kanunalaýyklykdyr. Ahalda ýasalan dutarlaryň bir bölegi Hywa, Ürgenç illerine ýetipdir. Kämil dutarlaryň Murgap, Jeýhun boýlaryna ýaýramagynda Gelenjik ussanyň hyzmaty uludyr diýip, halypalar gürrüň bererdi.

Ýurdumyzyň Günbatar künjeginde bolsa gyzylarbatly Sary ussanyň ýasan dutar nusgalarynyň hyrydarlary az bolmandyr.

Halk saz medeniýetimizi töwerekleýin ösdürmek meselesine içgin çemeleşilip, geçen asyryň 30–40-njy ýyllarynda ata-baba ulanyp gelinýän saz gurallaryny kämilleşdirmekde-de käbir täzelikler girizilipdir. Bu işe eýýäm ýeterlik tejribesi bolan Pürli gurçuk Annasähet ogly (ýaramly tut agaçlaryny gözläp tapyp, olardan dutar-gyjak ýasaýanlygy üçin Pürli ussa gurçuk lakamy berlipdir – A. S.), Bäşim Nuraly, Geldi Ugurly, Aky Muhat kimin türkmen hünärmenleri bilen birlikde Setrak Tumanýan, Bagdasar ussa, A. Petrosýan, W. Didenko ýaly gaýry milletleriň wekilleriniň işjeň gatnaşyklary netijesinde dutaryň goşa kirişli: prima, alt, sekunda; üç we dört kirişli plektrli: bas, kontrobas ýaly dört tarly gyjagyň hem dürli göwrümli görnüşleri peýda bolýar. Daşkendiň saz gurallaryny öndürýän kärhanasynda köpçülik-

leýin ýasalan şol synag saz gurallary ilki Türkmenistanyň halk saz gurallarynyň döwlet orkestrinde, soňra ýurdumyzyň sazçylyk okuw mekdeplerinde hem-de çeper höwesjeňleriň aýdym-saz toparlarynda giňden ulanylyp başlanýar.



Geçen asyryň soňky çärýeginde hoş owazly dutardyr gyjak ýasaýan ussalaryň uly topary ýurdumyzyň dürli künjeklerinde peýda boldy. Şeýle ussalaryň hatarynda ilkinji nobatda Baýram Hojamuhammedowy, Garýagdy Alyýewi, Saparguly Işangulyýewi, Gara ussany, Han Akyýewi, Aşyr Nurlyýewi, Wellek Gubalyýewi, Aman Nurýagdyýewi, Juma Orazowy we beýlekileri görkezmek bolar.



XX asyryň birinji ýarymyndan başlap, Türkmenistanda ýaş hünärmenleri köpçülikleýin taýýarlamak işine çynlakaý girişilendigini 1929-njy ýylda açylan Çeperçilik tehnikumynyň mysalynda görýäris. Onda işlemek üçin Sary bagşy, Nobat bagşy, soňra Garly bagşy, Mylly Täçmyrat ýaly halypalar bilen bir hatarda W. Ahşarumow, W. Sardarýan, G. Konçewskiý, A. Bergler kimin doganlyk halklaryň wekillerinden bolan hünärmenler hem çagyrylypdyr. Az wagt soňra Moskwanyň P. I. Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynyň ýanynda türkmen bölüminiň – studiýasynyň, Aşgabatda bolsa respublikan sazçylyk mekdebiň işe başlamagy ýurduň döredijilik we ýerine ýetirijilik kuwwatynyň artmagyna ýardam berýär.



1937-nji ýylda Türkmenistanyň hökümeti uly aýdym-saz toparyny döretmegi karar edýär. Onuň saz ýolbaşçylygyna T. Suhangulyýew, çeper ýolbaşçylygyna-da S. Jepbarow bellenýär. Bildirilen uly ynamy ödemek üçin Sahy bagşy halypasy bilen ýurduň dürli ýerlerine aýlanyp, görnükli bagşy-sazandalaryň we iň zehinli ýaşlaryň 100-den gowragyny Aşgabada çagyryp, tutumly işe höwes bilen girişýär. Birnäçe aýa basalykly çekilen zähmet oňat netije-de berýär.

1938-nji ýylyň 17-nji maýynda Türkmenistanyň bagşy-sazandalarynyň birinji slýotunda üstünlikli çykyş eden şol ansamblyň esasynda soňra täze döredilen Türkmen döwlet filarmoniýasynyň hor, tans, bagşy-sazandalar toparlary we halk saz gurallarynyň döwlet orkestri peýda bolýar.

Şol ýyllarda A. Gönübekowyň «Ýagtylyk», T. Suhangulyýewiň «Azatlyk», «Bag içinde», P. Saryýewiň «Bagyşlanýar», S. Jepbarowyň «Senagat», «Biziňki» ýaly täze many-mazmunly aýdym-sazlary döräp, A. Kulyýew, D. Öwezow, W. Muhadow kimin ilkinji türkmen professional kompozitorlarynyň döredijilik synaglary rowaçlanyp ugraýar. Ýurduň dörediji ýaşlaryny bir ýere jemlemek hem-de olary milli sazymyzyň wajyp meselelerini çözmäge gönükdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň halk komissarlar soweti 1940-njy ýylyň 25-nji ýanwarynda Kompozitorlar guramasyny döretmek barada Karar kabul edip, Guramaçylyk toparyny şeýle düzümde tassyklaýar:

1. R. Iwanow – toparyň başlygy; 2. S.Jepbarow – başlygyň orunbasary; 3. D. Öwezow – sekretary (kätibi). Täze esaslandyrylan Kompozitorlar birleşmesine R. Iwanow, G. Bedrosow, D. Öwezow, A. Kulyýew ýaly professional kompozitorlar bilen bir hatarda T. Suhangulyýew, A. Gönübekow, P. Saryýew, S. Jepbarow, M. Täçmyradow, G. Ugurlyýew, D. Saparow kimin mukamçy awtorlar hem kabul edilýär.

1941-nji ýyl Türkmenistanda opera sungatynyň ilkinji kerpijiniň goýlan senesi hökmünde taryha girdi. «Yşk mülküniň şasy» Mollanepesiň «Zöhre – Tahyry» bilen başlanan sungatyň bu görnüşiniň üsti «Bagşynyň ykbaly», «Ýusup – Ahmet», «Şasenem – Garyp», «Abadan» ýaly eserler bilen ýetirildi. Milli saz folklorynyň, halk saz senedimiziň iň näzik öwrümleri, bezegleri bilen beslenen şol eserleriň şowly çykmagynda olardaky esasy keşpleri uly hyjuw bilen döreden M. Kulyýewa, A. Annagulyýewa, H. Annadurdyýew, Ý. Hummaýew kimin ussatlaryň zähmeti soňraky ýaşlarymyza nusgalyk mekdep boldy.

Geçen asyryň 50-nji ýyllaryndan soňky döwür türkmen saz edebiýatynda peýda bolan «Meniň Watanym», «Türkmen sýuitasy», «Güneşli ülke» atly simfoniki sazlaryň, «Leýli–Mejnun», «Aýna«, «Sona», «Keýmir kör» kimin saz-sahna eserleriniň, konsertleriň, sýuitalaryň, poemalaryň dörändigini, halypa-şägirtlik däplerini N. Halmämmedow, A. Agajykow, Ç. Nurymow, N. Muhadow, G. Kulyýew ýaly zehinleriň alyp göterendigini, R. Allaýarow, B. Hudaýnazarow, R. Rejebow, D. Hydyrow da-

gynyň bolsa sungat älemine batyrgaý girişendigini giňişleýin aýan edýän ýyllar boldy. Köp sesli saz senedimiz bilen bir hatarda höwesjeňlik sungaty hem ösüp-örňäp ugrady. Ýurduň dürli ýerlerinde «Sumbar nagmalary», «Pendi owazlary», «Alagöz», «Balsaýat» ýaly folklor toparlary, aýdym-saz, tans ansambllary peýda boldy. Şeýlelikde, geçen asyryň 70-nji ýyllary türkmen medeniýetinde täze, özboluşly akabanyň dörän döwri hökmünde milli sazymyzyň taryhyna girdi. Diňleýjileriň köňül küýseginden ylham-gözbaş alan täze, özboluşly ugruň kerwenbaşylary bolup ýetişmek bagty Annaberdi Atdanow (1940–1983 ý.) Öwezgeldi Tekäýew (1941–1995 ý.) kimin zehini daş ýaran kişilere – «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlara mynasyp bolan ussatlara miýesser bolupdy. Belli bagşylaryň taýsyz ezberlikde ýerine ýetirýän datly aýdymlary bilen juwan kalplary pürepür bolan ýaş zehinler täze, özboluşly ugruň – köpsesli saz gurallarynyň erkin sazlaşygyna goşulyşmak usulynyň «gözlegine» çykypdyrlar. Bir-biriniň üstüni dolup baýlaşdyran gözlegler-ukusyz gijeler olaryň düýpli sungat akabasyna ymykly goşulyp, sungat janköýerleriniň öçmejek ykrarnamasyny gazanmaklaryna getirdi. Annaberdi Atdanyň aýdýan şirin aýdymlary türkmen kinosynyň görnükli eserlerini bezän bolsa, Öwezgeldi Tekäniň ýerine ýetirijilik özboluşlylygy Magtymguly Pyragynyň dürdäne setirlerini täze röwüşde ýaňlandyrdy. Zehinli türkmen aýdymçylarynyň şeýda kalbyndan çykýan özboluşly owazlar dünýäniň onlarça ýurtlaryndaky teleradioýaýlymlaryň ençemesini heýjana getirdi.



Milli sungatymyzda täze akabanyň örňäp-ösmeginde nusgalyk ýol goýan halypalaryň ýerine ýetirijilik däplerini soňra Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Saparmyrat Babaýew, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Nurýagdy Tokgaýew, Bally Hajyýew, Çary Hekimow... ýaly zehinli ýaşlar alyp göterdiler.



Mähriban Watanymyzyň Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny alan ýyllarynda, aýratyn hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet başyna geçen ilkinji günlerinden başlap ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmeklige



we ösdürmeklige giň ýol açyldy. Gysga döwrüň içinde Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň işi dikeldilip, onuň garamagyndaky ylmy-barlag institutlarynyň onlarçasynyň işine täzeden badalga berlip, döwrebap maddy-enjamlaýyn binýady döredildi.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda medeniýet ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin döwlet Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky edaralaryň işini has-da kämilleşdirmek maksady bilen kabul eden Karary milli medeniýetimiziň ähli ugurlaryny sazlaşykly ösdürmekde aýgytly ädim boldy. Milli Liderimiziň şol taryhy çözgüdi esasynda döredilen Türkmenistanyň Döwlet Medeniýet merkezi we onuň garamagyndaky Ylmy-usulyýet müdirligi milli sazymyzy toplamak, ylmy jähetden öwrenmek hem-de wagyz etmek işini täze derejä göterdi.

Öň hem belleýşimiz ýaly, hormatly Prezidentimiziň nobatdaky taryhy çözgüdine laýyklykda, 2013-nji ýylyň 24–30-njy iýuny aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji gezek geçirilen Medeniýet hepdeligi türkmen jemgyýetiniň ruhy taýdan galkynyşyny, ägirt uly döredijilik kuwwatyny bütin ajaýyplygy bilen töwerekleýin şöhlelendirdi. Hazaryň kenarynda ýedi günläp dowam eden baýramçylygyň çäklerinde Halkara sungat sergisiniň, «Halk döredijiligi türkmen sungatynyň gönezligidir» atly amaly maslahatyň, «Görogly» operasynyň tanyşdyrylyş dabarasynyň, Türkmenistanyň hem-de daşary ýurtlaryň sungat ussatlarynyň bilelikdäki dostluk konsertleriniň ýokary derejede geçirilmegi milli medeniýetimiziň binýadynyň berkden tutulýandygyny, ýolunyň rowaçdygyny ýene-de bir sapar äşgär etdi.

Şu kitapda dürli döwürlerde döwletimiz tarapyndan «Türkmenistanyň halk bagşysy» hem-de «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent atlar dakylan bagşy-sazandalar, şeýle hem uzak ýyllaryň dowamynda il-gününe hyzmat edip, zehinli şägirtleriň ençemesini ýetişdiren, taýsyz ussatlygy, uçursyz zehinleri bilen halkyň aňynda öçmejek yz goýup, «bagşy» diýen hormatly ada mynasyp bolan Gulgeldi ussa, Amangeldi Gönübek, Kel bagşy, Nazar baga, Bazar bagşy, Girman bagşy ýaly beýik halypalar

hem-de estrada sungatymyzyň ussatlary Annaberdi Atdanow, Öwezgeldi Tekäýew dagy barada ençeme gyzykly maglumatlar berilýär. Umumadamzat siwilizasiýasynda mynasyp orun alan türkmen medeniýetiniň aýrylmaz hem-de şöhratly bölegi bolup durýan aýdym-saz sungatymyzyň gymmatyny, onuň ynsanperwer many-mazmunyny çuňlaşdyrmakda bu halypalaryň bimöçber paýy bar.



XIX asyryň ikinji hem-de XX asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçen Şükür bagşy, Oraz salyr, Muhy bagşy, Garly bagşy, Pälwan bagşy ýaly ussatlara degişli ygtybarly maglumatlary toplamakda professorlar W.A.Uspenskiý bilen W.M.Belýaýewiň «Türkmen sazy» atly ajaýyp işi esasy çeşme bolup hyzmat etdi. Şeýle hem H.Durdyýew, Ý.Nurymow, M.Orusow, A.Aşyrow, Ý.Berdiýew, N.Nyýazlyýew ýaly ençeme galamdaş-kärdeşlerimiziň dürli döwürlerde ýazan işleriniň täsiri-de az däl.



Hydyr bagşy, Nobat bagşy, Girman bagşy ýaly ussatlaryň hersinden galan bary-ýogy oýnam sany ýazgylary, olary görüp, gaýtalanmajak aýdym-sazlaryny diňlän juda bagtly kişileriň beren gyzykly gürrüňleri köp oýlandyrdy. Sebäbi ol beýik halypalar türkmeniň söwer ogullarydy, saýrak bilbilleridi. Her haýsy özlerinden soňky ýaşlar üçin görelde mekdebi, ýerine ýetirijiliginiň ajaýyp nusgasydy. Aýdym-saz däplerimiziň görnükli şahsyýetleridi.

S.Jepbarow, P.Saryýew, O.Saryýew, Ç.Ödekow, N.Annaýew, A.Ablyýew ýaly juda ýatkeş, halypalar hakdaky söhbetdeşlige uly ähmiýet beren bagşy-sazandalaryň Bazar bagşy, Nazar baga, Magtymguly Garly, Täçmämmet Suhanguly, Sary bagşy, Mylly Täçmyrat, Hanmämmet gyjakçy, Sapar Beki, Şamyrat Gurbannepes, Hojamämmet Täçmämmet, Jepbar Hansähet ýaly, görşüp-duşuşyp bilmek bagty bize miýesser bolmadyk ussatlar hakdaky beren gyzykly gürrüňlerini, ýatlamalaryny hem şu işde giňden ulandyk.



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okan ýyllarymyz Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew, Bäşim Şamyradow, Kakajan Ataýew, Haýdar Muhyýew ýaly alym mugallymlarymyz türkmen edebiýatynyň bellibir böleginiň toplanmagynda hem-de köpçülige ýaýramagynda

bagşy-sazandalaryň bimöçber hyzmatlary hakda köp gürrüň bererdiler. Olaryň belli-belli halypalar bilen bolan gyzykly duşuşyklary, täsin wakalary hakda beren gürrüňlerinden eşiden maglumatlarymyzy hem şu kitapda mümkingadar peýdalandyk.

XX asyryň 60–80-nji ýyllarynda türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň sazly gepleşikler bölüminde işlän wagtlarymyz S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew, Ý. Nurgeldiýew, H. Annamyradow, D. Durdyýew ýaly halypa bagşy-sazandalar bilen häli-şindi duşuşýardy. Olaryň göni ýaýlymdaky çykyşlary guralardy, altyn hazynamyza kabul etmek maksady bilen ýazgylar geçirilerdi. Şeýle çykyşlara, ýazgylara ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan I. Annaýew, A. Myradowa, B. Mätgeldiýew, N. Gulow, A. Dawudow, Ö. Nobatow, G. Çaryýew, H. Akyýew, M. Aýmedow ýaly atly bagşy-sazandalar hem ýygy-ýygydan çagyrylardy. Mümkinçilik bolan çaglary ses ýazýan gurallarymyzy alyp bagşy-sazandalaryň ýaşaýan obalaryna, şäherlerine-de aýlanylardy. Olaryň ýaşaýan ýerlerinde ýa-da oba medeniýet öýlerinde ýerine ýetirýän aýdym-sazlary, beren gürrüňleri ýazgy edilerdi. Aşgabatda ýaşaýan Ç. Gurbanow, O. Ylýasow, G. Jeňow, K. Geldimyradow, B. Maşakow, G. Amanow, D. Ökdürow, B. Hojamyradow ýaly halypa bagşy-sazandalar hem şeýle çykyşlara, ýazgylara yzygiderli çagyrylardy. Şunuň ýaly duşuşyklarda, iş saparlarynda galan täsirler, toplanan maglumatlar, şeýle hem olaryň halypalary, egindeş kärdeşleri barada beren köp gürrüňleri, ýatlamalary şu kitabyň esasy bölegini tutýar.

Halk aýdym-saz senedimize ser salsaň, bu kitaba girizilmedik, emma il içinde atlary hormat bilen tutulýan bagşy-sazandalaryň ýene-de onlarçasynyň bardygyny görmek bolýar. Olaryň her biriniň durmuş we ýerine ýetirijilik ýollary öwrenilip, köpçülige ýetirilmäge mynasyp. Şoňa görä-de şeýle halypalar barada geljekde makalalaryň, ylmy işleriň ýazyljagy ikuçsuzdyr. Sebäbi olaryň hem geçen kämillik ýollary özbolüşly hoşboý ysly bägüller kimin müň öwüşginli milli sazymyzyň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän çemenzarlygyna mynasyp görk berýär.

Hatyralary belende galan halypalaryň aýdan, çalan, döreden naýbaşy eserleriniň geň-enaýy öwrümlerini, iň ýörgünli ýe-

rine ýetirijilik däpleriniň täsin usullaryny bu günki ýaşlarymyz gözleriniň göreji ýaly goraýarlar, öwrenýärler, ösdürýärler.

Türkmen sungatynyň taryhynda uly yz goýan halypalaryň ýerine ýetirijilik-döredijilik mirasy bu günki ösüşli-özgerişli zamanamyzda täze many-mazmuna eýe boldy. Olaryň zehin eleginden süzülip geçen ajaýyp heňler, öwrümler, bezegler Berkarar Watanymyzy, merdana halkymyzy, röwşen geljegimizi wasp edýän aýdym-sazlaryň içinden eriş-argaç geçip, ýokary millilik nuruny çaýýar.

Munuň şeýledigine Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň: «Türkmen halky müňýyllyklaryň dowamynda milli sungatyny, aýratyn hem bagşyçylyk senedini sünnäläp ösdürip, özboluşly, ajaýyp mekdep dörediptir. Ata-babalarymyzyň şol nusgawy mekdebiniň naýbaşy taglymatlaryny doly ele alan sungat ussatlarymyz belent eserleri, halk aýdym-sazlaryny döretmegi başarypdyrlar. Pederlerimiziň müňýyllyklaryň synagyndan geçen ýörelgelerinden ugur alyp, ýaş aýdymçy-sazandalarymyzyň kämil bilimli, giň gözýetimli, parahatçylyga, agzybirlige, dost-doganlyga çuň hormat goýýan ussatlar bolup ýetişmegine biz bu gün aýratyn ähmiýet berýäris» diýen ajaýyp sözleri doly şaýatlyk edýär.

Kitaba gerek bolan maglumatlary, suratlary, seýrek gabat gelýän aýdym-saz ýazgylaryny toplamakda uly ýardam beren Türkmenistanyň kino-foto-fono resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwiniň işgärlerine hoşallygymyzy bildirýäris. Milli medeniýetimize degişli ägirt uly, ykbal çözüji özgertmeleriň yzygiderli hem-de üstünlikli durmuşa geçirilýän häzirki bagtyýarlyk döwrümizde, täzeden ýene birlaý gözden geçirilen bu işiň döremegine hormatly Prezidentimiziň milli saz sungatymyzy ylmy taýdan öwrenmek, geljek nesillere miras goýmak, ussat bagşy-sazandalarymyzy sarpalamak baradaky sargytlary sebäp boldy.

Köp ýyllyk zähmetiň, gözlegleriň netijesi bolan bu iş ýurdumyzyň ýörite orta we ýokary sazçylyk mekdepleriniň okuwçylaryna, talyplaryna, hünärmen sazşynaslara hem-de milli saz sungatymyz bilen içgin gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligine hödürlenýär.







## TÜRKMEN BAGŞYÇYLYK MEDENIÝETI WE ÝOLLARY

Türkmen bagşyçylyk sungaty milli sazymyzyň uly bölegini düzýär. Gadymdan gelýän oguznamaçylyk, boý boýlamak, ozançylyk, aýdyjylyk ýollarynyň iň oňat we kämil däpleriniň jemi bolan bagşyçylyk senedi, esasan, üç sany usuldan ybaratdyr. Bir-biri bilen berk baglanyşykda ösüp-kämilleşýän şol dessançylyk, tirme we ýanama däpleri häzire-bu güne çenli dowap edip gelýär.

Halk aýdym-sazymyz, esasan, iki sany uly akabadan: dutar, gyjak, tüýdük sazlaryndan hem-de bagşylaryň döredijiliginden ybaratdyr. Dutar sazlary, esasan, ýurdumyzyň Ahal hem-de Mary sebitlerinde giňden ýaýrandyr. Türkmen dutarçylarynyň, hususan-da, ahally bagşylaryň çalýan eserleriniň köpüsi möçberleri, gurluşlary, ölçegleri jähetden juda çylşyrymly we ýerine ýetirijiden ýokary ussatlygy hem-de ýörite taýýarlygy talap edýär. Munuň şeýledigini köp nusgadan ybarat mukam sazlarynyň mysalynda aýdyň görmek bolýar.

Bu iki ugruň sazandalarynyň ulanýan dürli kakuwlarynyň, ýerine ýetirijilik usullarynyň meňzeş taraplary bilen birlikde, bir-birinden tapawutlanýan aýratynlyklary-da bar. Ine, şol özboluşly aýratynlyklaryň netijesinde-de türkmen dutar sazlary kämilleşip, Amangeldi Gönübek, Kel bagşy, Mämmetmyrat ussa, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Gurbandurdy mahy, Durdy Myrat, Çary Täçmämmet, Öwezdurdy Welmämmet, Durnazar Hudaýberen, Han Aky, Ýazgeldi Kuwwat ýaly ezberleriň zehin – gaýratlary bilen ýokary derejelere ýetipdir. Gadymdan gelýän tüýdük heňlerimiz, gyjak sazlarymyz hem şeýle usulda ösüp, özüniň birgiden ussatlaryny ýüze çykarypdyr. Milli bagşyçylyk senedimiziň geçen ýoluna ser salnanda-da şeýle däpleri – mysallary görmek bolýar.

Garadäli gökleň, Hoja bagşy, Ata bagşy, Pälwan bagşy, Nazar baga, Sapar süýrentgi, Magtymguly Garly, Gurban bagşy, Hydyr bagşy, Nobat bagşy, Ärsary bagşy, Bazar bagşy, Ýoldaş bagşy, Durdy bagşy, Ablyesen bagşy, Kepele kör, Çowdur bagşy,

Sary bagşy, Hally bagşy ýaly halypalaryň baý ýerine ýetirijilik we döredijilik mirasy bolan bagşyçylyk sungatymyz şertli bäş ugra bölünýär. Bir-biri bilen «bagry badaşan» bu ýollary tapawutlandyrýan köp sanly aýratynlyklar bilen birlikde olaryň umumy taraplary-da az däl. Ine, şol özboluşly aýratynlyklar esasynda hem Salyr – saryk, Ýomut – gökleň, Damana, Ahal we Ärsary ugurlary diýlip ýollara bölünýär. Bu ugurlaryň umumy taraplary hökmünde, olaryň ählisinde-de ýönekeý aýdymlardan başlap has çylşyrymly eserlere geçmek, başlangyç aýdymlardan soň dutaryň tarlaryny kem-kemden dartuwly çekmek, beýan edilýän wakalary diňe bir owaz arkaly däl-de, eýsem hereket – mimika arkaly ýüze çykarmaga çalyşmak usullaryny görkezmek bolar. Bagşyçylyk senediniň esasy bezeg serişdeleri hasaplanýan sokduryp aýtmak, sanawaç kysmy aýtmak, bokurdak oýnatmak, «jukguldy», «hüýýüldi» etmek, «eý», «ýar», «ýar geleý», «boý-boý» kimin söz böleklerini ulanmak ýaly usullary her bagşyçylyk ýollarynda ýa-da onuň görnükli wekilleriniň ýerine ýetirijiliginde dürli görnüşde ulanylýar. Türkmen bagşyçylyk ýollarynyň ýene bir aýratynlygyny bolsa, olaryň ýerine ýetirýän aýdymlarynyň mysalynda görmek bolýar. Salyr-saryk bagşyçylyk ugrunda «Garybym», «Çykdym güller», «Bir zaman goýgun», «Apat», «Garry ezizim», «Şirmaýy darak», «Nazliniň», «Gyrmyzy» ýaly aýdymlar giňden ýaýran bolsa, Ýomut-gökleň bagşyçylyk ýolunyň Daşoguz şahasynda «Taý atym», «Sandyk», «Kemal ýarym», «Gülnahal», «Gümmürlendi», «Gyzyl donly» ýaly aýdymlar ürç edilip ýerine ýetirilýär. Bu ýoluň Balkan şahasynyň ussatlarynyň arasynda bolsa «Maşalakýar», «Soňudagy», «Bibijan», «Ýagma, bulut», «Göwnüm seni», «Bagty han» ýaly aýdymlar bilen birlikde «Ýow bagşy», «Saparmämmet» atly halk heňlerine aýdylýan aýdymlar (N. Gulow – «Daglar», A. Dawudow – «Al sakar at» we beýlekiler) has ýörgünlidir. Damana bagşyçylyk ugrunyň häsiýetli aýdymlary hökmünde bolsa, «Gal indi», «Gara göz», «Dostmämmet», «Ýar otagynda», «Gaşly ýar» ýaly pessaýdan ýönekeý aýdymlar bilen birlikde «Al senem», «Kör ata», «Janlarym», «Ak ýüzli maralym» ýaly dartuwly eserleri görkezmek bolar. Ahal bagşyçylyk ýoluna «Ora-

zym», «Saba bilen», «Babajyklar» kimin başlangyç aýdymlar bilen birlikde sütün mukamlaryň täsirinde dörän «Yrakda durma», «Ynjytma», «Baga seýle», «Gelinler» we «Sataşdym» ýaly, ýokary ussatlygy talap edýän, ýokary çeküwlerde aýdylýan aýdymlar häsiýetlidir. Ärsary bagşyçylyk ýolunyň halypalarynyň aýdan «Gözüm düşdi», «Gara saç», «Gyrat, saňa», «Suw ber, içeli», «Gözel sen» ýaly özboluşly aýdymlary bolsa, Jeýhun boýunyň bu günki ussatlarynyň höwes bilen ýerine ýetirýän eserleridir. Şu aýratynlyklar hem milli bagşyçylyk senedimiziň özboluşlylygyny ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Salyr-saryk bagşyçylyk ugrunyň görnükli wekilleri hökmünde Girman bagşyny, Garly bagşyny, Oraz salyry, Muhy bagşyny, Ödenyýaz Nobatowy, Amansaçly Annaýewi, Gaýgysyz Çaryýewi, Agamyrat Ýagmyrowy, Gurt Ýakubowy we beýlekileri görkezmek bolar. Bu halypalardan miras galan ýazgylara ser salanyňda, onda Gurt Ýakupdan özgeleriniň, esasan, tirmeçilik däbini ýöredendiklerini görmek bolýar.

Ýomut-gökleň bagşyçylyk ugrunda bolsa, esasan, dessançylyk däbi rowaçlanypdyr. Munuň şeýledigine Pälwan bagşy, Nazar baga, Öre şyh, Magtymguly Garly ýaly halypalaryň ýoluny dowam eden Baýar bagşy, Palta bagşy, Ilaman Annaýew, Hojamyrat Öräýew, Akjagül Myradowa, Bally Mätgeldiýew ýaly birnäçe bagşylaryň geçen ýerine ýetirijilik ýollary güwä geçýär. Atlary hormat bilen tutulan şu halypalaryň haýsydyr bir dessana başlamazyndan öň, birnäçe tirme aýdymlary aýdyp, tomaşaçylaryň göwünlerini awlandyklaryny diňleýjiler bilýändirler.

Damana bagşyçylyk ýoly, esasan, iki ugur boýunça kämilleşipdir. Bu ýoluň Änew şahasynyň ussady hökmünde Ablyesen bagşyny, Durdy bagşyny, onuň ogly Hojamyrat bagşyny, Gyzylarbat – Garrygala şahasynyň halypalary hökmünde Annahal bagşyny, Dostaly bagşyny, Batyr bagşyny, Soltan Atanepesowy, Geldimämmet Orazgulyýewi görkezmek bolar. Bu halypalaryň asylly däplerini soňra Begmyrat Hojamyradow, Mämmet Hallymämmedow, Oraz Begnyýazow, Baýramdurdy Garaýew, Japar Hojanepesow, Gurbanmämmet Garajaýew kimin bagşylar dowam etdiler.

Kepele kör, Sary bagşy, Hally bagşy, Sahy Jepbar ýaly ussatlaryň ezberligi bilen kemala gelen Ahal bagşyçylyk ýolunda tirmeçilik däbi esasy orun tutýar. Bu ugruň atlary agzalan halypalaryndan başga-da Gurbandurdy Jeňow, Hommat Jelilow, Orazgeldi Ylýasow, Mäne Garaýew ýaly birgiden ussatlaryň döredijilik hem-de ýerine ýetirijilik däplerine maýyl şägirtler az däl. Ahal bagşyçylyk ýolunyň özboluşly wekilleri hökmünde ýanama usulynyň ussatlary Nurjemal Adyýewa, Nabat Nurmuhammedowa ýaly zenanlaryň atlaryny hem ýatlamalydyrys.

Jeýhun boýlarynda önüp-ösüp, bagşyçylyk senedimiziň özboluşly ýoluny döreden Rozy bagşy, Kyrkar bagşy, Myrat bagşy, Letin bagşy, Ärsary bagşy ýaly halypalaryň ýerine ýetirijilik däplerini kämilleşdirenleriň hatarynda Bazar bagşyny, Ýoldaş bagşyny we olaryň şägirtleri Öwlüýäguly bagşyny, Jumagül bagşyny, Mustak Aýmedowdyr Juma Wellekowy görkezmek bolar. Öz gezeginde bu halypalaryň gaşynda oturyp, olaryň aýdan aýdymdyr dessanlaryny, halypalar hakda beren gyzykly gürrüňlerini diňlän, şeýdibem hormatly atlara mynasyp bolan Amanly Garjykow, Seýitmyrat Ýazmyradow, Haýytly Mämmetdurdyýew, Allaşükür Çaryýew, Gurbandurdy Öwezow, Musaguly Ýazmyradow, Rozy Muhammediýew dagy Ärsary bagşyçylyk ýolunyň örňäp-ösmegine mynasyp goşant goşdular.

Türkmen saz medeniýetiniň örän täsin we gyzykly sahypalary bolan bagşyçylyk ýollary, şeýle-de juda çylşyrymly dutarçylyk senedi berk baglanyşykda kämilleşip, ýokary derejelere ýetdi. Munuň şeýle bolmagynda şu kitapda gürrüň berilýän halypalaryň hersiniň özboluşly paýy bar. Hut şu halypalaryň ýadawsyz zähmeti arkaly tüýdük, gyjak sazlarynyň ençemesi peýda boldy. Halk dessanlarymyz, nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň şygyrlary halk köpçüligine giňden ýaýrady. Geçen asyryň 40-njy ýyllarynda ösüş ýoluna düşen köp sesli milli sazymyzyň kämilleşmegi ýaş hünärmenleriň ösüp ýetişmekleri, olaryň döredijilik örüleriniň giňemegi üçin oňaýly şertleri döretdi.







# GULGELDI USSA
(1823–1873)



**Gulgeldi ussa** – türkmen sazynyň taryhynda uly yz goýan halypalaryň biridir. Ezber ussa, meşhur sazanda hem halypa bolup uly yz goýan Gulgeldi aganyň doglan we dünýeden öten ýyllary barada dürli maglumatlar bar. Olaryň birinde 1834–1884-nji ýyllar, ikinjisinde bolsa 1823–1873-nji ýyllar görkezilýär. Biziň pikirimizçe, bularyň ikinjisi hakykata laýyk gelýär. Sebäbi Gulgeldi ussa Amangeldi Göniniň halypasydygy we ondan alty-ýedi ýaş uludygy, şeýle hem meşhur Gönübegiň öz ussadynyň ýasyny tutan günlerinde, ýaşajyk Täçmämmet Suhangulynyň, ýigit çykan Kel bagşynyň Amangeldi halypa bilen duşuşandyklary baradaky ýatlamalaryny soňraky halypalar gürrüň berer ekenler. Şol gürrüňlerden, ýatlamalardan çen tutsak, onda Gökdepe etrabynda dünýä inen Gulgeldi ussanyň doglan ýyly 1823-nji ýyl diýip hasap etmek bolar.

Özünden bary-ýogy ýedi ýaş kiçi, aýdym-saza bolsa gijiräk baş goşup, soňra meşhurlyga ýeten Amangeldi Göniniň esasy halypasy bolan Gulgeldi ussa, alty-ýedi ýaşlarynda oňa gabat gelen Täçmämmet Suhangulynyň we ýigit çykan Kel bagşynyň hem ilkinji halypasy bolupdyr. Elli ýaşda (1873 ý.) dünýeden öten Gulgeldi ussa atlary tutulan şägirtleriniň soňky ikisine öz köňül baýlygyny doly açyp ýetişmändir. Emma olara Gulgeldi ussanyň bütin genji-hazynasyny «dörüp», «saýlap-seçen», ilkinji we ýeke-täk esasy şägirdi Gönübegiň gaşynda oturyp, onuň müň dürli öwüşginli, baý goruny birin-birin seljerip, nebsewürlik bilen zehin eleginden geçirmek nesip edipdir...

Dört bölekli «Jeliliň» we «Hajygolagyň» hersiniň bir bölegi, ýedi sany nusgaly «Saltyklaryň» bir nusgasy we meşhur «Burnaşak» mukamynyň bir bölegi hut Gulgeldi ussanyň paý-

hasy bilen döräpdir. «Jerenler», «Ýandymlar», «Heserli» kimin birnäçe nusgaly ençeme beýleki mukam sazlarynyň kämilleşmeginde, ösdürilip has baýlaşmagynda bu halypanyň paýynyň hem az däldigini öten ussatlar häli-şindi nygtardylar. «Gulgeldi ussanyň çalşy» diýip Mylly aga-da, Täçmämmet handyr Pürli Sary hem öwran-öwran gürrüň beripdi» diýşip, Sahy Jepbar, Ata Ably, Çary Täçmämmet, Ýagmyr Nurgeldi, Tugur Berdinyýaz, Çary Ödek ýaly halypalar hormat bilen ýatlardylar...

Meşhur halypa sazandanyň yhlas-zehin siňdirip, zynat berip ýasan tamdyralary Hümmet ussa, Mämmetmyrat ussa, Gelenjik ussa, Muhat ýonaçy, Pürli gurçuk, Geldi Ugurly ýaly, ondan has soňky döwürlerde ýetişen ussalar üçin elýetmez nusga bolup hyzmat edipdir. Türkmen saz gurallarynyň täze görnüşlerini döretmäge gatnaşan hem-de gadymy tamdyralarymyzy ýasamak bilen meşgullanan S. Tumanýan, A. Petrosýan, W. Didenko, Bagrat ussa ýaly gaýry milletlerden bolan ussalaryňam, Bäşim Nuraly, Aky Muhat ýaly täze gurallary oýlap tapyjylaryňam kämillige ýetmeklerinde Gulgeldi ussadan ýadygärlik galan tamdyralaryň nusgalyk täsiri az bolan däldir. Bu meşhur ussanyň hem-de onuň hünär däplerini dowam eden birnäçe döwürdeşleriniň we şägirtleriniň nusgalyk işleri Baýram Hojamuhammedow, Garýagdy Alyýew, Saparguly we onuň ogullary Jepbar, Muhammet, Çary Işangulyýewler, Agamyrat Rejebow, Gara ussa, ogly Nazarguly ussa, Aşyr Nurlyýew, Juma Orazow, Wellek Gubaly, Çary Saparow ýaly ýurdumyzyň dürli ýerlerinden bolan ezber ussalarymyz üçin hem tapylgysyz nusga boldy.

Gulgeldi ussa 1873-nji ýylda aradan çykypdyr.





## AMANGELDI GÖNÜBEK
(1830–1879)



Türkmen milli dutarçylyk sungatynyň gadymdan gelýän däplerini kämilleşdirmekde we täze belentliklere götermekde Amangeldi Orazaly ogly – Gönübegiň – beýik halypanyň hyzmaty örän uludyr. Munuň şeýledigine görnükli sazandalaryň şägirtlerine, ol şägirtler hem halypa çykanlaryndan soň öz ýetişdiren şägirtlerine gürrüň berip, arkama-arka geçip, biziň günlerimize ýetip gelen rowaýatlar, ýatlamalar, gürrüňler şaýatlyk edýär. Muňa mysal edip, Sahy Jepbarow, Pürli Saryýew, Çary Täçmämmedow, Ata Ablyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew ýaly geçen asyrda ýaşap öten ussatlaryň beren gürrüňlerini, birgiden sazşynaslaryň, galamgärleriň ýazan makalalaryny görkezmek bolar.

Gönübek 1830-njy ýylda häzirki Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky köne Gökdepe galasynda eneden bolýar. Ýaşlykdan edermenlikde, ugurtapyjylykda, paýhaslylykda deň-duşlaryndan saýlanyp, özüni tanadan Amangeldä obadaşlary Göni lakamyny goýupdyrlar.

Amangeldiniň ilkinji halypalary Hemra Şyh hem-de özünden bary-ýogy ýedi ýaş uly, ýöne aýdym-saza, ussaçylyga juda ir baş goşup, tiz wagtda kämillik derejesine ýeten Gulgeldi ussadyr. Ýaşlykdan akyl-paýhasyň, zehiniň öýi bolan Gulgeldi, Amangeldiniň dogry ýola düşüp, dutar senediniň taýsyz ussady bolup ýetişmegi, her bir mukama özboluşly çemeleşip, ösdürip, kämilleşdirip, täze, has nepis hem çylşyrymly nusgasyny sünnälemegi ündän ýeke-täk halypasydyr.

Amangeldi Ahalyň şol döwürdäki hany Nurberdiniň iň ýakyn maslahatçylarynyň biri bolupdyr. Ahal ilinde çözülmeli derwaýys mesele ýüze çykanda Dykma serdar, Berdimyrat han,

Atalyk han, Kerimberdi işan, Gurbanmyrat işan ýaly belli-belli adamlar bilen bir hatarda Amangeldi Gönä hem sala salnyp, pikiri diňlenipdir...

Milli sazymyzyň ösüşine biçak uly goşant goşan Amangeldi Göni birgiden halk sazlaryny syntgylap, ösdürip, ýokary çeperçilik derejesine ýetiripdir. «Hajygolak», «Saltyklar», «Burnaşak» ýaly birnäçe bölekden ybarat mukamlaryň bolsa täze görnüşlerini döredip, «Gönübegiň çalşy» diýdiripdir. «Jerenim», «Heserli» kimin ajaýyp sazlaryň asyl, ilkinji nusgasy hem, halypalaryň aýtmaklaryna görä, Amangeldi Gönüniň döredijiligine degişli eken. O diýen köp bolmadyk milli mukamlarymyzyň biri bolan «Gökdepe mukamy» hem Gönübek halypanyň joşgunly kalbyndan çykan eserleriniň biridir. Birinji Gökdepe söweşiniň pajygaly günlerini inçelik bilen beýan edýän şol mukam Amangeldi Gönüniň gysga, emma juda manyly ömrüniň soňky pursatlarynda döräpdir.



Beýik sazandanyň joşgun bilen çalan sazlary, döreden täze mukam nusgalary milli sazymyzyň ýerine ýetirijilik däplerini bir ýere çugdamlap, özboluşly uly akabanyň gözbaşy boldy. Dutarçylyk sungatynyň şol akabasynyň gözbaşyndan ine-gana içen Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly dagy Gönübegiň döredijilik, ýerine ýetirijilik däplerini täze belentliklere göterip, halypanyň arzuwlarynyň wysal bolmagyny gazandylar.



Amangeldi Göni 1879-njy ýylda, birinji Gökdepe söweşiniň ahyrky günleriniň birinde gahrymanlarça wepat bolýar. Häzir Gökdepe galasynyň demirgazyk-gaýra tarapynda onuň mazary ýatyr. Nebereleri ol ýerde ýadygärlik goýdular. Beýik sazanda barada çowlugy Nyýazmyrat Nyýazlyýewiň ýazan oçerkler we makalalar ýygyndysy ilki 1999-njy, soňra 2011-nji ýylda «Gönübek» ady bilen çap edildi.



## ŞÜKÜR BAGŞY
(1831–1931)



Şükür bagşy Dowat ogly – türkmen sazynyň taryhyna ady altyn harplar bilen ýazylan ussatlaryň biridir. Gökdepe etrabynyň Hurmantgökje obasynda ýaşap, daýhançylyk bilen gün güzeranyny dolandyran Dowat aganyň üç oglunyň iň kiçisine Şükür diýen at dakylypdyr. Türkmen sazynyň dürli ugurlary boýunça birnäçe makalalary, kitapçalary ýazan sazşynas Allanazar Rejebowyň berýän maglumatlaryna görä, Şükür bagşynyň ilkinji halypasy Aly bagşy bolupdyr. Soňra ol meşhur ussa hem sazanda Garadäli gökleňden tälim alypdyr.

1831-nji ýylda Gökdepäniň Hurmantgökje obasynda dünýä inen Şükür Dowat ogly ömrüniň köp bölegini Kaka etrabynyň Duşak obasynda ýaşaýar. Şoňa görä-de bu meşhur sazandanyň adyny ebedileşdirmek maksady bilen şol ýerdäki daýhan birleşigine Şükür bagşynyň ady dakylýar. 1991-nji ýylda bolsa 160 ýyllyk toýy uly dabara bilen bellenildi.

Türkmen saz taryhynda uly yz goýan Şükür halypa bilen belli rus alymy, sazanda-etnograf Wiktor Uspenskiý birinji ekspedisiýasy döwründe, 1925-nji ýylyň güýzüniň ilkinji günleri duşuşypdyr. Şonda Şükür bagşy 94 ýaşynda eken. Garrylyk «keseliniň» basmarlan çaglaryndaky ussadyň aýdyp beren gyzykly gürrüňlerini, gymmatly maglumatlaryny W. Uspenskiý höwes bilen ýazyp alypdyr. Bu barada ol egindeş kärdeşi hem-de atdaşy Belýaýew bilen ýazan iki tomluk kitabynyň birinji bölüminde hormat bilen ýatlaýar. «Türkmen sazy» atly şol gymmatly işde W. Uspenskiniň özüniň düşüren Şükür bagşynyň örän seýrek gabat gelýän ýeke-täk suraty hem ýerleşdirilipdir. Şeýle hem bu ki-

tapda Şüküriň öz halypasy Aly bagşy bilen Hywada, Eýranda we beýleki goňşy ýurtlarda ençeme gezek çykyş edendigi ýatlanýar.

Şöhratly ady rowaýatlara siňip giden bu ussadyň durmuş we ýerine ýetirijilik ýoly barada belli ýazyjymyz N. Saryhanow «Şükür bagşy» atly kyssasyny (powestini) döredipdi. Soňra şol meşhur eser esasynda adybir türkmen filmi surata düşürilip, milli sazymyzyň özboluşly taraplary, onuň ynsan aňyna edýän gudratly täsiri dünýäniň çar künjüne jar edildi. Alty Garlyýew, Polat Mansurow, Nury Halmämmedow, Çary Täçmämmedow kimin birnäçe ajaýyp sungat işgärlerimiziň birleşen tagallasy tapylgysyz filmiň döremegine getirdi. Şeýdibem asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan milli mukamlarymyzyň taryhy we olary döredji hem-de köpçülige ýaýradyjy bagşy sazandalarymyzyň geçen şöhratly ýollary çeper beýan edildi.

Milli sazymyzyň özboluşly öwrümleri, ýokary ahlaklylygy bilen beslenen «Gelin ýörişi», «Salmadan bökdüren» ýaly ençeme sazlarymyz Şükür bagşynyň döredijilik hem-de ýerine ýetirijilik ussatlygy bilen aýrylmaz baglydyr. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ençeme sapar bolup, öz inçe senedini halkyna sahylyk bilen paýlan Şükür bagşy Dowat ogly ýüz ýaşap, 1931-nji ýylda aradan çykýar.







## BAZAR BAGŞY
(1837–1913)



Bazar bagşy 1837-nji ýylda häzirki Lebap welaýatynyň Sakar etrabynyň Ugurdepe obasynda doglupdyr. Çagalykdan aýdym-saza bolan uly ukyby, höwesi bilen deň-duşlaryndan saýlanan Bazar on-on iki ýaşa ýetende aýdym aýdyp, märeke güýmemäge ýetişipdir. Owazly, çeýeje çaga sesi, näzik bokurdakda edýän täsin düwmeler diňleýjileri haýran galdyryp, olarda geljege uly ynam döredipdir. Kiçijik Bazaryň üýtgeşik ukybyna, saza bolan çäksiz söýgüsine ir göz ýetiren hossarlary ony oba bagşylaryna şägirtlige berýärler. Şeýlelikde, Bazaryň çaga kalby şirinden şeker mukam öwrümlerine gaplanyp, o diýen çylşyrymly bolmadyk aýdym heňlerini öwrenip başlaýar.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda we XIX asyrda Lebap sebitlerinde Seýit bagşy, Ärsary bagşy, Pudak bagşy, Saltyk bagşy, Alagöz bagşy ýaly birgiden uly halypalar ýaşapdyr. Olar milli bagşyçylyk sungatymyzyň tirmeçilik we dessançylyk däplerini kämilleşdirmäge saldamly goşant goşupdyrlar. Bu halypalaryň ussatlygy, ýerine ýetirijilik usullary hem-de ýetişdiren şägirtleri Bazar bagşy üçin uly mekdep, ýol-ýörelge bolupdyr.

Belli rus alymy W. A. Uspenskiý dürli ýyllarda Türkmenistana aýlanyp, milli sazymyz, onuň görnükli wekilleri, halk saz medeniýetimiziň özboluşly aýratynlyklary barada juda gyzykly maglumatlar ýazyp alypdyr. Şol toplanan baý we hertaraply saz etnografiki maglumatlar esasynda bolsa ikinji bir rus alymy, belli sazşynas W. M. Belýaýew ylmy-seljeriş işlerini geçirip, halk sazymyzyň aýry-aýry özboluşly taraplary barada dürli pikirleri öňe sürýär. Ine, şeýlelikde, şol belli alymlaryň «Türkmen sazy» atly ajaýyp işi çap edilýär. Iki sany uly kitapdan ybarat bu ylmy

saz-etnografiýa işiniň ikinji böleginde Jeýhun boýunda ýaşap geçen ussat bagşy-sazandalar hakda hem gyzykly maglumatlaryň uly topary bar. Muňa mysal edip, Myrat bagşy, Babaguly bagşy Ärnazar ogly, 1805–1871-nji ýyllarda ýaşap geçen Durdy bagşy baradaky, Durdy bagşynyň halypasy, Beşir obasyndan Ärsary bagşy hakdaky, 1840-njy ýylda häzirki Atamyrat şäherinde dünýä inen meşhur Letin bagşy we beýlekiler hakyndaky dürli maglumatlary görkezmek bolar. Bazar bagşy şu atlary agzalan halypalar bilen bir döwürräkde ýaşap, olaryň birnäçesini halypa saýyp, ençeme dessandyr tirme aýdymlaryny öwrenipdir. Birentegi bilen bolsa uly-uly toýlary sowup, il-günüň alkyşyny alypdyr. Bazar bagşynyň ussatlygy, özboluşly hörpde ýerine ýetiren aýdymlary, dessanlary hakda onuň şägirtleriniň, egindeş kärdeşleriniň beren gyzykly gürrüňleri, ýatlamalary il içinde saklanyp gelipdir. Bu bagşynyň ussatlygy, Lebap sebitlerindäki bagşylaryň taplanmagyna ýetiren uly täsiri hakda, ony ençeme gezek diňlän Sary bagşynyň beren gürrüňlerini muňa mysal getirmek bolar. Bazar bagşynyň iň tanymal şägirtleriniň biri 1880–1947-nji ýyllarda ýaşan Hoçjy bagşydyr. Bazar bagşy 1913-nji ýylda 77 ýaşynda aradan çykýar.







## KEL BAGŞY
(1850–1923)



Kel bagşy – Allaberdi Aýdogdy ogly meşhur Amangeldi Gönininiň we Gulgeldi ussanyň esasy şägirtleriniň biridir. Ol 1850-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda dogulýar. Ýaşajyk Allaberdiniň (Kel onuň lakamy bolupdyr) taýsyz saz ukybyna ir göz ýetiren Aýdogdy aga döwrüň meşhur sazandasy we ussasy, gökdepeli Gulgeldiden dutar alyp berýär, soňam oňa şägirtlige tabşyrýar. Şeýlelikde, 10–15 ýaşly Allaberdi Gulgeldi halypanyňkyda boluberýär. Bu ýerde ol Amangeldi Gönübek bilen hem ýakyndan tanyşýar. Ol tanyşlyk soňra halypa-şägirtlik gatnaşygyna öwrülip, Allaberdi Aýdogdy oglunyň durmuşynda öçmejek yz galdyrýar. Şonuň üçin hem ol dutaryň perdelerini on üçe ýetiren, şeýlelikde, bu senediň ýerine ýetirijilik usullaryny, mümkinçiliklerini has kämilleşdiren halypasy Gönübege bagyşlap öz ilkinji eserini – «Ussadym» atly sazyny döredýär. Hünär perzendiniň şol ajaýyp sowgatlyk mukamyny ömrüniň soňky günlerinde diňlän Gönübek şägirdine «ak pata» berip, şeýle sargyt edipdir: «Adamzat döräli bäri bar bu senede Baba Gammaryň, Aşyk Aýdyň piriň, ýene ençeme ärleriň yhlas-paýhasy siňipdir... Ata-babalarymyz bu senedi pirli senet – halal kesp-kär hasaplapdyrlar. Halala halal hyzmat etmek hem parzdyr». Hünär atasynyň sargydyna hemişe eýermäge çalşan Kel bagşy milli dutarçylyk sungatymyzyň ösüp kämilleşmeginde täze ajaýyp sahypany esaslandyrdy. Döredijilik hem-de ýerine ýetirijilik ýoly onuň Kepele kör, Çowdur kör, Mämmetmyrat ussa, soňra Täçmämmet Suhanguly, Hally bagşy, Sary bagşy, Hanmämmet gyjakçy ýaly döwürdeş kärdeşleri üçin nusga, bellibir derejede bolsa görelde mekdebi

bolupdyr. Ol beýik halypalary Amangeldi Gönübegiň, Gulgeldi ussanyň döredijilik däplerine eýerip, gadymdan gelýän ajaýyp sazlarymyzyň-mukamlaryň täze nusgalaryny döredipdir. Muňa mysal edip «Jelil», «Jereni kyblam», «Saltyklar», «Hajygolak» ýaly birnäçe bölekden ybarat sazlardaky «Kel bagşynyň çalşy» adyny alan täze nusgalary görkezmek hem ýeterlik bolsa gerek. Öten-geçen halypalaryň, has takygy, Kel bagşydan tälim alyp, ussatlyga ýetişen halypalaryň we olaryň şägirtleriniň beren maglumatlaryna görä, häzirki zaman dutarçylyk sungatymyzyň «Hatyja», «Kepderi», «Maral geldi» ýaly birnäçe ajap sazlary hem hut Allaberdi Aýdogdy oglunyň zehin gazanynda taplanyp dörän eserler bolmaly.



Şöhratly ady türkmen sazynyň taryhyna müdimilik giren Kel bagşy 1923-nji ýylda Aşgabatda ýogalýar. Beýik halypanyň şöhratly ýoluny, ýerine ýetirijilik hem-de döredijilik däplerini şägirtleri Täçmämmet Suhangulyýew, Sary bagşy, Mylly Täçmyradow ýaly zehinli bagşy-sazandalar üstünlikli dowam etdiler. Kel bagşynyň ajaýyp adamkärçiligi, taýsyz ussatlygy, döreden nusgawy mukamlary barada onuň esasy şägirdi hem-de ýerine ýetirijilik özboluşlylygyny gönüden-göni dowam eden Mylly Täçmyradow köp gyzykly gürrüň beripdir. Şol gürrüňleriň, süýji-süýji ýatlamalaryň ençemesini Sahy Jepbarow, Çary Täçmämmedow, Ýagmyr Nurgeldiýew ýaly halypalardan eşidipdik. Ine, şol ýatlamalar, rowaýata öwrülip giden gürrüňler hem-de döreden sütün-sütün mukamlary Kel bagşynyň milli sazymyzyň görnükli şahslarynyň biri bolandygyna şaýatlyk edýär.





## HALLY BAGŞY
(1859–1943)



Türkmen bagşyçylyk sungatynda täze bir özboluşly ýol-ýörelgäniň döremegine uly goşant goşan Hally halypa 1859-njy ýylda Aşgabady etekläp oturan Köşi obasynda dogulýar. Çagalykdan mal yzynda gezip, ilki dilli, soňra gargy tüýdügi çalyp ugran Hally on-onki ýaşlarynda aýdyma başlaýar. Onuň ilkinji we esasy halypasy damana ugrunyň ussady änewli Durdy bagşy bolupdyr... Durdy bagşynyň «goşhaltasyny» kemsiz dörüp, «düýbüne ýetensoň», Çowdur kör, Kepele kör ýaly döwrüniň uly halypalaryna imrinýär. Soňra bolsa Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Sary bagşy, Hanmämmet gyjakçy dagyny yzygiderli diňläp, inçe senediň tilsimlerini kemsiz özleşdirýär.

Türkmeniň taryhynda öçmejek yz galdyran Gökdepe söweşi başlananda Hally bagşy ýaňy 20 ýaşyny doldurypdyr. Ýurt özbaşdaklygy üçin bolan şol aldym-berdimli günlerde Amangeldi Göni, Kepele kör, Çowdur kör ýaly beýik halypalar halk köpçüligine ruhy medet berip, mukaddes topragy, ata Watany goramaga çagyrypdyrlar. Ýigit çykan Hally bagşynyň hem gahar-gazapdan doly, merdemsi owazy bu çakylyga goşulypdyr. Muňa mysal edip, Mätäjiniň birinji Gökdepe söweşi bilen bagly döreden «Ýigitler», mukaddes gala ýykylyp, ikinji Gökdepe urşy tamamlanan badyna Öweztagan Kätibiniň döreden «Seniň üstüňde» diýen goşgusyna aýdan aýdymlaryny görkezmek bolar.

Hally bagşy hakda gürrüň gozgalsa, ilki bilen, Mätäji şahyr ýatlanýar. Annagylyç Mätäjiniň döredijiligi barada söhbet açylanda bolsa, nobat Hally bagşydan başlanýar. Munuň sebäbi nämedenkä?! Ýogsam olaryň ýaşlarynyň arasynda ep-esli tapawut hem bar! Biziň pikirimizçe, munuň esasy sebäbi, ýaş

tapawudyna garamazdan, joşgunly ýürekleriň deň urup, birek-biregiň kalbyndan çykýan iň näzik duýgulara uly sarpa goýulmagyndadyr.

Mätäji şahyryň goşgularynyň aýdyma öwrülip, köpçülige giňden ýaýramagynda Hally bagşynyň hyzmaty diýseň uludyr. Türkmen edebiýatçy alymlary Mätäjiniň goşgularyny ýygnap çapa taýýarlamakçy bolanlarynda, olaryň köpüsini hut Hally bagşydan ýazyp alypdyrlar.

Bu ussadyň ömrüniň soňky ýyllarynda, ýagny 82 ýaşynda ýazga berip miras galdyran aýdymlarynyň köpüsiniň goşgulary hem Mätäjiniňkidir. Garrap, tapdan düşen çaglary sazandasyz, ýeke dutarly gramplastinka üçin ýazga beren «Sallançakly», «Elden gider», «Bilen barmy», «Zülpüň seniň» ýaly aýdymlaryny diňläniňde, onuň ýokary ussatlygyny kemsiz duýmak bolýar.

Geçen asyryň otuzynjy ýyllarynyň başlaryndan ol Nobat bagşy, Hydyr bagşy, Garly bagşy, Nursähet Halsähet, Oraz Salyr kimin kärdeşleri bilen türkmen radiosynda yzygiderli çykyş edip başlaýar. Obadaşy, belli gyjakçy Orazberdi Gurbanmyrat, şägirtleri Sahy Jepbar, Oraz Sopy dagy bilen uly-uly toýlary sowup, halkyň söýgüsini gazanýar.

«Meniň esasy halypalarymyň biri Hally bagşy boldy. Ony örän köp diňledim. Ýaşynyň soňky ýyllary birnäçe wagtlap öýümde sakladym. Pahyryň gowy-gowy gürrüňleri bolardy. Juda ýatkeş, degişgen hem wäşi adamdy. Halypalyk ukybynyň öňüne adam geçmezdi. Bagşylygy ondanam ýokarydy. Meniň bagşy bolmagymda Hally halypaň täsiri bimöçberdir» diýip, Sahy Jepbar hormat bilen ýatlardy.

Hally bagşy 1943-nji ýylda 84 ýaşynda dünýeden ötýär.







## TÄÇMÄMMET SUHANGULY

(1864–1942)



Belli türkmen bagşy-sazandalarynyň ýüze çykmagynda, kämilleşmeginde we olaryň ýokary ussatlyklara ýetmeginde Täçmämmet Suhangulynyň (oňa Han aga, Täçmämmet han hem diýer ekenler) uly paýy bar. Ol 1864-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dogulýar. Onuň esasy halypalary ilki Gulgeldi ussa, Amangeldi Göni, soňra Kel bagşy bolupdyr. Täçmämmet hanyň dört oglunyň ikisi bütin ömrüni saz sungatyna bagyşlapdyr. Ilki öz kakalaryndan, soňra bolsa meşhur Mylly Täçmyratdan tälim alyp, uly ýerine ýetirijilik we döredijilik mekdebini geçen Hojamämmet (1921–1949) hem-de Çary Täçmämmedow (1923–1976) milli dutarçylyk sungatymyzda uly yz galdyrdylar. Agtygy Ata Täçmämmedow (1950–1995) Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly ada eýe boldy. Çowlugy Döwran hem zehinli dutarçy bolup ýetişdi (1974–2007).

Ilki Gulgeldi ussadan, Amangeldi Gönübekden örän köp gadymy heňleri, mukamlary öwrenip, gözýetimini giňelden Täçmämmet, üçünji bir uly halypasy Kel bagşy bilen dutarçylyk sungatyny täze belentliklere götermekde önjeýli iş edipdir. Mylly Täçmyrat, Sary bagşy, Pürli Sary, Hally bagşy, Garly bagşy, Nobat bagşy kimin halypalar bilen uly-uly toýlary, dabaralary sowup, ençeme şägirtleri ýetişdiren T. Suhangulyýew giň köpçülik, guramaçylyk işlerini-de alyp barypdyr. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrlarynda paýtagtymyzda döredilen biçak uly aýdym-saz toparynyň saz ýolbaşçysy bolup işläpdir. Türkmen radiosynyň açylan ilkinji ýyllaryndan başlap, yzygiderli göni ýaýlymda çykyş edip, diňleýjiler köpçüligine hezil beripdir. S. Jepbarow, P. Saryýew, A. Gönübekow ýaly mukamçylar bilen

birlikde, Türkmenistan kompozitorlar birleşmesine ilkinjileriň hatarynda kabul edilipdir. Ine, bular Täçmämmet aganyň aýratyn ukybyna, zehinine, ýadawsyz zähmetine şaýatlyk edýän ençeme mysallaryň käbiridir.

M. Täçmyradow, P. Saryýew, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew ýaly ussatlarymyz üç görnüşden ybarat «Jereni kyblam» atly sazyň köne, asyl nusgasyny hem-de dört bölekli «Jelil» diýen sazyň gadymy bagşylaryň aýdyş nusgasyny «Täçmämmet aganyň çalşy» diýip, halypa uly hormat-sarpa goýup, höwes bilen aýratyn saz hökmünde çalar ekenler. Daşoguz, Lebap, Mary sebitleriniň belli-belli bagşylarynyň aýdan birgiden özboluşly aýdym heňlerini kemsiz özleşdirip, soňra olary has timarlap, kämilleşdirip, çylşyrymly saz derejesine Han aganyň ýetirendigini hem onuň bilen bir döwürde ýaşan kärdeşleri, şägirtleri gürrüň bererdiler. Bulardan başga-da, bu ussadyň zehin eleginden geçip dünýä inen «Hemmämiz», «Azatlyk», «Bag içinde» ýaly aýdym-sazlary onuň ýokary döredijilik kompozitorçylyk ukybynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Juda köp aýdym--sazlaryň, mukamlaryň dürli-dürli nusgalaryny, görnüşlerini ýekän-ýekän ýatdan bilen T. Suhangulyýewe onuň döwürdeşleri, kärdeş egindeşleri «Halk aýdym-sazymyzyň, mukamlarymyzyň hakyky hazynasydyr» diýer ekenler.

«Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada eýe bolan T. Suhangulyýew 1942-nji ýylyň güýzünde pajygaly ýagdaýda ýogalýar.







## SARY BAGŞY
(1871–1934)



Sary bagşy Pürli ogly – türkmen milli saz medeniýetiniň ösüşinde uly yz goýan meşhur halypalaryň biridir. Ol döwrüniň Annahal bagşy, Ýoldaş bagşy, Batyr bagşy, Pälwan bagşy, Kepele kör ýaly ussatlary bilen birlikde, bagşyçylyk sungatymyzyň dürli däpler arkaly baýlaşmagy, ýaşlaryň saz älemine tiz we çuňňur aralaşmaklary üçin yzygiderli alada edipdir. Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat ýaly dutarçylyk senediniň beýikleri bilen köp ýyllap tirkeşen Sary bagşy 1871-nji ýylda Ahal welaýatynyň häzirki Baharly etrabyndaky Bamy obasynda dünýä inýär. Ilkinji aýdym-saz terbiýesini öz kakasy Pürli sazandadan alýar. Inçeden çeküwli owadan sesi, saza bolan ýiti ukyby bilen öňe saýlanan Sary häli-şindi öýlerine gelýän belli bagşy sazandalary ýakyndan köp diňleýär. Olaryň ussatlyk göreldesi ýaş zehin üçin nusgawy mekdep bolup hyzmat edýär...

Milli bagşyçylyk sungatymyzyň tirmeçilik däbiniň uly ussady bolan Sary bagşynyň at-owazasy bütin ýurdumyza ýaýraýar. Şonuň üçin hem ol başga-da birnäçe bagşy-sazandalar bilen bir hatarda, 1921-nji ýylda Daşkent şäherine çagyrylýar. Şol döwürde ol ýerde Orta Aziýa halklarynyň görnükli aýdymçylarynyň, sazandalarynyň etnografiki konsertleri guralardy. Beýleki türkmenistanly myhmanlar bilen birlikde üstünlikli çykyş eden Sary bagşy konsertleri gurnaýjylaryň tüýs ýürekden aýdan «sagbolsunlaryna» mynasyp bolýar. Döwrüň belli alymlarynyň, sazşynaslarynyň, saz-etnograflarynyň talapkär ünsüni özüne çekýär...

Belli rus alymy W.A.Uspenskiý 1927–1929-njy ýyllar aralygynda Türkmenistandaky ikinji ekspedisiýasyny geçirýär.

Şonda ol ýurdumyzyň günorta we günbatar etraplaryna aýlanyp, milli medeniýetimize degişli örän köp maglumatlar toplaýar we egindeşi W. M. Belýaýew bilen ýazan «Türkmen sazy» atly meşhur işiniň ikinji kitabyny tamamlap, neşirýata tabşyrýar.

W. Uspenskiý 1927-nji ýylyň ahyrlarynda birnäçe günläp Sary bagşynyňkyda myhman bolýar. Onuň aýratyn ussatlykda aýdýan aýdymlaryny, çalýan sazlaryny, beren gyzykly gürrüňlerini diňleýär. Aýdymlaryň käbirlerini nota ýazgysyna geçirýär. Bu barada «Türkmen sazynyň» ikinji kitabynda hormat bilen beýan edilýär. Rus alymynyň Sary bagşynyň öýünde ýaşap ylmy gözlegler geçiren günleri barada Sary bagşynyň ýakynlarynyň biri, ömrüniň köp bölegini mugallymçylyk bilen geçiren Gutlymyrat Begmyrat ogly geçen asyryň ýetmişinji ýyllarynda gyzykly gürrüňler beripdi. Gutlymyrat aganyň şol ýatlamalarynyň ýazgysy türkmen radiosynyň altyn hazynasynda hem-de eliňizdäki kitabyň awtorynda saklanýar.

Sary bagşynyň deň-duş egindeşlerinden biziň günlerimize gelip ýeten ýatlamalaryna, şägirtleriniň beren gürrüňlerine görä, ol aýratyn ýiti zehinli, juda ýatkeş, diňläni özüne bendi edýän, hoş owazly bagşy bolupdyr. Beýik Magtymgulynyň we onuň edebi däplerini dowam eden nusgawy şahyrlarymyzyň goşgulary, halk dessanlarymyzyň dürdäne setirleri meşhur bagşynyň aýdymlarynyň hamyrmaýasy bolupdyr. Kel bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat kimin ussatlar bilen ýakyn gatnaşykda bolup beýiklige galan Sary bagşy Pürli ogly 1934-nji ýylyň baharynda aradan çykýar. Onuň asylly däbini soňra ussatlyga ýeten ogullary Pürli, Oraz we Nury Saryýewler dowam etdiler.

## ORAZ SALYR
(1876–1940)



Baryp-ha 1938-nji ýylda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent ady ilkinjileriň biri bolup alan Oraz salyr Mäti ogly 1876-njy ýylda Ahal welaýatynyň häzirki Sarahs etrabynda dünýä inýär. Ol ilkinji saz tälimlerini kakasy Mäti bagşydan alýar. Çagalyk döwri owlak-guzy bakyp, mal yzynda gezen Orazyň oýnagy ilki dilli tüýdük, soňra gargy tüýdük bolýar. Ýaşlykdan Sarahs töwereginiň bagşy-sazandalarynyň aýdym-sazlary bilen «beýnisi bekän» Oraz soňra Şükür bagşy, Gurban bagşy, Täçmämmet Suhanguly, Amangeldi Gönübekow ýaly halypalar bilen ýakyndan tanyşýar. Ussat kärdeşleriniň jadyly sungaty, ýürekden çykýan öwüt-maslahatlary Oraz salyryň durmuşynda uly özgerişlere getirýär. Tüýdük heňlerine sesini goşup, ýönekeýje aýdymlara «gygyryp» ýören zehinli bagşynyň ýerine ýetirijilik örüsi barha giňäp, gurluşlary boýunça has çylşyrymly aýdymlara aralaşýar. Owadandan owazly sesine erk edip bilen Orazyň ady halypalar bilen deň hatarda tutulyp başlaýar.

Geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda Türkmenistanyň dürli ýerlerinde bolup, halk aýdym-sazymyz, onuň öten-geçen halypalary hakda atly bagşy-sazandalardan örän kän gyzykly maglumatlary toplan W. Uspenskiý 1926-njy ýylyň baharynyň başlarynda şeýle ýazýar: «Sarahsdan o diýen daş bolmadyk ýerden gelen Oraz salyr Mäti bagşy ogly bilen bolan duşuşyk mende uly täsir galdyrdy. Ol daýaw, etli-ganly, göräýmäge agras, pälwansypat adam. Birnäçe gezek haýyş edenimden soň, ol gaýragoýulmasyz ekin-dikin işiniň köplügi zerarly, ýene bir hepdeden meniň üçin aýdyp bermäge boýun

boldy»... Rus alymy ondan «Nejeboglan» dessanyndan «Jygaly» we «Gül–Senuber» dessanyndan «Tabşyrdym seni» diýen aýdymlary nota ýazgysyna geçiripdir. Şeýle hem Orazyň kakasy Mäti bagşy, onuň agasy Çerkez bagşy we meşhur Agajan bagşy hakda dürli maglumatlary şol ýerde ýazyp alypdyr...

Ata-babalarymyz «Bagşy halky il gezer» diýipdir. Oraz salyr, bir görseň, Pendi sebitlerindäki, bir görseňem, Mary sebitlerindäki bagşylaryň, tüýdükçileriň arasynda bolup, köp-köp aýdym-saz edipdir. 20-nji ýyllaryň aýaklarynda bolsa Aşgabada gelip, ilki täze açylan Türkmen döwlet drama teatrynyň ýanyndaky bagşylar toparynda, soňam Türkmen radiosynda işläp başlaýar. Şeýlelikde, onuň ýerine ýetirijilik örüsi has ýaýbaňlanýar. Döwlet derejesinde dürli ýerlerde geçirilýän dabaralara, aýdym-saz ýazgylaryna işeňňir gatnaşýar. 30-njy ýyllaryň ahyrlaryna çenli Oraz salyryň özboluşly aýdan aýdymlary Türkmen radiosynyň hem-de gramplastinkalaryň üsti bilen bütin ýurdumyza ýaýrapdyr. Muňa mysal hökmünde «Nowgül», «Köne güzer», «Gyzylgül», «Elden gider» kimin onlarça aýdymy getirmek bolar. Rejep Gylyjow, Oraz Sopyýew, Giçgeldi Amanow, Kiçi Geldimyradow, Nurjemal Adyýewa ýaly birgiden atly bagşylar şol aýdymlary ürç edip diňläp, öz ussatlyklaryny taplapdylar.

Sahy Jepbarow bilen Täçmämmet Suhangulynyň döreden hem-de ýolbaşçylyk eden aýdym-saz toparynda birnäçe wagtlap işlän Oraz salyr şol meşhur toparyň ilkinji we juda jogapkärli çykyşyna gatnaşyp, öz ussatlygyny ýene bir sapar äşgär edýär. Şonuň yzysüre bolsa ol «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen ada mynasyp bolýar.

Oraz salyr Mäti ogly 1940-njy ýylda aradan çykýar.

# NAZAR BAGA

(1879–1943)



Nazar baga Morsy ogly 1879-njy ýylda (käbir maglumatlara görä 1870–1873-nji ýyllar) Daşoguz welaýatynyň häzirki Akdepe etrabynyň Alili diýen obasynda dogulýar. Ol türkmenleriň baga diýen taýpasyndan bolany üçin, bu söz onuň lakamyna öwrülip gidipdir. Nazar ilki obalaryndaky höwesjeň bagşy sazandalardan dutar çalmagy öwrenýär, halk dessanlaryny ürç edip diňleýär. Ýiti zehini, örän ýatkeşligi, saza bolan ötgür ukyby ony döwrüniň belli halypalarynyň biri Sapar süýrentginiň (Sapar Sumbarowyň) ýanyna getirýär. Pälwan bagşy, Allanur bagşy, Jumamyrat bagşy ýaly ussatlaryň hatarynda duran Sapar süýrentgä şägirt bolan ýyllary Nazary saz ummanyna barha çuň aralaşdyrýar. Halypanyň toýlarda tirme we dessan aýdyşy, märekede özüni alyp barşy, dutara ezberlik bilen erk edişi Nazar baga üçin uly mekdep bolýar. Şeýdibem ol tälim alýan ussadyndan «Hüýrlukga–Hemra», «Şasenem–Garyp» dessanlarynyň kemini goýman öwrenýär. Ýylsaýyn bagşyçylyk hünäri taplanyp, dutara erk edişi ezberlenýän Nazar ussatlaryň hataryna goşulýar.

1939-njy ýylda folklory öwreniji, belli alym Aba Garryýew birnäçe wagtlap Nazar baganyň öýünde bolup, onuň aýratyn ussatlykda ýerine ýetirýän «Hüýrlukga–Hemra» dessanyny ýazyp alýar. Edebiýatçy alymyň şol ýazgysy esasynda bu dessan Aşgabatda dört gezek kitap edilip çapdan çykýar. 1971-nji ýylda rus we türkmen dillerinde Moskwada neşir edilýär. Bu bolsa meşhur dessançy Nazar baganyň ýokary ussatlygyndan, özboluşly ýerine ýetirijilik ýol-ýörelgesiniň bolandygyndan habar berýär.







Tirme we dessançylyk däpleriniň ussady Çuwal bagşy Nazar bagany köp diňläp, ençeme inçe, şirin öwrümleri öwrenip, esasy halypalarynyň biri saýypdyr. Ýyllaryň dowamynda aýdan «Şasenem–Garyp», «Hüýrlukga–Hemra» dessanlaryny hut Nazar baganyň aýdyşyndan öwrenipdir. Türkmeniň ýene bir meşhur bagşysy Sahy Jepbarow bolsa özi barada düşürilen filmde uly halypalaryň hatarynda hormat bilen Nazar bagany hem ýatlaýar.

«Pylankesiň aýdyşy, çalşy» ýa-da «pylanyň ýoly» diýen ykrarnamany gazanmak paýy ussatlaryňam hemmesine ýetdirmeýär. Sazhon halkymyzyň, ençeme «çorba sowadan» hünärmenleriň «ýedi ölçäp, bir kesenden» soň berýän şeýle kesgitli bahasyna Nazar baga mynasyp bolupdyr. Halypasy Sapar süýrentginiň meşhur Garadäli Gökleňden «gören-eşiden del zatlaryny» ilik-düwme öwrenip, il-ulsuna sahylyk bilen paýlan Nazar bagşy, Baýram gyjakçy, Töre gyjakçy, Sapar Beki ýaly öz käriniň hakyky eýeleri bolan sazandalary bilen Jeýhun boýlarynda, Mary, Ahal, Balkan sebitlerinde kän-kän toýlary sowup, milli bagşyçylyk sungatymyzda öçmejek yz goýupdyr.

Nazar baganyň ýokary ussatlygy, ezber sazandalygy, tapylgysyz adamkärçiligi barada ondan tälim alan, gaşynda oturyp aýdymlarydyr dessanlaryny yzygiderli diňlän, Türkmenistanyň halk bagşysy Ilaman Anna, Türkmenistanyň at gazanan bagşylary Baýar Baýram, Palta Gara dagy hem köp gezek gürrüň berdiler. Gadymdan gelýän dessançylyk däbiniň ýokary derejelere galmagy, ýaş bagşylaryň ussatlyga ýetmekleri üçin yzygiderli alada eden Nazar baga 1943-nji ýylda (käbir kitaplarda 1940–1942-nji ýyllar diýlip berilýär – A. S.) aradan çykýar. Onuň kesp-kärini, beýleki şägirtleri bilen bir hatarda, Daşoguz sebitlerinde bagşy adyny alan perzendi Juma Nazar ogly hem ýöredýär.

# MUHY BAGŞY
(1880–1971)



Milli saz senedimiziň taryhynda yz galdyran Muhy Aman ogly 1880-nji ýylda Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň Garaman obasynda dogulýar. Muhynyň kakasy Pendi, Ahal sebitlerinde tanalan bagşylaryň biri bolupdyr. Aman bagşy «Ata kesbi ogla halal» diýen atalar sözüne eýerip, ogluna saz sungatynyň ilkinji tilsimlerini öwredip ugraýar. Soňra bolsa Soltannyýaz bagşydan ogluna halypa bolmagy haýyş edýär. Şeýlelikde, halypa-şägirtlik gatnaşygy ösüp-örňäp, Muhynyň adynyň soňuna «bagşy» diýen söz goşulyp başlaýar. Emma birden onuň owazly sesine zeper ýetýär. Aýdym-sazy özüne ýeke-täk kesp edinen Muhy şondan soň dutara «çyny bilen ýapyşyp», oňa has ezberleşmäge girişýär. Tizara ildeşi Oraz salyra sazandalyga ýetişip, onuň bilen has içgin gatnaşyk saklaýar. Ýarym sözden bir-birine düşünişip ugran jahyllaryň örüsi giňäp, at owazasy ýaýrap ugraýar.

Türkmeniň aýdym-sazyna, taryhyna, edebiýatyna teşne bolup, Türkmenistanyň dürli ýerlerine aýlanan rus alymy Wiktor Uspenskiý halypa bagşy-sazandalaryň ençemesi bilen bir hatarda Muhy Aman ogly bilen hem duşuşypdyr. Bu 1926-njy ýylyň bahar paslynyň başynda bolup geçýär. Maryda, Tagtabazarda birnäçe bagşy-sazandalar bilen duşuşansoň, Sarahsa gelen W. Uspenskiý ilki Muhy bagşy, Rejep Gylyç, soňra Anna bagşy, Sapar Gylyç, Oraz salyr dagy bilen esli wagtlap işleýär. Şonda Muhy bagşydan beýlekilere garanyňda has köp sazy, jemi dokuz sany eseri nota ýazgysyna geçiripdir. Muny «Ýar gara gözli», «Saltyk», «Köçe bagy» ýaly sazlaryň mysalynda görmek bolýar. Rus alymy birnäçe gün diňländen soň, Muhy bagşynyň özboluşly zehinine we ýiti ýatkeşligine ýokary baha beripdir.

Geçen asyryň ýigriminji ýyllarynyň ahyrlarynda, otuzynjy ýyllarynyň ortalarynda Aşgabatda birnäçe medeni ojaklar – Türkmen radiosy, Türkmen döwlet drama teatry, milli aýdym saz toparlary işe başlaýar. Olara ýurdumyzda ady tanalyp ugran bagşy-sazandalar, ýaş zehinli oglan-gyzlar çagyrylýar. Täçmämmet Suhanguly, Garly bagşy Ilaman ogly, Oraz salyr Mäti ogly dagy bilen bir hatarda Muhy bagşy hem Aşgabada gelýär. Olaryň käbirlerine sazçylyk tehnikumynda oglan okatmak tabşyrylsa, bir topary Türkmen radiosynda çykyş etmäge saýlanyp alynýar. Ýene bir bölegi bolsa drama teatrynyň bagşy-sazandalar toparyny düzýär. Häli-şindi bolýan duşuşyklar, söhbetdeşlikler, jogapkärli çykyşlar Muhy bagşynyň gözýetiminiň giňäp, ýerine ýetirijiliginiň taplanmagyna ýol açýar. Diňe bir bagşyçylyk sungatyndan ýa-da aýdym-sazdan däl, eýsem şahyrana halk döredijiligimizdenem, milli edebi baýlygymyzdan hem giňden habarly bolan Muhy Aman ogly türkmen folklorçy, edebiýatçy alymlary bilen ençeme sapar duşuşyp, olardan köp zatlar öwrenýär. Öz bilýän maglumatlaryny hem jomartlyk bilen paýlaşýar.

1935-nji ýylda ýurdumyzyň atly bagşy-sazandalarynyň uly topary Moskwa çagyrylyp, aýdym-sazlarynyň onlarçasy gramplastinka üçin ýazgy edilýär. Muhy bagşy hem Oraz salyr bilen şol ýazga gatnaşyp, «türkmen bilbiliniň» özboluşly hörpde aýdan «Elden gider», «Tüni derýa», «Aýlansam», «Gyzylgül» ýaly aýdymlaryna sazandarlyk edipdi.

60-njy ýyllaryň ahyrlarynda Muhy bagşyny radionyň işgärleri Aşgabada çagyryp, birnäçe aýdym ýazyp alýarlar. Birki sany aýdymy ýerine ýetirişi hem telewideniýe üçin surata düşürilýär. Şonda oňa ussat dutarçy Çary Täçmämmedow sazandarlyk edipdi. Muhy bagşy 1971-nji ýylda aradan çykýar.







# HOÇJY BAGŞY
(1880–1947)



Hoçjy bagşy geçen asyryň birinji ýarymynda, ýurdumyzyň Lebap sebitlerinde ýaşap, milli bagşyçylyk sungatymyza önjeýli goşant goşanlaryň biridir. Ol Sakar etrabynyň Ugurdepe obasynda 1880-nji ýylda dogulýar. Çagalykdan aýdym-saza uly höwesi bolan Hoçjy bagşynyň ilkinji we esasy halypasy diňe bir Jeýhun boýunda däl, eýsem bütin ýurdumyzda giňden tanalan Bazar bagşy (1837–1913) bolupdyr. Bu ussadyň ýerine ýetirijilik goruna kemsiz aralaşyp ugran ýaş şägirt birgiden tirme aýdymlaryny, dessanlary özleşdirip ugraýar. Haçanda ol otuz üç ýaşa ýetende, halypasy Bazar bagşy dünýeden ötýär.

Tälim alan ussadyndan jyda düşen Hoçjy şondan soň, ikinji bir halypa – Kyrkar bagşa gol berýär. Egindeş kärdeşleri Nazar bagşy, Durdy bagşy dagy bilen birlikde Hoçjy bagşy hem Kyrkar (1854–1930) bagşynyň özboluşly ýerine ýetirijiligini özleşdirip, onuň ýol-ýörelgesini dowam edýär.

Milli bagşyçylyk sungatymyzyň dürli döwürlerde ýaşap geçen görnükli halypalaryna degişli gymmatly maglumatlaryň biziň günlerimize gelip ýetmeginde rus alymy W.A.Uspenskiniň hyzmaty çäksizdir. Bu belli sazanda-etnograf özüniň Türkmenistanyň dürli künjeklerine guran ikinji ekspedisiýasy döwründe Jeýhun derýasynyň boýlarynda ýaşan bagşy-sazandalaryň ençemesi bilen duşuşypdyr. Muňa mysal hökmünde Lebap welaýatynyň Gyzylaýak obasyndan Rozy bagşy Durdy ogluny, Kyrkar bagşyny, Pelwert obasyndan Döwlet bagşy Ärdäne ogluny, Köne Çärjew diýen ýerden Atanyýaz Gurbannyýaz ogluny, Sakar etrabyndan Mämmetmyrat bagşyny we beýlekileri görkezmek bolar. W.Uspenskiý şol halypa bagşy-sazandalardan

50-ä golaý aýdym-sazy nota ýazgysyna geçiripdir. Öten-geçen belli halypalar, dürli-dürli saz gurallarymyz we olaryň özboluşly aýratynlyklary barada birgiden gyzykly maglumatlar toplapdyr. Şu we beýleki ençeme zatlar hakda ol egindeş kärdeşi, belli rus sazşynasy W. M. Belýaýew bilen Moskwada çap edilen «Türkmen sazy» atly kitabynyň ikinji böleginde giňden gürrüň berýär. «Türkmen sazy» atly iki kitapdan ybarat bolan, şol ajaýyp işde atlary tutulan belli halypalaryň asylly däplerini üstünlikli dowam edenleriň biri-de Hoçjy bagşydyr.

Bu ussadyň ilkinji we has giňden tanalýan şägirtleriniň biri, milli bagşyçylyk sungatymyzyň özboluşly ugrunyň – ärsary bagşyçylyk ýolunyň kämilleşmegine uly goşant goşan Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Mustak Aýmedowdyr (1910–1983 ý.).

Hoçjy bagşy 1947-nji ýylda aradan çykýar.

4. Sargyt № 1531

## MYLLY TÄÇMYRAT
(1885–1960)



Amangeldi Göni, Gulgeldi ussa, Kel bagşy ýaly milli dutar sungatymyzyň beýik halypalarynyň asylly däplerini dowam edip, ony täze sepgitlere ýetiren Mylly aga 1885-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dogulýar. Ahal sebitlerinde ady belli pälwan bolan Put lakamly Täçmyrat aganyň maşgalasynda dünýä inen çaga kiçilikden emelsizje, tagaşyksyz bolany üçin, oňa Mylly diýip ýüzlener ekenler. Şeýlelikde, Annaseýit ady galyp, Mylly lakamy ýörgünli bolup gidiberipdir. Annaseýit ese-boýa galyp, aýdym-saza bolan höwesi ýüze çykyp ugranda, kakasy dutar alyp berýär. Soňam ony obadaşy Täçmämmet Suhangula görkezýär. Geljege uly ynam bildirýän Annaseýidiň üýtgeşik saz ukybyna bada-bat göz ýetiren Täçmämmet halypa oňa tälim berip ugraýar. Birküç ýyldanam Myllyny Kel bagşy bilen tanyşdyrýar...

Tapylgysyz ukyp, öte ýatkeşlik, şeýle hem hakyky şägirdiň gözleginde uzak ýyllap gezen Kel bagşynyň atalyk-halypalyk mähri ýigit çykan Myllyny gadymy mukamlaryň jadyly ummanyna aparýar. Kel bagşy – Allaberdi Aýdogdy ogly dünýeden gaýdyp dört-bäş ýyl geçenden soň, ýagny geçen asyryň ýigriminji ýyllarynyň ikinji ýarymynda Mylly Täçmyrat Kaka etrabynyň Mehin obasynda birnäçe wagtlap ýaşaýar. Türkmen sazynyň gözleginde bolup, ýurdumyzyň dürli ýerlerine aýlanan alym W. Uspenskiý Mylly Täçmyrat bilen Gowşut obasynda duşuşýar. Ýerine ýetirijilik kämilligine hem-de biçak gor baýlygyna bada-bat göz ýetiren W. Uspenskiý Myllynyň çalýan sazlarynyň dördüsini ýazyp alýar. Bu duşuşyk barada «Türkmen sazy» atly kitabyň ikinji tomunda gürrüň berilýär...

Täçmämmet Suhanguly, Sary bagşy, Hally bagşy, Hanmämmet gyjakçy ýaly ussatlar bilen geçen asyryň 20–30-njy ýyllarynda tirkeşip, ençeme toýlary sowan Mylly Täçmyradyň ussatlygyna onuň döwürdeş kärdeşleri Nobat bagşy, Hydyr bagşy, Garly bagşy, Oraz Salyr, Sahy Jepbar kimin birgiden görnükli bagşy-sazandalar ýokary baha beripdirler.

«Türkmen sazynyň goja bagbany» hasaplanan Mylly aganyň atalyk-halypalyk mährinden ganyp kemala gelen Şamyrat Gurbannepesow, Hojamämmet we Çary Täçmämmedowlar, Jepbar Hansähedow, Ata Ablyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew ýaly zehinli sazandalar «Türkmenistanyň halk bagşylary» bolup ýetişdiler. Mylly aganyň aýratyn yhlas bilen çalan joşgunly mukamlaryny ine-gana diňläp, olardan ylham alan Nury Halmämmedow, Aşyr Kulyýew, Weli Muhadow dagy ýokary çeperçilikdäki birgiden täze saz eserlerini ýazdylar. Mylly aganyň 1941–1945-nji ýyllaryň urşy ýyllarynda we ondan soňky döwürlerde döreden «Ugradyş», «Hüjüm», «Ýeňiş», «Bahar» ýaly birnäçe sazlary mukamçy kompozitorlarymyz üçin tapylgysyz nusga öwrüldi.

Gadymdan gelýän näzikden şirin heňlerimiziň, örän çylşyrymly hem-de ýerine ýetirijiden ýokary ussatlygy talap edýän ajaýyp mukamlarymyzyň biziň günlerimize gelip ýetmeginde bahasyna ýetip bolmajak hyzmatlary bitiren Mylly aga örän köpsanly sazlary ýazga beripdi. «Jereni kyblam», «Hajygolak», «Ýandym», «Heserli» kimin meşhur halk mukamlarymyzyň täze nusgalaryny döredip, dutarçylyk senedimizi belende göteren Mylly Täçmyrat ogly 1960-njy ýylda aradan çykdy. Bu beýik sazandanyň ýadygärligine bagyşlanyp birgiden edebi, saz hem-de çeperçilik eserleri döredildi. Ýurt Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllarymyzda bolsa, oňa «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.







## AMANGELDI GÖNÜBEKOW
(1885–1963)



Amangeldi Gönübekow 1885-nji ýylda Gökdepe etrabynyň üçünji Gökdepe obasynda dogulýar. Ol meşhur Amangeldi Gönübegiň agtygydyr, kakasyna bolsa Perzaly diýer ekenler. Oňa Gönübegiň (Garry Göniniň – Amangeldiniň) ady dakylypdyr. Ýaşlykdan aýdym-saza ymykly girişen A. Gönübekow 20-nji ýyllarda dürli suw artellerinde mirapçylyk edýär. 30-njy ýyllaryň başlarynda bolsa Mollanepes adyndaky Döwlet drama teatrynyň açylan ilkinji döwürleri dutarçy-sazanda bolup işe başlaýar. Soňra Türkmen milli filarmoniýasynda Hally bagşy, Oraz salyr, Täçmämmet Suhanguly, Sahy Jepbar dagy bilen işläp, ýurdumyzyň dürli etraplarynda yzygiderli çykyş edýär.

1937-nji ýylda A. Gönübekow özüniň «Ýagtylyk» atly ilkinji sazyny döredýär. Uly meşhurlyga eýe bolan bu sazyň höwri barha köpelip, «Gülüstan», «Amyderýa», «Guwanýan», «Arzuwym parahatlyk» ýaly täze many-mazmunly aýdym-sazlar tirkeşip gidýär. Hut şuňa görä-de Amangeldi aga 1941-nji ýylda döredilen Türkmenistan kompozitorlar birleşmesine T. Suhanguly, S. Jepbarow, P. Saryýew, D. Öwezow, A. Kulyýew, W. Muhadow dagy bilen ilkinjileriň hatarynda kabul edilýär.

Döwrüniň belli bagşy-sazandalary bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, milli saz medeniýetimiziň, şol sanda bagşyçylyk sungatymyzyň inçe syrlaryny kemsiz özleşdiren Amangeldi Gönübekowy Sahy bagşy, ussat tüýdükçimiz Baky Maşakow, Türkmenistanyň halk artisti Kiçi Geldimyradow dagy hormat bilen ýatlardylar. Bir gürrüňçilikde Kiçi bagşy Amangeldi agany ýatlap: «Amangeldi halypa juda köp aýdym-saz bilerdi. Özem hoşgylaw, kiçigöwün adamdy. Tejen, Sarahs sebitlerinde-de bir-

näçe wagtlap ýaşap işledi. Biz köp duşuşardyk. Ondan kän-kän aýdymlar öwrenipdim. Meşhur Oraz salyr bilenem Amangeldi aga köp tirkeşipdi. Öň tüýdügiň ýanynda ýanama aýdyp ýören Oraz Salyra aýdymy dutarly aýtmagy maslahat berenleriň biri hem Amangeldi halypamyz bolupdyr» diýipdi.

Ömrüniň soňky ýyllarynda Daşoguzda ýaşan bu hormatly halypa hakda meşhur Çuwal bagşynyň, onuň iň ýakyn ýoldaşy we gyjakçysy bolan Türkmenistanyň halk bagşysy Sapar Bekiniň aýdan gyzykly gürrüňleri, ýagşy ýatlamalary il arasynda az däl. Biz ony Ilaman Anna, Ryzaguly Ata, Akjagül Myradowa ýaly belli bagşylaryň öz dillerinden ençeme gezek eşidipdik.

Şu ýerde okyjylaryň ünsüni bir zada çekesimiz gelýär. Käbir adamlar Amangeldi aganyň Türkmen radiosyna, ýadygärlik galdyrmak maksady bilen ýazga beren oýnam sany sazyny diňläp, onuň başarnygyna, ussatlygyna kembaha garajak bolýarlar. 1948-nji ýylda bolan Aşgabat ýer titremesinde kesegiň astynda galyp, ellerine zeper ýeten halypa deň-duşlarynyň, kärdeşleriniň «Senden ýadygärlik galsyn» diýşip, gününe goýmandyklary sebäpli, «Men dag kyrky», «Goňurbaş mukamyny» we öz döreden «Ajap geljege tarap» diýen sazyny ýetmişe ser uran çaglary, ýagdaýyna görä çalyp, ýazga beripdir.

A. Gönübekow 1963-nji ýylda aradan çykýar.







## GARLY BAGŞY
(1885–1962)



Garly bagşy (uly Garly) Ýolaman ogly. Bir welaýatyň şol bir etrabynda doglup, bir döwürde ýaşan Garly atly iki sany bagşynyň bolandygy sebäpli, olary bir-birinden tapawutlandyrmak üçin il arasynda uly Garly, kiçi Garly diýip atlandyrypdyrlar. Uly Garly Ýolaman ogly 1885-nji ýylda Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň Gyzyl obasynda dünýä inýär. Turuwbaşdan aýdym-saza imrinen ýaşajyk Garlyny, kakasy Ýolaman aga Pendi sebitlerinde meşhurlyk gazanan Gurban bagşa şägirt berýär. Talapkär halypanyň edim-gylymy, hüý-häsiýeti, sungata ygrarlylygy, il-gününe hyzmat kylşy, ýaş bagşynyň «gözüni açyp», gözýetimini giňeldýär. Uly-uly toýlarda halypasynyň aýdyşyny kän gezek diňlän Garly aýdym-sazyň jadyly ummanyna barha çuň girişýär. Kem-kemden ady etrabyň çäginden çykyp, Ýolöten, Mary, Baýramaly sebitlerine hem ýaýrap ugraýar. Şeýlelikde, Hydyr bagşy, Nursähet bagşy ýaly belli halypalar bilen hem tanyşýar. Şol tanyşlyk soňra ýakyn hyzmatdaşlyga, hünär dostlugyna öwrülip gidýär.

1925–1930-njy ýyllar aralykda belli rus alymy W.A.Uspenskiý güneşli ýurdumyzda bolup, bagşy-sazandalaryň ýerine ýetirýän aýdym-sazlaryny nota ýazgysyna geçiripdi. Ençeme aýlap türkmen sährasyna syýahat eden W.Uspenskiý öz kärdeşi W.Belýaýew bilen şol toplan maglumatlaryny bir ýere jemläp, ylmy-derňew işlerini geçirenlerinden soň, «Türkmen sazy» atly iki kitaplyk işini çap edipdi. Ine, şol ajaýyp işde-de Garly bagşy Ýolaman oglundan ýazgy edilen saz eserleri, bagşynyň ussatlygy barada giňişleýin maglumat berilýär.

Ussatlyk derejesi bir çene baran Garly bagşy Aşgabadyň sazçylyk tehnikumyna işe alynýar. Ol bu ýerde Mylly Täçmyra-

dow, Pürli Saryýew dagy bilen ýaşlara hünär öwredip ugraýar. Şol döwürde Täçmämmet Suhanguly, Hally bagşy, Oraz salyr, Sahy Jepbarow ýaly halypa bagşy-sazandalaryň Aşgabatda ýaşan, işlän wagtlary bolansoň, Garly bagşy olar bilen hem ýakyndan tanyşýar. Geçirilýän dabaralara, radioda berilýän çykyşlara yzygiderli gatnaşyp ugran uly Garlynyň ýerine ýetirijilik ussatlygy has-da kämilleşýär.

1935-nji ýylda Moskwada geçirilen ýazga gatnaşyp, ilkinji aýdymlaryny ýazga beren bu halypanyň 50-nji ýyllarda ses ýazgylarynyň sany has-da artýar. Indi ýarym asyrdanam köp wagtdan bäri yzygiderli ýaňlanyp durýan şol ýazgylar milli sazymyzyň altyn hazynasyna girdi.

Türkmen bagşyçylyk sungatynyň özboluşly şahasynyň uly halypasy Garly Ýolaman oglunyň mynasyp şägirtleri ýetişip, özboluşly ýol-ýörelgesini dowam etdiler. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň halk bagşysy Ö. Nobatowy, Türkmenistanyň at gazanan artistleri A. Ýagmyrowy, A. Arnagylyjowy we beýlekileri görkezmek bolar. Meşhur Sahy Jepbarow bolsa ömrüniň soňky ýyllarynda ýazga beren «Ýar olmaňlar», «Näler boldy», «Yrak Nowaýy», «Nowaýy» atly birnäçe aýdymyny hut uly Garlydan öwrenen «Nowaýylar» sazynyň dürli görnüşine aýdandygyny buýsanç bilen ýatlardy.

Milli bagşyçylyk sungatymyzyň ösüşine uly goşant goşup, 1962-nji ýylda aradan çykan Garly bagşy Ýolaman ogluna 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.





## HANMÄMMET GYJAKÇY

(1887–1937)



Hanmämmet gyjakçy Allanur ogly 1887-nji ýylda häzirki Magtymguly etrabynda dünýä inipdir. Onuň ilkinji we esasy halypasy Aly Seýit atly meşhur sazanda bolupdyr. XIX asyryň ortalarynda uly ussatlyga ýetişip, döwrüniň gerçek ýigitleriniň biri bolan Karow batyra bagyşlap, «Batyr Karow» atly sazyny döreden Aly Seýit gyjakçydan miras galan ikinji bir sazyň adyna «Gyjagyň başlangyjy» diýipdirler. Aly Seýit dünýeden gaýdansoň, bu saza «Aly Seýidiň muhammesi» diýip at beripdirler.

Hem bagşyçylyk, hem şahyrçylyk edip dünýeden öten Misgingylyjyň döredijiliginde bu ussat gyjakçy barada şeýle setirler bar.

Dutary lam edip çeker gyjagy,
Gözeller yşk edip açar gujagy,
Kellesi küýlenip mes bolan çagy,
Tapylmaz mysaly Aly Seýidiň.

Geçen asyryň başlarynda Täçmämmet Suhanguly, Sary bagşy we Muhat ýonaçy dagy Garrygalanyň (häzirki Magtymguly etrabynyň) Küren obasynda täsin saz guralyny çalýan ýetginjege – Hanmämmet Allanur ogluna gabat gelýärler. Myhman bolup, onuň çalýan sazlaryny diňleýärler. Muhat aga tizden-tiz gyjagyň gurluşy bilen gyzyklanyp, ölçeglerini alýar. Täçmämmet aga bolsa: «Kel bagşynyň halypalary Gulgeldi ussa bilen Amangeldi Göni birnäçe ýyl mundan öň Gökdepä gyjak diýlen saz guralyny getirendiklerini, ýöne halypa bolmansoň çalynman galyp, birnäçe wagtdanam ýitip gidendigini halypamyz Kel bagşydan eşidipdim. Şol gyjak diýilýän şu bolmaly» diýipdir. Bu täsin saz

guralynyň ölçegini alyp gaýdan Muhat aga, tizara özüniň ilkinji gyjagyny ýasap, Sary bagşa getirýär. Sary bagşy bolsa ony uly ogly Pürlä berýär. Häli-şindi olara baryp aýdym-saz edip ýören Hanmämmet gyjakçydan hem on-on iki ýaşly Pürli öwrenip, ussatlyga ýetişýär. Şeýlelikde, bu saz guraly Ahal sebitlerine ýaýrap başlaýar.

Aly Seýidiň terbiýesini alyp, soňra Kel bagşy, T. Suhanguly, Sary bagşy, M. Täçmyrat ýaly beýik halypalary kän gezek diňlän, şeýdibem, ezberlige ýeten Hanmämmet gyjakçynyň tapylgysyz adamkärçiligi, ussatlygy barada käbir gazet makalalaryndan başga-da, birnäçe bagşy-sazandalaryň, hususan-da, Hanmämmet halypadan örän köp zatlary öwrenen ussat gyjakçymyz Oraz Saryýewiň örän gyzykly ýatlamalary, gürrüňleri bar. Biz şu işimizde olardaky maglumatlary peýdalandyk.

Milli gyjakçylyk sungatymyzyň ösüşine çäksiz goşant goşan Hanmämmet Allanur oglunyň yhlasy-aladasy bilen Sary bagşynyň ogullary Pürli, Oraz, Nury dagy ýokary çeperçilige ýetip, gyjagyň ýerine ýetirijilik mümkinçilikleriniň örän giňdigini äşgär etdiler. Bu halypalardan tälim alyp, «Türkmenistanyň halk artisti» diýen derejelere ýeten Çary Gurbanow, Ata Ablyýew, Annageldi Jülgäýew dagy bolsa, olaryň ýerine ýetirijilik däplerini has-da baýlaşdyrdylar. Meşhur Aly Seýidiň şägirdi Hanmämmet Allanur oglundan gaýdýan akaba gyjak saz guralynda diňe bagşynyň ýanynda sazandarlyk edip oňman, eýsem, çylşyrymly mukamlary ýekelikde we goşulyşyp çalmaga-da, köp sesli türkmen we daşary ýurt sazlaryny ýerine ýetirmäge-de uly mümkinçilikleriň bardygyny subut etdi.

Hanmämmet gyjakçy 1937-nji ýylda aradan çykýar.

.

## MAGTYMGULY GARLY
(1889–1957)



Magtymguly Garly – Çuwal bagşy. Ol Ahal welaýatynyň Kaka etrabynda 1889-njy ýylda dünýä inýär. Etrabyň Onbegi obasynda ýaşaýan çuwallar tiresinden bolansoň, tiresiniň ady soňra onuň lakamyna öwrülip, Çuwal bagşy ady emele gelýär. Ýigitlik çagyna çenli dogduk mekanynda ýaşap, aýdym-sazyň gyrasyndan ymykly giren Magtymguly ilki Tejen, Murgap boýlarynda, soň Lebap sebitlerinde az wagt ýaşaýar. Soňra Daşoguz welaýatynyň Ýylanly, häzirki Gurbansoltan eje adyndaky etrabyna baryp, şol ýerde mekan tutýar. Döwrüniň ýokary derejeli ussatlary Pälwan bagşy, Sapar süýrentgi, Nazar baga, Öre şyh dagy bilen ýakyn gatnaşykda bolan Magtymguly Garlynyň ýerine ýetirijilik örüsi barha giňeýär. Tirme aýdymlarynyň onlarçasyny kemsiz öwrenip, ussatlygy taplanan bagşy halk dessanlarynyň hem birgidenini tiz özleşdirip, halypalaryň ak patasyny alýar. Onuň şeýle derejä ýetmegine deň-duş kärdeşleri Berdibaý gyjakçynyň hem-de Türkmenistanyň halk bagşysy Sapar Bekiýewiň täsiri örän uludyr. Sapar Beki soňra Çuwal bagşynyň iň ýakyn adamyna öwrülip, ömrüniň ahyryna çenli onuň aýrylmaz gyjakçysy bolýar.

Ýigrimiden hem köp halk dessanlaryny ýokary çeperçilikde ýerine ýetiren Magtymguly halypa milli bagşyçylyk sungatymyzda täze bir uly ýoluň döremegine getirdi. Nazar baganyň, Sapar süýrentginiň ýerine ýetirijilik däplerini kämilleşdirdi. Halypaçylyk usullaryny täze sepgitlere ýetirdi. Ilaman Annaýew, Akjagül Myradowa, Bally Mätgeldiýew ýaly Türkmenistanyň halk bagşylary, Ryzaguly Ata, Aýgül Alyýewa, Sülgün Meretgeldiýewa kimin halypalyga ýetişen bagşylaryň ençemesi Çu-

wal bagşyny hünär atalary hökmünde hormat bilen ýatlardylar. Sebäbi olar geçen asyryň 40–50-nji ýyllarynda Magtymguly aganyň ýolbaşçylyk eden aýdym-saz toparynda terbiýe alyp uçurym bolupdylar.

Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Amangeldi Gönübekow ýaly bagşy-sazandalar bilen ýakyn hyzmatdaşlyk saklan Magtymguly Garlynyň Sahy bagşy bilen gatnaşygy has-da içgin eken. Olar birek-birege aýratyn artyk sylag-hormat goýar ekenler. Munuň şeýledigine belli türkmen kompozitorlary Weli Muhadowyň, Aşyr Kulyýewiň beren gyzykly gürrüňleri-de doly şaýatlyk edýär.

Bütin ömrüni, joşgunly döredijilik ylhamyny, taýsyz zehinini halkyna bagyş eden beýik bagşynyň hatyrasy Garaşsyz ýurdumyzda has-da belende galdy. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy 1990-njy ýylyň ýanwar aýynyň 18-i güni Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etrabynda bagşynyň ýüz ýyllyk dabarasy geçirilende, şol ýerde döredilen Öý-muzeýini açyp, Çuwal bagşa we onuň gyjakçysy Sapar Bekiýewe «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen adyň dakylandygyny yglan etdi.

Türkmeniň bilbil owazly Çuwal bagşysy 1957-nji ýylda aradan çykdy. Onuň halypalyk pendini alyp, ussatlyga ýetişen onlarça zehinli şägirtleri bilen birlikde ogly Jumaguly Magtymgulyýew hem belli gyjakçy we bagşy bolup dünýeden ötdi (2002 ý.). «Gümmürlendi», «Ýigitlik çagy», «Ýar gyrmyzy geýinipdir», «Bibi», «Ýandym»... ýaly bagşy saýlaýan onlarça aýdymlary gaýtalanmajak ussatlykda ýerine ýetirip, halkyna egsilmez baýlygy miras galdyran Çuwal bagşa bagyşlanyp, dürli görnüşdäki sungat eserleriniň uly topary döredildi.



# HYDYR BAGŞY
(1889–1938)



Hydyr bagşy Hojamguly ogly. Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň «Garakçylar» atly obasyndaky bütin obanyň hormatlaýan adamy Hojamguly aganyň öýi mydama gelim-gidimli, aýdym-sazyň yzygiderli ýaňlanýan ýeri bolupdyr. Şeýle sylagly, hormatly maşgalada önüp-ösen Hydyryň özi-de soňra juda myhmansöýer, ilhalar bolup ýetişipdir. Döwrüniň uly Garly Ýolaman ogly, kiçi Garly Soltan ogly, Nobat bagşy Amansähet ogly, Oraz salyr Mäti ogly, Ýazmuhammet Köse, Gurbandurdy Mahy, Durdy Myrat, Öwezdurdy Welmämmet ýaly kärdeş deň-duşlary bilen ýakyn aragatnaşykda bolan Hydyr Hojamguly ogly, eýýäm ýigit çykan çaglary, bagşy hökmünde özüni ile aldyryp ugraýar. Wekillileriň atly Illek bagşysynyň, Ýegenoraz bagşysynyň ýegen ugry bolan Hydyr bagşynyň örüsi giňäp, ussatlygy artýar. Ol diňe bir Murgap boýunda däl, eýsem Ahal, Daşoguz, Balkan, Lebap sebitlerinde-de adygyp ugraýar.

1935-nji ýylda Moskwada geçirilen aýdym-saz ýazgysyna gatnaşyp, aýdymlary gramplastinka geçirilen Hydyr bagşynyň özboluşly ýerine ýetirijiligi barha kämilleşip, ol bütin ýurdumyzda söýlüp diňlenýänleriň hataryna goşulýar.

1937-nji ýylda ylymly-bilimli, hünärine werziş «men» diýen ýigitleriň ençemesi bilen bir hatarda Hydyr bagşy hem ýalan töhmet ýüklenip, tutha-tutlugyň girdabyna düşýär. Garaňky, zeýli kapasalarda ençeme aýlap gününi ötüren, türkmen bilbilleriniň biri bolan Hydyr bagşy 1938-nji ýylda Uzak Sibiriň çetki obalarynyň birinde amanadyny tabşyrýar...

Ilkagşamdan tä daň agarýança aýdymlar kerwenini yzly-yzyna tirkäp, uly toýlary sowan meşhur bagşydan bary-ýo-

gy üç sany aýdymyň ýazgysy miras galypdyr. Emma az hem bolsa, juda uz, ýokary ussatlykda ýerine ýetirilen şol ýazgylar onuň çyn bagşy, çyn ussat bolandygyna şaýatlyk edýär. Ençeme ýyllap duz-emek bolan ýoldaşy, ussat dutarçy Öwezdurdy Welmämmediň sazandarlyk eden «Meýlis halan», «Aýlansam», «Gandu-şekerli» atly şol aýdymlarynyň ýazgylary häzir Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde we Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda aýawly saklanýar. Radio ýaýlymlarynda berilýän gepleşiklerde yzygiderli ýaňlanýar.

Halkyna hyzmat edip, bagşy diýen hormatly ada mynasyp bolan Hydyr bagşy 1889-njy ýylda dünýä inipdir. Şondan laýyk bir asyr geçen çaglary onuň kowumlary, obadaşlary, milli sazymyzyň janköýerleri bilen birlikde ýüz ýyllyk toýuny dabaraly geçiripdiler. 1992-nji ýylda bolsa hökümetimiz Hydyr bagşa «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyp, onuň ýadygärligini hatyralady. Milli sazymyzyň – bagşyçylyk sungatynyň ösüşine uly goşant goşan meşhur bagşynyň asylly däbini onuň şägirtleriniň şägirtleri, agtyk-çowluklary dowam edýärler.

## PÄLWAN BAGŞY

(1890–1961)



Geçen asyryň birinji ýarymynda ussatlygy bilen Daşoguz, Hywa sebitlerinde uly at alan Pälwan bagşy Ata ogly 1890-njy ýylda häzirki Görogly etrabynyň Köwliýer obasynda dünýä inýär. Onuň dört arkasy belli bagşy bolup geçipdir. Pälwan bagşynyň kakasyna Ata bagşy, onuň kakasyna bolsa Atanazar bagşy diýer ekenler. Atanazar bagşy aýdym-sazy kakasy Goç bagşydan, Goç bagşy bolsa öz kakasy Hoja bagşydan öwrenipdir. Etrabyň Temeç, Köwliýer, Kerwenbaşy obalarynda önüp ösen, kämilleşip, uly ussatlyga ýetişen bu halypalar gadymdan gelýän aýdym-saz sungatymyzyň ösmegine, zehinli ýaşlaryň inçe senede girişip gitmeklerine köp goşant goşupdyrlar. Hut şol halypalaryň ýerine ýetirijilik däplerini, usullaryny soňra ýomut gökleň bagşyçylyk ugrunyň Sapar süýrentgi, Nazar baga, Allanur bagşy, Garadäli gökleň, Jumamyrat bagşy, Çuwal bagşy ýaly uly ussatlary dowam edip, täze belentliklere göterdiler.

Milli aýdym-sazymyzyň ölemen aşygy W. Uspenskiý Daşoguz sebitlerine bolan ekspedisiýasyny welaýatyň Tagta, häzirki Görogly etrabyndan başlapdyr. 1926-njy ýylyň aprel aýynyň 25-ne, Kerwenbaşy diýen obada ilki Pälwan bagşy bilen duşuşyp, onuň çalyp beren aýdym-heňleriniň 7-sini ýazypdyr. «Türkmen sazy» kitabynyň birinji böleginde berilýän maglumatlara görä, şol döwürde Pälwan bagşy otuz alty ýaşynda eken. Diýmek, onuň doglan wagty 1890-njy ýyl bolmaly. Pälwan on ýaşa ýetende, kakasy Ata bagşydan dutar çalmagy öwrenip ugraýar. 1920-nji ýylda Ata bagşy dünýeden gaýdansoň, goňşy Uşak obadan Hoja bagşy Berdi oglundan hem-de Hojanepes kör diýen halypalardan tälim alyp, ussatlyk derejesine ýetýär.

Pälwan bagşynyň kamillige ýeten çaglary, ýagny 1940-njy ýylda Türkmenistanyň taryh we dil-edebiýat institutynyň ylmy işgäri Ata Çepow birnäçe wagtlap bagşynyňkyda bolup, «Görogly» eposynyň «Göroglynyň ölümi» diýen şahasyndan özgesini ýazyp alypdyr. Şonda Pälwan bagşy: «Atam pahyr diňleýjilere batyryň ölümini aýdyp, olary gynandyrmazlyk üçin, şol bölümi aýtmasyz edip, bagşylar şert edipdirler diýdi. Eger men ol şahamçany aýtsam, bagşylaryň şertini bozdugym bolar» diýipdir. Az wagtdan soň, institut Nepes Hojaýew diýen ikinji bir işgärini Pälwan bagşynyň ýanyna iberipdir. Ol eposyň kitap edilip çykaryljakdygyny, şonuň üçin hem eposyň ähli bölegini geljekki nesillere galdyrmagyň zerurdygyny bagşa düşündirip, «Göroglynyň ölümi» diýen şahasyny hem ýazyp alyp gelipdir. Meşhur edebiýatçy alym, professor Mäti Kösäýewiň 1980-nji ýylda neşir edilen «Görogly» eposynyň «Sözbaşysyndaky» bu maglumatlary hem göroglyhon Pälwan bagşynyň aňrybaş ezberliginden, taýsyz ýatkeşliginden we uly adamkärçiliginden habar berýär.

Geçen asyryň ortalaryndan öň ýaşap öten ussatlaryň ençemesi ýaly, dürli sebäplere görä Pälwan bagşydan hem ses ýazgylary ýadygärlik galmandyr. Ýöne onuň tälimini alyp ussatlyga ýetişen bagşylaryň gürrüňlerinden ýa-da «Türkmen sazy» atly kitaba girizilen «Gyrat gel», «Gara Nergiz», «Wegel ýar», «Senemjan» ýaly özboluşly sazlaryň nota ýazgylaryndan çen tutsak, onda Pälwan Ata oglunyň hem ýokary derejelere ýeten halypa bolandygyna göz ýetirmek kyn däl.

Pälwan bagşy Ata ogly 1961-nji ýylda aradan çykypdyr.







## GARLY BAGŞY
(1893–1959)



Garly bagşy (kiçi Garly) Soltan ogly öz döwrüniň görnükli sazandasy Soltan naýçynyň (tüýdükçiniň) maşgalasynda, 1893-nji ýylda Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabyndaky Gulja obasynda dünýä inipdir. Çagalykdan uly sungata bolan inçe söýgüsi, häli-şindi öýlerine gelip-gidýän bagşy-sazandalaryň gyzykly gürrüňleri Garlyny saz älemine barha çuň aralaşdyrýar. Il içinde ýaňy adygyp ugran Garly Soltan ogluna deň-duşlary, obadaşlary kiçi Garly diýip at berýärler. Sebäbi olaryň ýanaşyk obasynda Garly atly ýene bir ilhalar bagşy bardy. Ol Garly Ýolaman ogludy. Oňa bolsa uly Garly diýerdiler. Ara tapawutlary ýedi-sekiz ýaş eken.

Kiçi Garly ilki-ilki şo sebitdäki ýaşlaryň halypasy Gurban bagşydan köp zatlary öwrenýär. Soňra Nobat bagşy Amansähet ogly, onuň inisi Bäşim Amansähet dagy bilen köp tirkeşip, aýdym-saz kerwenine has içgin aralaşýar. Ol diňe bir aýdym aýdyp, dutar çalmak bilen çäklenmän, gyjak, tüýdük, rubab, tar ýaly birnäçe saz gurallaryny hem ezberlik bilen çalypdyr. Mary, Ýolöten, Sarahs sebitlerinde meşhurlyk gazanan Hydyr bagşy, Nursähet Halsähet, Gurbandurdy Mahy, Oraz salyr kimin halypalar, deň-duş, bagşy-sazandalary bilen köp gezek duşuşyp, birek-birekden ençeme zatlary öwrenipdir, bilenini kärdeşleri bilen paýlaşypdyr. Şeýle kiçigöwünlilik, jomartlyk onuň at-abraýynyň ýokary göterilip, ussatlygynyň kämilleşmegine getiripdir.

Geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň ortalarynda Türkmenistanyň dürli künjeklerine özüniň ilkinji syýahatyna başlan belli rus alymy, etnograf sazanda W.A. Uspenskiý Tagtabazara baranda, 32 ýaşly Garly bagşy Soltan ogly bilen hem duşuşandygyny nyg-

taýar. Şeýle hem ikinji bir rus alymy, sazanda W. M. Belýaýew bilen bilelikde taýýarlan «Türkmen sazy» atly meşhur işiniň birinji kitabynda Tagtabazarda iki aý çemesi wagtlap bolup, Garly bagşy Soltan oglundan dutar heňleriniň on sanysyny nota ýazgysyna geçirendigini belläpdir. Görnükli alym kiçi Garlydan şonda «Hüýrlukga – Hemradan» «Apat», «Saýatly – Hemradan» «Tabşyrdym», «Zöhre – Tahyrdan» «Hoş gal indi», «Görogly» eposyndan «Arapreýhan» ýaly aýdymlaryň heňlerini, ýagny dutarda çalynýan saz nusgalaryny ýazyp alypdyr.

30-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndaky tutha-tutlugyň ýaňy başlan uçurlary Garly bagşy Soltan ogly bir sebäp bilen Owganystana geçýär. Soňam dogduk mekanyna dolanyp bilmän, şol ýerde galýar we 1959-njy ýylda aradan çykýar.

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllary milli sazymyzyň ösüşinde uly yz goýan, birnäçe öten-geçen halypalar bilen birlikde Garly bagşy Soltan ogluna hem «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.







5. Sargyt № 1531

# ÖRE ŞYH
(1893–1964)



Öre şyh Käbe ogly 1893-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň häzirki Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Köpükli diýen obasynda Käbe şyhyň maşgalasynda dünýä inýär. Onuň ilkinji halypasyna Isa bagşy ýa-da Isa işan diýer ekenler. Daşoguz sebitlerinde giňden tanalýan bu halypanyň özboluşly aýdyş hörpi bolupdyr. Aýdym-saz örüsi örän giň, birgiden dessanlary aýdar eken. Öre bagşy özüniň ürç edip aýdan «Hak üçin», «Babam Gammar», «Tylla, seniň yşgyňda», «Kerwen geldi», «Düwmeli», «Gyrat, gel» ýaly aýdymlaryny, «Nejeboglan», «Şasenem–Garyp», «Hüýrlukga–Hemra» dessanlaryny hut Isa halypasyndan öwrenipdir.

Öre şyh döwrüniň atly bagşylarynyň hataryna goşulan çaglary, ony ýurdumyzyň dürli ýerlerine, hatda goňşy döwletlere-de häli-şindi çagyrypdyrlar. Goňşy Eýranyň ençeme welaýatlarynda, Etrek, Gürgen boýlarynda birnäçe sapar bolup, öz ýerine ýetirijilik başarjaňlygyny giňden äşgär edipdir. Şol ýurtlaryň bagşylaryny, aýdyjylaryny içgin diňläp, del hasap edenlerini öwrenip, öz iline getirip, halk köpçüligine ýaýypdyr. Şeýle eserleriň biri-de Eýranda ýaşaýan türkmen bagşylaryndan öwrenen «Wegel ýar» atly aýdym bolmaly.

Öre şyh meşhur Garadäli Gökleňiň şägirdi, Sapar süýrentgi lakamy bilen giňden tanalan Sapar Sumbarowdan hem esli wagtlap tälim alypdyr. Öre bagşynyň ilkinji gyjakçysyna Şajan diýer ekenler. Şajan gyjakçy 1930-njy ýylda aradan çykandan soň, Pirjan gyjakçyny ýanyna alýar. Meşhur Sapar Beki bilen hem köp tirkeşip, ençeme at çapanly toýlary sowýar. Ogly, häzirki Türkmenistanyň halk bagşysy Hojamyrat Öräýew ese-boýa

galyp, gyjak çalmaga ýetişenden soň, ataly-ogul bolup hem birgiden tutumly toýlara, dabaralara gatnaşýar...

Petek bagşy, Söýer bagşy, Jumamyrat bagşy, Nazar baga ýaly özünden öň ýaşap öten halypalar bilen ady deň hatarda tutulýan Öre şyh uly halypalyk hem-de ýerine ýetirijilik ýoluny geçdi. Ondan dürli döwürlerde ýazga alnan aýdymdyr dessanlar bagşynyň özboluşly ýol-ýörelgesine, ussatlygyna şaýatlyk edýär. Şol ýazgylaryň bir bölegi türkmen radiosynyň altyn hazynasynda hem-de döwletimiziň Merkezi arhiwinde saklanýar.

Öre şyhyň özboluşly hörpe, beýleki bagşylaryňka meňzemeýän «jukguldy» goşup, depginine bat berip aýdan aýdymlarynyň birentegi diňe bir Daşoguz sebitleriniň bagşylary üçin däl, eýsem, ýurdumyzyň beýleki welaýatlarynda ýaşaýan bagşylara-da nusga bolandygy ikuçsuzdyr. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň halk bagşysy Gaýgysyz Çaryýewiň ussatlyk bilen aýdan «Dilberim» atly halk aýdymynyň mysalynda hem görmek bolýar. Özboluşly depgin berip, jukguldy goşup, täsin äheňde Gaýgysyz bagşynyň ýerine ýetiren şol aýdymynyň esasyny Öre şyhyň aýdan «Aýperi» atly aýdymynyň heňi düzýär. Şeýle mysaly Sygan bagşy adyny alan Orazgeldi Ylýasyň ýerine ýetirijiliginden hem tapmak bolýar.

Birgiden zehinli bagşy-sazandalaryň ösüp kemala gelmegine ýadawsyz goşant goşan bu halypanyň şägirtleriniň biri-de ogly Hojamyrat Öräýewdir. Döwrümiziň belli halypalarynyň hataryna goşulan Hojamyrat bagşy «Ata kesbi ogla halal» diýen danalarymyzyň wesýetine eýerip gelýär...

Öre şyh Käbe ogly 1964-nji ýylda 71 ýaşynda aradan çykýar.



## ÖWLÜÝÄGULY BAGŞY
(1894–1970)



Kyrkar bagşy, Hoçjy bagşy, Nazar bagşy kimin Jeýhun boýunda ýaşap geçen halypalary köp sapar diňläp, olaryň ussatlygyna maýyl bolan Öwlüýäguly bagşy 1894-nji ýylda häzirki Hojambaz etrabynyň Beşir obasynda dünýä inýär. Onuň kakasy Goç aga, oba toýlaryny sowup bilýän ortaça bagşy eken. Şonuň üçin hem Öwlüýägula ilkinji aýdym-saz terbiýesini kakasy berýär. Goç aganyň aýdýan tirme aýdymlaryny bir ýanyndan öwrenip, timarlap çykandan soň, Öwlüýägulynyň joşgunly juwan göwni uly-uly halypalara, dürli dessanlara telwas edýär. Ýigit çykan Öwlüýäguly «Pylan obada pylan bagşy aýtjakmyş» diýen habary eşiden badyna, şol oba eglenmän barar eken. Halypalary daşyndan synlap olara guwanar eken. Mümkingadar olara ýakyn oturyp, gyzykly gürrüňlerini, öten-geçen halypalar hakdaky ýatlamalaryny diňlär eken. Aýdym-saz, dessan başlanandan soň-a, bütin durky bilen «gulaga» öwrülip, olary ýigit kalbynyň törüne ýeke-ýekeden geçirer eken. Şeýdibem, Öwlüýäguly ilhalar bagşy bolup ýetişipdir. Ol diňe bir öz obalarynda ýa-da etraplarynda däl, eýsem Jeýhuny etekläp oturan beýleki oba-kentleriňem hormatly bagşylarynyň birine öwrülipdir. «Saýatly – Hemra», «Hüýrlukga – Hemra» ýaly dessanlary, «Göroglynyň» birnäçe şahalaryny kemsiz özleşdiren Öwlüýäguly bagşynyň at-owazasy diňe bir Lebap sebitlerinde däl, eýsem bütin türkmen topragynda giňden tanalyp ugraýar.

1971-nji ýylda Moskwanyň «Ylym» neşirýatynyň Gündogar edebiýaty boýunça Baş redaksiýasy «Hüýrlukga–Hemra» we «Saýatly – Hemra» dessanlaryny türkmen hem rus dillerinde çapdan çykardy. Türkmen edebiýatçy alymlary A. Durdyýewa

we B. Mämmetýazow dagy bolsa, dessanlaryň türkmen dilindäki tekstlerini neşire taýýarlapdyrlar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, professor B. A. Garryýew tarapyndan gözden geçirilip, neşir etmäge ejaza berlen şol kitapdaky teswirlemede «Hüýrlukga – Hemra» dessanynyň Nazar baga, Öre şyh, Muhy bagşy ýaly belli türkmen dessançy bagşylary bilen birlikde Hojambazdan Öwlüýäguly bagşy tarapyndan hem ussatlarça ýerine ýetirilýändigi bellenilýär. Bu bolsa Öwlüýäguly bagşynyň ökde dessançy bolandygyna ýene bir gezek şaýatlyk edýär.

Jeýhun boýlarynda uly hormata eýe bolan, ençeme ýaşlara ýol-ýörelge, nusga bolup geçen Öwlüýäguly bagşy 1970-nji ýylda aradan çykýar. Ýöne onuň geçen manyly ömri, ýerine ýetirijilik aýratynlyklary, özboluşly hörpi barada şägirtleriniň, köpsanly diňleýjileriň berýän gürrüňleri, ýatlamalary il arasynda häzire-bu güne çenli saklanyp gelinýär.

Öwlüýäguly bagşynyň esasy şägirtleri hökmünde dünýeden juda ir öten, ýöne bagşyçylyk sungatynda belli yz galdyran Jumagül bagşyny (1912–1949), Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Juma Wellekowy (1922) we beýlekileri görkezmek bolar.







## SAPAR BEKI
(1896–1964)



Sapar Beki üç tarly türkmen gyjagyna dil bitiren uly halypalaryň biridir. Onuň bagşyçylyk-dessançylyk däplerimiziň hem ösmegine eden täsiri juda uludyr. 1896-njy ýylda Daşoguz welaýatynyň häzirki Gurbansoltan eje adyndaky etrabynda dünýä inen Sapar Bekiniň ady Aly Seýit, Hanmämmet Allanur ogly, Pürli hem-de Oraz Sarylar ýaly ezberler bilen deň hatarda tutulýar. Ol şeýle hormat-sylaga Hemra şyh, Hanjan gyjakçy, Janmämmet gyjakçy, Gurbanbaý gyjakçy ýaly ussatlaryň ýerine ýetirijilik däplerine wepaly bolup ýetdi.

Il içinde, esasan, Magtymguly Garlynyň gyjakçysy hökmünde tanalan Sapar Beki, Çuwal bagşy bilen tanyşlygyndan öň, jahyl çaglary ilki Sapar süýrentginiň, soňam Öre şyhdyr Nazar baganyň ýanynda ençeme ýyllar gezip, uly tejribe toplaýar. Her haýsy uly ýol goýan bu halypalaryň özboluşly taraplaryna belet bolup, olar bilen deň gopan Sapar Bekiniň pespälligi we ezberligi Çuwalyň ýüreginde ýer alýar. Geçen asyryň 20-nji ýyllarynyň soňlarynda başlanan ysnyşykly gatnaşyk Çuwal bagşynyň ömrüniň ahyryna çenli üznüksiz dowam edýär. Iki ussadyň otuz ýyla golaý wagtyň dowamynda bolan ýerine ýetirijilik gatnaşyklary halkyna bahasyna ýetip bolmajak şatlyk paýlady. Çuwal bagşynyň diňe bir ýalaw ýaly ýiti elini däl, eýsem, näzikden duýgur, joşgunly ýüregini hem kemsiz yzarlan Sapar Bekiniň gyjagynyň jadyly owazy Oraz Gurbannyýaz, Begjan Haljan, Esen Söýün, Jumaguly Magtymguly kimin gyjakçylar üçin ýörelge mekdebi boldy. Ilaman Anna, Akjagül Myradowa, Ryzaguly Ata, Sülgün Meretgeldiýewa... ýaly bagşylaryň kämilleşmegine köp-köp hemaýat eden Sapar

Bekiniň geçen halypalyk ýoly hem bir kişä «ýükdi». Meşhur Çuwal bagşynyň türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýan onlarça ýazgylaryndan başga-da Sarman Hudaýberdi, Haljan Ataýewa, Gurban Seýitmämmet ýaly atly bagşylara köp-köp maslahatlar berip, aýdym ýazgylarynyň ençemesine zergär ussa kimin altyn-zer çaýdy. «Zer gadyryny zergär biler» diýipdir ata-babalarymyz. Uly ýol goýan Sapar gyjakçynyň belent sungatyna hormat goýan Pürli Sarydyr Sahy bagşynyňam, Tugur Berdinyýazdyr Ata Ablynyňam ýagşy ýatlamalary az däldi...



Çuwal bagşydan ýadygärlik galan naýbaşy aýdymlary ünsli diňläniňde, Sapar gyjakçynyň «oýunlaryna» haýran galýarsyň. Birden-ä, bagşy bilen alaçaly ýag kimin, süýnüp-sogup barýandyr. Birdenem «Indi, şu ýerlere-de geleweri, bagşy» diýip, şirwandanam geçip, perde gözleýändir. Aýdymyň iň kyn, çylşyrymly, bagşy saýlaýan ýerlerinden aşyp bolansoňam, «Indi peýwagtyňa gidiber» diýýän ýaly edip, ýene-de öňki kaddyna gelýändir. Hyruçlanyp edilýän säkdirmelerdäki, jukguldylardaky «oýunlaryna» bir gulak salyp görüň!



1990-njy ýylyň başynda Sapar Bekiniň dogduk mekanynda uly toý tutulýar. Çuwal bagşynyň 100 ýyllygyna bagyşlanan şol dabara Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow gatnaşyp, türkmen sungatynyň ägirtleri Magtymguly Garla we Sapar Bekä «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent adyň dakylýandygyny yglan edipdi.

Milli gyjakçylyk ýolunuň ösüp-kämilleşmegine uly täsir eden Sapar Beki 1964-nji ýylyň noýabr aýynda aradan çykdy.



# NOBAT BAGŞY

(1900–1938)



Görnükli rus alymy, sazanda etnograf W.A.Uspenskiý türkmen sazy we sazandalary barada dürli maglumatlary ýygnamak maksady bilen Türkmenistanda işe başlan ilkinji günleri uly Garly, kiçi Garly, Muhammetmyrat Nepesli ýaly bagşy sazandalar bilen birlikde Nobat bagşy bilen hem duşuşypdyr. 1925-nji ýylyň güýzünde, ýigrimi bäş ýaşly Nobat Amansähet ogly bilen Tagtabazar etrabynyň Baýraç obasynda bolan duşuşyk meşhur bagşydan ýazga geçiren eserleri, toplan maglumatlary hakda W.Uspenskiý öz kärdeşi, belli alym W.Belýaýew bilen 1928-nji ýylda çap edilen «Türkmen sazy» atly birinji kitabynda giňişleýin beýan edýär.

Ol Nobat bagşynyň çalan «Ol daglaryň» atly sazyny we aýdan «Aglar men», «Gaş bermiş», («At çapar»), «Aýjemal» diýen aýdymlaryny nota ýazgysyna geçirip, bu bagşynyň juda ussat sazanda hem bagşy bolandygyny aýratyn nygtaýar.

1900-nji ýylda dünýä inen Nobat Amansähet oglunyň ilkinji halypasy kakasy we onuň dogany Gurban bagşy bolupdyr. Gurban bagşy, sarahsly Muhy bagşynyň kakasy Aman bagşy bilen bir döwürde ýaşap, olaryň ikisem meşhur Çolak bagşydan tälim alypdyrlar.

Halypasy Gurban bagşydan, deň-duş kärdeşleri uly we kiçi Garlydan, Hydyr bagşydyr Ýazmuhammet köseden eşiden zatlaryny kalbynyň törüne geçirip, soňam zehin eleginden süzüp, halkyna täze öwüşginde paýlamagy başaran Nobadyň adynyň soňuna tiz wagtdan «bagşy» diýen uly hormaty aňladýan söz goşulyp ugraýar. Ady diňe bir Murgap boýlaryna däl, eýsem ýurdumyzyň dürli künjeklerine giňden ýaýraýar. 1929-njy ýyl-

da ol Aşgabada, häzirki Mollanepes adyndaky talyplar teatryna işe çagyrylýar. Teatrdaky işiniň daşyndan sazçylyk tehnikumynda-da ýaşlara hünär öwredýär. Dutardan başga-da, dürli saz gurallaryny ussatlyk bilen çalmagy başaran Nobat Amansähet ogly bagşyçylyk sungatynyň iň ýokary derejelerine ýetipdir. Munuň şeýledigine ondan miras galan juda az, ýöne diýseň ezberligini görkezýän aýdym-saz ýazgylary doly şaýatlyk edýär.

Il-gününe köstsüz hyzmat edip ýören bagşy ömrüniň aýny wagtynda, ýaňy otuz ýedi ýaşynda, 30-njy ýyllaryň tutha-tutlugynyň pidasy bolýar. 1937-nji ýylyň fewral aýynda «Halk duşmany» diýlip, nähak tussag edilýär hem-de 1938-nji ýylyň iýul aýynda jeza çäresi berilýär. Şol pajygaly günden ýigrimi bir ýyl soň, Nobat Amansähet ogly doly aklanýar.

Milli aýdym-saz medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşan, nähak töhmetiň pidasy bolup dünýeden öten Nobat bagşy Amansähet ogluna 1991-nji ýylyň mart aýynda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy. Onuň asylly kärini, ýerine ýetirijilik däplerini ogly Ödenyýaz Nobatow (1930–2006) dowam edip, täze belentliklere ýetirdi.

Meşhur halypanyň sazanda nesli – agtyk-çowluklary milli medeniýetimiziň dürli ugurlarynda göreldeli zähmet çekip gelýärler.







## PÜRLI SARY
(1900–1971)



Pürli Sary 1900-nji ýylda Ahal welaýatynyň häzirki Baharly etrabynyň Bamy obasynda dünýä inýär. Onuň ilkinji halypasy kakasy, meşhur Sary bagşy bolupdyr. Täçmämmet Suhanguly, Annahal bagşy, Batyr bagşy, Hanmämmet gyjakçy, Mylly Täçmyrat, Kel bagşy ýaly belli bagşy-sazandalaryň ýygy-ýygydan gelip gidýän maşgalasynda terbiýelenen Pürliniň saza bolan ukyby juda ir ýüze çykýar. Ol on-on iki ýaşlara baranda, Muhat ýonaçynyň (belli türkmen kompozitorlary Weli hem-de Nury Muhadowlaryň kakasy) ýasan gyjagyny ele alyp, Hanmämmet gyjakçydan, heniz Ahal sebitlerine ýaýramadyk bu saz guralynyň tilsimlerini öwrenip başlaýar. Tiz wagtdan Sary bagşynyň ýanynda çalmaga ýetişýär. Döwrüniň meşhur bagşy-sazandalarynyň görüm-göreldesi, galyberse-de, Sary bagşynyň halypalyk yhlasy, atalyk mähri ýigit çykan Pürlini ussatlyk derejesine ýetirýär.

Dutardyr gyjaga deň erk eden Pürli 1934-nji ýylda kakasy Sary bagşy aradan çykandan soň, oňa bagyşlap «Bagyşlanýar» diýen ilkinji sazyny döredýär. Şol ýyllar hem ol Aşgabada gelip, Türkmen radiosyndaky aýdym-saz toparyna goşulýar. Esasy işinden daşgary Sazçylyk tehnikumynda hem ýaşlara tälim berýär.

Hally bagşy, Nobat bagşy, Garly bagşy, Magtymguly Garly, Sahy Jepbar ýaly belli bagşylar bilen oba-şäherlerde, Türkmen radiosynda bolan çykyşlar Pürli Sara meşhurlyk getirýär, ussatlygyny kämilleşdirip, milli sazymyzyň dürli ugurlaryna çuň aralaşmagyna mümkinçilik berýär.

1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň öňüsyrasynda we ganym urşuň ýalynly ýyllarynda P. Saryýewiň kompozitorçylyk ukyby

has kämilleşip, birgiden aýdym-sazlar döredýär. Şoňa görä-de, ol kompozitorlar birleşmesine ilkinjileriň hatarynda kabul edilýär.

1971-nji ýylyň fewral aýynyň 6-syna aradan çykan P. SarYýewe «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy. Bütin manyly ömrüni milli aýdym-saz sungatyna bagyş edip, Ş. Gurbannepesow, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew, Ý. Nurgeldiýew, H. Annamyradow, D. Durdyýew, N. Adyýewa, G. Amanow, K. Geldimyradow ýaly bagşy-sazandalaryň ösüp ýetişmeklerine uly goşant goşan Pürli aga birnäçe ajaýyp sazlary miras galdyrdy. Ýalaw kimin ýiti, ýyldyrym çaltlygyndaky hereketli barmaklarynyň emri bilen birgiden mukamlarymyz täze öwüşgine beslendi. Käbir uly bolmadyk aýdym heňleri ösdürilip, çylşyrymly saz derejesine ýetirildi. Şeýlelikde, «Pürli aganyň çalşy» diýen özboluşly ýol-ýörelge peýda boldy. Muny «Gyrat», «Gülzar», «Işbaý», «Kerem geldi», «Kän güldi», «Nowgül», «Haraýym döndi» kimin onlarça sazlaryň mysalynda görýäris. Pürli aganyň gyjakda çalyp miras goýan «Ýaşylbaş», «Torgaý guş», «Bibi» ýaly sazlary bolsa, ussatlyga ýetişen ençeme sazandalara nusga boldy.

Uzak wagtlap Türkmen radiosynyň aýdym-saz toparyna ýolbaşçylyk eden bu halypanyň yhlasy bilen ýazga geçirilen meşhur mukamlarymyz köpçülik bolup saz çalmagyň ýokary nusgasyna öwrüldi. Şol topardan ýazgyda galan «Şatlyk», «Säherde», «Joşgun» diýen ajaýyp sazlary bolsa, häli-häzire çenli teleradio ýaýlymlarda berilýän gepleşikleri bezäp gelýär.

P. Saryýew ýogalandan soň, inisi Oraz Sarynyň agasyna bagyşlap döreden «Ýatlama» diýen sazy ussat dutarçylaryň, gyjakçylaryň höwes bilen çalýan eserleriniň hataryna girdi.





## PALTA BAGŞY
(1900–1974)



Palta bagşy Gara ogly 1900-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň häzirki Boldumsaz etrabynda Garabaý atly ökde sazandanyň maşgalasynda dünýä inýär. Palta çaga döwri ýeke jigisi bilen ilki atadan, soňam eneden jyda düşüp ýetim galýar. Ýöne onuň uly höwesi hem-de ýiti saz ukyby bolansoň, şol döwürde meşhurlyk gazanan Jumamyrat bagşy olara hossarlyk edip, özüne şägirt alýar. Häzirki Boldumsaz etrabynyň Burkut obasynda önüp-ösüp, Petek bagşy, Taganýaz bagşy, Söýeg bagşy, Berdi kör ýaly ýol goýan çowdur bagşylarynyň ýerine ýetirijilik däplerini dowam eden Jumamyrat bagşynyň (1878–1943-nji ýyllarda ýaşap geçen) gözegçiliginde kämilleşen Palta inçe sungata ýaşlykdan içgin aralaşýar. Dutarçylyk sungatyna ezberleşip, Pürli Sarynyň gaşynda saz çalyp, «sag bolsun» alan Jumamyrat bagşynyň «ak patasyny» gazanan Palta Garaýew çowdurlaryň ýene bir uly ussady Gammar bagşy Italmaz oglundan hem (1875–1939-njy ýyllarda ýaşan) örän köp zatlary öwrenýär.

Esen bagşy, Haýyt oglan bagşy, Ýazbaý gyjakçy, Baýrammät gyjakçy, Kürt (Gurt hem diýilýär) Garly, Täjibaý Gurban ýaly kärdeş deň-duşlary bilen milli bagşyçylyk sungatymyzyň çowdur şahasynyň kämilleşip, biziň günlerimize ýetmeginde Palta bagşynyň örän uly hyzmaty bar. 1960-njy ýylda halk döredijiligini öwreniji, zenan alym Sähragül Annanurowa Palta Garaýewiň ýerine ýetiren dessanlarynyň birnäçesini ýazyp, Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň golýazmalar hazynasyna tabşyrýar. Şol ýyl hem akademik Baýmuhammet Garryýewiň tagallasy bilen Palta bagşy Moskwadaky Gündogary öwreniş ylmy-barlag institutyna çagyrylýar. Bu ýerde «Görogly» epo-

syndan birnäçe tirme aýdymlar bilen bir hatarda, käbir şahalary tutuşlygyna ýazylyp alynýar. Halypa bagşydan alnan şol ýazgylar soňra türkmen edebiýatçy alymlarynyň ylmy işleri üçin baý miras çeşmesi boldy. Deň-duş bagşy-sazandalary, talapkär diňleýjiler hem-de hünärmenler Palta Garaýewe «Keşdeçi bagşy» diýip ýöne ýere at bermändiler. Ol her bir aýdýan aýdymynyň kem ýerini goýman, iň inçeden näzik ýerlerini, owunjak bezeglerini keşde kimin bezäp, ýerli-ýerinde goýardy. Munuň şeýledigine bagşynyň iň ýakyn we tapylgysyz gyjakçysy Gazak Kakaýew bilen geçen asyryň ellinji-altmyşynjy ýyllarynda aýdan köpsanly tirme aýdymlary-da şaýatlyk edýär. Ýyllaryň dowamynda kämilleşip, uly ussatlyga ýeten Palta bagşydan miras galan ýazgylaryň ençemesi Türkmenistanyň Merkezi arhiwinde, Türkmen radiosynda we beýleki birnäçe ylmy edaralarda saklanýar. Onuň aýratyn yhlas bilen aýdan «Suw ber, içeli», «Gola gel», «Geler sallana», «Selbinýaz», «Ýar ekeniň bilmedim», «Teşnit» ýaly onlarça tirme aýdymlary şu günki ýaş bagşy-sazandalar üçin özboluşly ýerine ýetirijilik mekdebi bolup hyzmat edýär. Halypanyň tälimini alan zehinli şägirtleriniň birnäçesi onuň bagşyçylyk usullaryny dowam edip, milli sazymyzyň ösüşine önjeýli goşant goşýarlar. Kakasy Garabaý sazandanyň kesbini kär edinip, giň diňleýjiler köpçüliginiň göwnüni awlan Palta bagşa 1964-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly at dakyldy. Belli dessançy, tirmeçi hem-de ýomakçy Palta Garaýew 1974-nji ýylda aradan çykdy.







## DURDY MYRAT
(1902–1972)



Durdy Myrat Murgap sebitleriniň iň meşhur dutarçylarynyň hem-de uly halypalarynyň biridir. Onuň ilik-düwme edip, kemini goýman çalan ajaýyp sazlary, şol nusgalyk sazlar esasynda peýda bolan özboluşly ugur milli dutarçylyk senedimiziň kämilleşmegine we baýlaşmagyna uly goşant boldy. 1902-nji ýylda Mary welaýatynyň Murgap etrabyndaky Mülkýazy obasynda dünýä inen Durdy Myradyň esasy halypasy, ýurdumyzyň dürli ýerlerinde ady giňden ýaýran ezber sazanda Gurbandurdy Mahy bolupdyr. Ilki aýdym-sazdan azda-kände başy çykan kakasyndan, soňam Gurbandurdy Mahydan tälim alan Durdy Myradow örän gyzykly hem-de köptaraply durmuş we ýerine ýetirijilik ýoluny geçipdir. Hydyr bagşy, Nobat bagşy, Garly bagşy ýaly tutuş ýurdumyzda giňden tanalan meşhur halypalaryň aýdan, çalan özboluşly aýdym-sazlaryny yzygiderli diňläp, olar bilen köp gezek duşuşan Durdy ençeme ýyllap Aşgabatda hem ýaşaýar. Ahal sebitleriniň uly halypalarynyň, deň-duş, kärdeş bagşy-sazandalarynyň birnäçesi bilen ýakyndan tanşyp, Türkmen döwlet filarmoniýasynda esli wagtlap bile işleşýär.

1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň gazaply söweşleriniň ençemesine gatnaşan Durdy Myrat şeýle çaknyşyklaryň birinde bir gözüni aldyryp, näsaglygy sebäpli Aşgabada dolanyp gelýär we ýene-de filarmoniýada işe başlaýar. Bu ýerdäki halk saz gurallary topary bilen ýurdumyzyň dürli welaýatlarynda, etraplarynda guralýan çykyşlara gatnaşyp, ussatlygyny has-da kämilleşdirýär.

Ömrüniň soňky çärýek asyr çemesi döwrüni Türkmengala etrabynda ýaşan Durdy sazanda bu ýerde halypalyk işine-de girişýär. Etrabyň zehinli ýaşlarynyň uly toparyny bir ýere jem-

läp, olaryň ezberlige ýetişmekleri üçin köp tagalla edýär. Şeýlelikde, Durdy Myradyň özboluşly ýerine ýetirijilik ýoluny dowam ediji Durnazar Hudaýberenow, Bäşim Geldiýew, Orazgeldi Hallyýew ýaly atly dutarçylar ýetişýär.

Durdy Myradyň ýerine ýetirijiligi Mary sebitleriniň beýleki birnäçe dutarçylarynyň çalyşlaryndan diýseň akgynlylygy, sadadan merdemsiligi, iň esasy-da anyklygy we takyklygy bilen tapawutlanýar. Şeýle tapawutlary onuň 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda ýazga beren we häzire çenli Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanan «Sallanan gözel», «Oýanmazmyň», «Şordan tapyldy», «Körpe gyzy», «Zöhre jan» ýaly sazlarynyň mysalynda aýdyň görmek bolýar. Durdy Myradyň şeýle özboluşly ýerine ýetirijiliginiň ýüze çykmagynyň esasy sebäpleriniň biri-de onuň Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Sahy Jepbar ýaly beýik halypalary kän diňläp, bellibir derejede olaryň taýsyz ýol-ýörelgelerine eýerendiginde bolsa gerek. Bu sazandanyň özboluşly ugrunyň döremegine Türkmen döwlet filarmoniýasynda bolup, Hojamämmet Täçmämmedow, Şamyrat Gurbannepesow, Çary Täçmämmedow, Oraz Saryýew, Gurbandurdy Jeňow, Nurmyrat Annaýew, Nurjemal Adyýewa, Nabat Nurmuhammedowa, Tugur Berdinyýazow ýaly birgiden bagşy-sazandalar bilen egin-egne berip işleşmegi hem uly täsirini ýetiripdir.

Beýik Garaşsyzlyk zamanamyzyň ilkinji ýyllarynda bu ezber halypanyň özboluşly sungatyna uly sarpa goýlup, «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent at dakyldy. Türkmengala etrabynda onuň öý – muzeýi döredilip, şol ýerdäki mekdepleriň birine ady dakyldy.

Durdy Myrat 1972-nji ýylda aradan çykdy.







## BEGMYRAT BAGŞY
(1903–1979)



Damana bagşyçylyk ugrunyň änew şahasynyň görnükli wekilleriniň biri, Türkmenistanyň halk bagşysy Begmyrat Hojamyrat ogly 1903-nji ýylda Ahal welaýatynyň häzirki Ak bugdaý etrabyndaky Änew obasynda dogulýar. Aňyrsy aýdym-sazy kesp-kär edinen Begmyradyň çagalykdan oýnagy dutar-gyjak, dilli tüýdük bolýar. Oba toýlarynda bagşy-sazandalaryň edýän çykyşlaryny yzygiderli diňlemegi, kakasy Hojamyrat aganyň dutar çalyp, aýdym aýdyşy Begmyradyň sungata bolan höwesini has-da artdyrýar. Soňabaka onuň özi toýlara, deň-duşlarynyň gurnaýan oturylyşyklaryna çagyrylyp başlanýar. Iliň öňüne çykyp, köpçülige hezil berjek bolsaň, bäş-on sany aýdym öwrenip oňup bolmajakdygyna göz ýetiren Begmyrat repertuar örüsini giňeldýär. Dessanlary, nusgawy şahyrlarymyzyň goşgularyny öwran-öwran okap, öz labzyna, ukybyna kybapdaşlaryny saza goşup aýdyp ugraýar. Oraz salyr, Çuwal bagşy, Sahy Jepbar ýaly bagşylary, Mylly aga, Pürli aga ýaly sazandalary köp diňläp, ýerine ýetirijilik «goruny» baýlaşdyrýar.

Milli bagşyçylyk sungatymyzyň özboluşly ugurlarynyň biri hasaplanýan damananyň änew şahasynyň esasy halypasy, meşhur Durdy bagşynyň agtygy Begmyrat Hojamyradow uly ýerine ýetirijilik ýoluny geçdi. Ol Türkmenistanyň halk artistleri – dutarçy Ýagmyr Nurgeldiýew, gyjakçy Ata Ablyýew, Türkmenistanyň at gazanan artisti, gyjakçy Saparguly Işangulyýew dagy bilen ençeme toýlary sowdy. Bu ussatlaryň sazandarlyk etmeginde Türkmen radiosynda we telewideniýesinde göni ýaýlymda onlarça sapar çykyş edip, aýdym-saz muşdaklarynyň göwnüni awlady. «Dostmämmet», «Ýaryň güli geldi», «Gara göz» kimin

damana ugrunyň belli aýdymlaryny ýazga berip, diňleýjilere ýadygärlik galdyrdy. Ol aýdymlar häzir Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar.

Belli sazandamyz, mukamçy kompozitor Ýagmyr Nurgeldiýew Begmyrat bagşy bilen uzak ýyllaryň dowamynda ýakyn aragatnaşykda boldy. Köp ýerlerde oňa sazandarlyk etdi. Begmyrat aganyň özboluşly hörpde aýdan «Bu jennetdir» diýen aýdymynyň heňini Ýagmyr halypa has özgerdip, kämilleşdirip, gutarnykly many-mazmunly saz derejesine ýetirdi. Ýagmyr Nurgeldiniň döredijilik ylhamynyň joşguny bilen Begmyrat bagşynyň aýdan «Bu jennetdir» atly halk aýdymy, täze öwüşgin bilen beslenip, dürli görnüşli aýdym-saz toparlarynyň ürç edip ýerine ýetirýän eserleriniň birine öwrüldi.

Begmyrat bagşy hemişe başy ak silkme telpekli gezerdi. Ol inçesagt, arrykdan uzyn adamdy. Köp ýyllap paýtagtymyzyň häzirki Köpetdag etrabynyň çägindäki baglara bagbançylyk edipdi. Agşamlaryna telewizorda eli dutarly aýdym aýdyp oturan ýaşulyny, ertesi baglaryň arasynda eli pilli ençeme gezek görüpdik. Ol 1979-njy ýylda aradan çykdy.

6. Sargyt № 1531

# SAHY JEPBAROW

(1905–1977)



Heniz on-on iki ýaşlaryndaka inçeden näzijek, emma örän belentden owadan sesi bilen aýdym aýdyp, «Oglan bagşy» adyny alan, soňra bolsa «beýik» diýilýänleriň hataryna goşulan bu meşhur halypa 1905-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dünýä inýär. Ilki agasy Allaberdi Jepbardan, soňra garyndaşy, oba bagşysy Şyhdurdy Garadan ilkinji saz tälimini alýar. Obadaşy Täçmämmet Suhangulynyň tagallasy bilen Aşgabada gelip, halypasy Hally bagşy bilen tanşyp, oňa şägirt durýar. Ýetmişden geçen halypasyndan köp zatlary öwrenýär. Diňe Hally bagşydan däl, ömrüniň ahyrky ýyllaryna çenli Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Çuwal bagşy ýaly beýikleriň aýdym-sazlaryny diňläp, ussatlygyny taplap geçen Sahy bagşy: «Ýokary derejä ýetip, hemme zady bilýändirin öýden günüňiz, işiňiziň gaýtdygydyr» diýip, öwüt-ündew bererdi.

1937-nji ýylda «Sahy bagşy» adyny alyp, halkyna ýiti zehinini, başarnygyny äşgär eden S. Jepbarowa Türkmenistanyň hökümeti uly aýdym-saz toparyny döredip, oňa ýolbaşçylyk etmegi tabşyrýar. Bu jogapkärli işe jany-teni bilen girişen Sahy ýurdumyzyň dürli ýerlerinden iň görnükli bagşy-sazandalar bilen bir hatarda, zehinli oglan-gyzlary hem Aşgabada çagyrýar.

Hally bagşy, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Garly bagşy, Magtymguly Garly, Oraz Salyr ýaly halypalar, Baky Maşak, Hojanazar Berdi, Durdy Myrat, Giçgeldi Aman, Oraz Sopy ýaly deň-duş kärdeşleri bilen maslahatly geçirilýän yzygiderli işler oňyn netijesini berip ugraýar. 1938-nji ýylda bolsa, döreden ajaýyp aýdym-saz toparynyň döwlet öňündäki hasabaty üstünlikli geçip, oňa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent at

dakylýar. Soňra şol toparyň esasynda Türkmen döwlet filarmoniýasy açylyp, ondaky halk-saz gurallar orkestri, Döwlet hory, tansçylar, bagşylar toparlary peýda bolýar...

Türkmen döwlet filarmoniýasynyň we Türkmenistanyň kompozitorlar birleşiginiň döredilmegi üçin alnyp barlan guramaçylyk çärelerine işeňňir gatnaşan Sahy Jepbarow tä ömrüniň ahyryna çenli olaryň ýolbaşçy hem-de hormatly agzalarynyň hatarynda boldy.

Ilkinji döreden aýdymlary geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ortalarynda peýda bolan Sahy Jepbarowyň zehininden «Şahyrym», «Altyň biri», «Nepes sen», «Näzleriňden» ýaly «çyn» aýdymlaryň onlarçasy dyňzap çykyp, şu günler hem milli saz döredijiligimize nur çaýýar. Onuň Oraz Sary, Çary Gurban, Ata Ably ýaly gyjakçylar, Jepbar Hansähet, Çary Täçmämmet, Ýagmyr Nurgeldi, Akmyrat Çary kimin dutarçylar bilen aýdan aýdymlarynyň ýazgylary bolsa Garaşsyz ýurdumyzyň sazhon diňleýjileriniň göwnüni göterip, olary täze ýeňişlere ruhlandyrýar.

Sahy Jepbardan tälim alyp, hormatly atlara mynasyp bolan G. Jeňow, H. Annamyradow, D. Durdyýew, N. Baýramow, M. Garaýew, H. Jelilow, O. Döwletnazarow ýaly zehinli şägirtleri halypanyň ýerine ýetirijilik, döredijilik däplerini dowam edip, özleriniň şägirtlik borçlaryny ödediler.

1977-nji ýylyň tomsunda dünýeden gaýdan Sahy Jepbarowa (merhum) 1988-nji ýylda Magtymguly adyndaky döwlet baýragy berildi.







## BAKY MAŞAKOW
(1905–1977)



«Mary sebitlerindäki belli tüýdükçileriň ençemesini köp gezek diňlemek maňa-da nesip etdi. Olar Annaguly Sary, Sähet Torly, Soltan tüýdükçi, Ýakup naýçy, Muhammetmyrat Nepesli dagylar. Bakynyň esasy halypasy Ýazmuhammet Köse bilen-ä köp wagtlap bile-de işledik. Ýöne sazanda tanaýşym çyn bolsa, Bakyň ussatlygy olardanam has ýokarymyka öýdýän» diýip, Sahy Jepbarow ýetmişinji ýyllarda bolan söhbetdeşlikleriň birinde deň-duş kärdeşine uly baha beripdi.

1905-nji ýylda häzirki Mary welaýatynyň merkezini etekläp oturan obalaryň birinde dünýä inen Bakynyň çagalykdan oýnagy ilki dilli, soňam gargy tüýdük bolýar.

Milli tüýdük sazymyzyň has örňäp-ösen ýeri bolan Murgap boýundaky obalarda tutulýan toýlaryň tüýdüksiz geçýäni az-az eken. Bir görseň, dyzba-dyz oturyp çalýan goşa tüýdükçiniň owazy eşidilip durandyr, bir görseňem, goşa tüýdügiň gapdalynda ýanamaçy bagşy aýdyp oturandyr. Ine, şeýle toý-dabaralaryň bezegine öwrülip, ussatlygyň ýokary basgançaklaryna galan Agajan tüýdükçi, Döwletdurdy tüýdükçi, Peýdaguly tüýdükçi, Ýazmuhammet Köse ýaly halypalaryň ýerine ýetirijilik däplerini dowam etmek bagty Baky Maşakowa miýesser edýär. Ýöne şeýle derejä ýetmek üçin ol çarkandakly, azapdan doly kötelli ýollary geçýär.

Otuz-otuz üç ýaşlarynda tüýdüge başarnykly erk eden Baky 1937-nji ýylda Sahy Jepbarowyň tagallasy bilen ýaňy döredilen aýdym-saz toparyna kabul edilýär. Türkmen döwlet filarmoniýasy döredilen badyna-da ol ýerde işe durýar. Ýurdumyzyň dürli ýerlerinden gelen ýanamaçy bagşylaryň hem-de tüýdüge

goşulyp aýdym aýtmaga höwesekleriň köpüsine sazandarlyk edip, obama-oba aýlanýar. Radioda yzygiderli çykyş edýär. Olaryň arasynda Garly bagşy, Oraz Salyr, Nursähet Halsähet, Kiçi Geldimyrat ýaly atly bagşylar bardy. Ýöne 50-nji ýyllarda dürli sebäplere görä işden çykarylan Baky Maşakow tä ýetmişinji ýyllaryň başyna çenli garawullyk, miraplyk edip gezmeli boldy.

60-njy ýyllaryň ahyrlarynda D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesine ýolbaşçy bolup gelen, milli sazymyzyň edenli janköýerleriniň biri kösenip ýören Baky agany işe kabul edýär. Şol döwürdenem Baky Maşakowyň halypalyk ýoly başlanýar. Ýörite sazçylyk orta mekdebiniň milli saz gurallary bölüminde okap, tüýdük saz guralyny öwrenmäge höwesli ýaşlaryň birnäçesi Baky aganyň tälimlerini alyp ugraýar. Şeýdibem ömrüniň ahyrky günlerine çenli şol ýerde mugallymçylyk eden Baky Maşakowyň ilkinji şägirtleri peýda bolýar.

Baky aganyň aýratyn yhlas bilen çalyp ýazgyda galdyran sazlaryny üç döwre bölmek bolar. Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýan ýetmiş töweregi sazyň ilkinji tapgyry 50-nji ýyllaryň öňüsyrasynda ýazylypdy. Tapylgysyz tüýdükçiniň miras galdyran ýazgylarynyň ikinji bölegi 60-njy ýyllaryň soňlarynda çalnypdy. Ýazgylaryň üçünji bölegi bolsa, 1970–1972-nji ýyllar aralygynda kabul edilipdi. «Serwaz heňi», «Börügimi bersene», «Lotular mukamy», «Gelin ýörişi», «Küýzeli gyz», «Çuwal serpen» ýaly asyrlary başdan geçiren sazlaryň asyl nusgasy diňe Baky aganyň çalmagynda biziň günlerimize ýetip geldi.

1977-nji ýylda aradan çykan Baky Maşakowa beýik Garaşsyzlyk zamanamyzyň ilkinji aýlarynda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent at dakyldy.







# GIRMAN BAGŞY
(1906–1950)



Girman bagşy Ýagşysähet ogly – onuň çyn ady Orazsähet bolup, Girman kakasynyň dakan lakamydyr. Ol 1906-njy ýylda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Amanşagapan obasynda dünýä inýär. Kakasy Ýagşysähet hem oba toýlaryna aýdym-saz edip gatnaşypdyr. Ýagşysähet burkaz tiresinden bolansoň, ýanama aýdyp ýören bagşynyň ady oba arasynda Ýagşysähet burkaz diýlip tutulypdyr. Oglanlykdan Ýagşysähet aganyň ýany bilen köp-köp toýlary gören Girman, soňra Murgap sebitlerinde giňden tanalan Annaesen bagşydan hem kän tälim alyp, ussatlygy birçene ýetensoň, bu halypanyň ak patasyna mynasyp bolýar.

«Çyn bagşy boljak bolsaň, dutara ökdelegin. Ýogsam meniň ýaly ýanamaçy bolarsyň. Ýanama diýmegem sazandaňa elgarama bolmakdyr» diýip, kakasy Ýagşysähet burkazyň kän sapar gaýtalap beren pendi-nesihatyna Girman ýaşlykdan ygrarly boldy. Tejende ýaşan döwürleri ol Mylly Täçmyradyň bu ýere gelende çalan sazlaryny köp diňläpdi. Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Garaýap obasyna göçüp baranlaryndan soň bolsa, Garly bagşyny, Nobatdyr Hydyr bagşyny kän diňläp, ussatlygyny kämilleşdiripdir.

Ilki köp ýyllap Girman bagşy dagy bilen goňşy obadaş bolup ýaşan, soňra Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasyna göçüp gelen, segseni dolup barýan Annamuhammet agadan ussat hakda köp zatlary diňläpdik. Girman bagşynam, inisi Myrat bagşynam kän gezek gören şol ýaşulynyň gürrüňine görä, Girman bagşy Ýagşysähet oglundan miras galan oýnam sany aýdymyň gramplastinka ýazylmagyna Şaja Batyrow sebäp bolupdyr. Türkmen bagşy-sazandalaryny ýazmak üçin ýörite toparyň Aşgabada

geljek uçurlary, Şaja Batyrow degişli guramalaryň üsti bilen Girman bagşyny Aşgabada çagyrýar. «Siziň ýaly halkyň halaýan adamlaryny ýazgy edip, geljekki nesiller üçin ýadygärlik alyp galmak biziň borjumyz. Möhümiňiz bolsa çekinmäň-de aýdyberiň» diýip, ýazgy bermäge boýun edýär. Mylly Täçmyratdyr Sahy Jepbara bolsa bagşyny ýazga kemsiz taýýarlamagy tabşyrýar. Şeýlelikde, taýsyz ussatlykda ýerine ýetiren ýüzlerçe aýdymlaryndan diňe dördüsi nesillere ýadygärlik galýar. «Ala gaýyşly», «Şelepli durna», «Gürjiniň», «Düşmüş» atly şol oýnam sany ýazgy bagşynyň beýikliginden habar berýän esasy subutnamalaryň biridir.

Çig ýüpekden işilip, dartylan goşa tarly ýeke tamdyra bilen aýdylan şol ýazgylaryň täsinligine, aýdymlaryň her haýsynyň özüne laýyk depginde, şowhun bilen aýdylyşyna haýran galýarsyň. Käte pessaýdan, käte hem belent perdelere galyp edilýän «goşa jukguldylar», hemleli «hüýýüldiler», kä şabram, kä çirtüwli kakuwlaryň sazlaşykly sepleşip gidişi diňleýjide üýtgeşik ýakymly duýgy oýarýar. «Ýene bir gezek diňlesemdim» diýdirýär. Hut şonuň üçin hem bu ýoluň – Girman bagşynyň özboluşly usullarynyň hyrydarlary ýylsaýyn artýar. Ogly Patyşaguly Girman «Türkmenistanyň halk bagşysy», obadaşy Myrat Gulmyrat «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ada hut şu ýol-ýörelgä eýerip mynasyp boldy.

Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Magtymguly Garly, Sahy Jepbar, Durdy Myrat ýaly halk bagşylary bilen höwes bilen «goş döküşen» Girman bagşy Marynyň Kemine adyndaky teatrynda işlän ýyllary, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ençeme gezek saparda bolup, sazhon halkymyzyň göwnüni awlapdy. Şeýdibem, halkynyň sylag-söýgüsini gazanypdy.

«Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylan Girman bagşy 1950-nji ýylda aradan çykýar.

## GIÇGELDI AMANOW
(1906–1980)



Giçgeldi Amanow ömrüniň köp bölegini Türkmen radiosynyň ýanyndaky halk saz gurallary toparynda işläp, häli-şindi radioda çykyş eden bagşy-sazandalarymyzyň biridir. Halk aýdym-sazymyzyň hakyky «ussahanasyna» kysymdaş bu toparda şol ýyllarda Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Geldi Ugurlyýew, Çary Täçmämmedow ýaly halypalar işlärdi. Olar Kiçi Geldimyradow, Nurjemal Adyýewa, Çary Ödekow, Tugur Berdinyýazow ýaly belli bagşy-sazandalar bilen dürli konsertlerde yzygiderli çykyş edip, öz ussatlyklaryny kämilleşdiripdiler.

1906-njy ýylda Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda dünýä inen Giçgeldiniň aýdym-saza bolan ilkinji ynamly ädimleri Gyzylarbadyň Wagon abatlaýyş zawodynyň höwesjeňler toparyndan başlapdy. Şol döwürde ol ýerdäki zehinli ýaşlary saýlap-seçip, olary bagşyçylyk, dutarçylyk sungatyna ugrukdyran Sahy Jepbardy. Geçen ýüzýyllygyň otuzynjy ýyllarynyň başlarynda Giçgeldiler Aşgabada göçüp gelýär. Şondan soň ol bagşyçylyga ymykly baş goşup, Täçmämmet Suhanguly, Oraz salyr, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Sahy Jepbar ýaly ussatlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar. Türkmen drama teatryndaky, soňra Türkmen filarmoniýasyndaky we Türkmen radiosyndaky aýdym-saz toparlarynda işläp, hünär ussatlygyny barha ýokarlandyrýar.

Dürli döwürlerde gramplastinka üçin edilen ýazgylara gatnaşyp, özüni köpçülige giňden tanadyp ugran G. Amanow deň-duş kärdeşleri, halypalary bilen birlikde 1944-nji ýylda Daşkentde, 1955-nji ýylda bolsa Moskwada geçen türkmen

medeniýetiniň we sungatynyň uly baýramçylyklarynda üstünlikli çykyş edipdi.

Ilkinji ýazgylaryny Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary ýaly halypalary bilen geçiren Giçgeldi Amanowyň Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda elliden köpräk aýdymlarynyň ýazgysy saklanýar. Çary Täçmämmedow, Jepbar Hansähedow, Tugur Berdinyýazow ýaly ussat dutarçylaryň, Ata Ablyýew, Çary Ödekow, Garýagdy Alyýew kimin halypa gyjakçylaryň sazandarlyk etmeginde geçirilen şol ýazgylar, bu bagşynyň özboluşlylygyny doly ýüze çykarýar. Giçgeldi Amanowyň aýratyn hyjuw, yhlas bilen ýerine ýetiren birgiden täze hem-de halk aýdymlarynyň ýazgylary onuň hakyky ilhalar bagşy bolandygyna şaýatlyk edýär. Muňa mysal edip, diňe «Ýylgaýlar», «Meýdan içinde», «Daglar», «Saçyň», «Nergiz» ýaly aýdymlary görkezmek hem ýeterlikdir.

Sary bagşy, Hally bagşy, Oraz salyr, Garly bagşy, Sahy Jepbar ýaly halypalary irginsiz diňläp, juda köp özboluşly öwrümleri, tilsimleri kalbyna siňdiren, soňam özüçe işläp, «bişirip», halkyna ýetiren Giçgeldi Amanowa ilki «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 1944-nji ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlar dakyldy. Juda hoşgylaw, kiçi göwünli, ussat bagşy 1980-nji ýylda dünýeden ötdi. Ýöne onuň miras goýan ýazgylary häzire-bu güne çenli ýaňlanyp gelýär.

# BAÝAR BAGŞY
(1908–1976)



Baýar bagşy Baýram ogly – Pälwan bagşy, Sapar süýrentgi, Nazar baga ýaly özboluşly ýol goýan, ençeme şägirtler ýetişdiren uly ussatlaryň ýerine ýetirijilik däplerini dowam edenleriň biridir. Ol 1908-nji ýylda Köneürgenç etrabynyň «Daýhan birleşik» obasynda dogulýar. Kakasy Baýram aga bütin ömrüni daýhançylyk bilen geçiripdir. Obadaşy Ynak bagşydan we faryndaşy Rejep bagşydan dutar çalmagyň ýönekeýje tilsimlerini öwrenip ugran Baýaryň esasy halypasy Nazar bagadyr. Sungatyň kötelli ýollarynyň agramly bölegini bu halypasynyň gözegçiliginde geçen Baýar tirmeçilik we dessançylyk däpleriniň iň çylşyrymly usullaryny kemsiz ele alýar. Şeýdibem geçen asyryň otuzynjy ýyllarynyň aýaklarynda Nazar baganyň ak ýol arzuw edip, halys ýürekden beren ak patasyny alýar.

Halypasy Nazar baga dünýeden gaýdansoň, onuň ýanynda köp ýyllap sazandarlyk eden Töre gyjakçy Baýar bagşy bilen galyberýär. Nazar halypanyň ähli «emellerine» içgin belet bolan Töre gyjakçy bilen geçilen ýyllar Baýaryň has kämilleşmegine getirýär. Soňam Çuwal bagşy bilen köp ýyllap işleşen Berdibaý gyjakça sataşan Baýar Baýramow bu ussatdanam köp kämillik alýar. Daşoguz sebitlerinde uly at alan gyjakçy Gazak Kaka bilenem ençeme toýlary sowan Baýar bagşy, ömrüniň soňky on-on bäş ýylyny ýene bir ussat bilen – Esen Söýünow bilen tirkeşipdi. Baýar bagşydan miras galan aýdymlaryň bir böleginde gyjagyny Gazak Kaka çalan bolsa, ikinji bir toparynda çalan Esen gyjakçydy.

1967-nji ýylyň ýazydy. Baýar bagşy Esen Söýün bilen radio gelip «Aýralyk», «Ussadym», «Nalyş», «Gyzyl donly» kimin

bagşy saýlaýan birgiden aýdymlaryny ýazdyryp bolan badyna, Sahy bagşa gabat gelipdi. Şonda Sahy halypa onuň ussatlygyna göwni ýetip: «Bütin goruňy halkyňa jomartlyk bilen paýlamalydyr. Şonuň üçinem bu ýerik köpräk gelip, bileniňi ýazdyrmaly. Mundan on-on iki ýyl öňki ýazga beren «Setparaňy», «Hal Leýliňi», «Sowraldyňy», «Bibiňi», «Durnalaryňy» men-ä hezil edip diňleýän. Tüweleme, halypaň Nazar bagany ýatladyp dursuň. Men ony köp diňläpdim» diýip, hem-ä oňa berekella aýdypdy, hemem halypalyk nesihatyny beripdi...

«Şasenem–Garyp», «Hüýrlukga–Hemra», «Gül–Bilbil» dessanlaryny, «Görogly» eposynyň ençeme şahalaryny, onlarça tirme aýdymlary ussatlyk bilen ýerine ýetiren Baýar bagşydan ýadygärlik galan ýazgylar onuň ýokary ussatlygyny görkezýär. Olar Türkmen radiosynda, Merkezi döwlet arhiwinde saklanýar. 1964-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýlen hormatly ada eýe bolan halypa bagşa mynasyp şägirtler hem ýetişdi. Muny Tüýli Otuzow, Jumamyrat Hamyýew, Pirjan Moşşyýew, Ýagşygeldi Moşşyýew, Mämmet Meredow ýaly ilhalar bagşylaryň mysalynda görmek bolýar.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda, 1992-njy ýylyň ilkinji aýy bu ussadyň hatyrasyna dogduk mekanynda uly toý tutuldy. Ýurdumyzyň dürli ýerlerinden hem-de goňşy döwletlerden gelen bagşy-sazandalar, aýdyjylar we dessançylar şol dabara gatnaşyp, Baýar bagşynyň ussatlygy, belent adamkärçiligi hakda kän gürrüň etdiler. Dabaranyň soňy aýdym-saza ýazdy, dessan aýdyldy.

Baýar bagşy Baýram ogly 1976-njy ýylda aradan çykdy.



## MUSTAK AÝMEDOW
(1910-1983)



Lebap sebitleriniň häzirki atly bagşylarynyň, ussatlygy birçene ýeten sazandalarynyň haýsy biri bilen söhbetdeş bolsaňam, Mustak bagşyny hormat bilen ýatlaýarlar. Onuň özboluşly hörpde aýdan aýdymlarynyň ýazgylary bolsa, milli bagşyçylyk senedimize täsin bezeg berýär. Lebaply bagşylaryň aýdýan aýdymlaryna içgin üns berseň, onda Mustak halypanyň ýerine ýetirijilik hörpüniň, usullarynyň täsirini aç-açan duýýarsyň. Bu bolsa ömrüniň agramly bölegini milli medeniýetimize bagyşlan Mustak Aýmedowyň geçen täsin hem-de çylşyrymly ýolunyň, bagşyçylyk sungatymyzda özgäniňkä meňzemeýän, täsirli yz goýandygyna şaýatlyk edýär.

1910-njy ýylda Hojambaz etrabynyň Burdalyk obasynda dünýä inen Mustagyň ýaşlykdan, gaşynda oturyp diňlän ilkinji bagşysy hem-de esasy halypasy Hoçjy bagşy bolupdyr. Ussadynyň uly toýlary abraýly sowup, diňleýjileriň halys ýürekden aýdýan «Allaýalkasynlaryny» alşyny kän gezek görüp, guwanç bilen synlan Mustagyň hem toý sowýan bagşy bolasy gelýärdi. Ýigit kalbyndaky arzuwynyň myrat tapmagy üçin gözlegde gezen ýaş zehin soňra Öwlüýäguly bagşy, Jumagul bagşy ýaly ärsary bagşyçylyk ugrunyň halypalaryndan hem kän zatlar öwrenýär...

1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşunyň aldym-berdimli söweşlerine gatnaşyp, sag-aman gaýdyp gelen Mustak Aýmedow ilki Halaç etrabynda daýhançylyk edýär. 1951-nji ýylda bolsa Esenmeňli obasyndaky orta mekdebiň çeper höwesjeňler toparyna ýolbaşçy bellenilýär. Aýdym-saz ummanyna barha çuň aralaşyp ugran Mustak bagşa 1960-njy ýylda häzirki Atamyrat

etrabynyň Astanababa oba medeniýet öýünde dutarçy gyzlaryň toparyny döretmek tabşyrylýar. Diňe bir etrapda ýa-da welaýatda däl, eýsem tutuş ýurt boýunça geçirilýän çärelere-de işjeň gatnaşan bu topara ömrüniň ahyryna çenli ýolbaşçylyk edýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalarynda Mustak Aýmedowyň hoş owazly aýdymlary ýurdumyza giňden ýaýrap başlaýar. Şol döwürlerde birnäçe sapar Aşgabada, Çary Täçmämmedowyň ýolbaşçylygyndaky aýdym-saz toparyna gelip, halypalar bilen esli günläp işleýär. Halk aýdym-sazymyzyň özboluşly merkezine öwrülen topardaky hünärmenleriň belliklerini diňläp, maslahatlaryny alýar hem-de radionyň altyn hazynasy üçin ilkinji ýazgylaryny berýär. Sungat ussatlarynyň «ak patasyny» alan «Demir donly», «Gyrat», «Halal bolsun», «Gara saç» ýaly aýdymlaryň ýazgy sany artyp, ýedi-sekiz oýnama ýetýär. Mustak bagşynyň ýerine ýetirijilik aýratynlygyny, şol sanda Lebap sebitleriniň bagşyçylyk sungatynyň täsin taraplaryny doly görkezýän aýdymlaryň käbiri türkmen telewideniýesinde ýörite surata düşürilýär.

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryndan 80-nji ýyllarynyň başlaryna çenli ärsary bagşyçylyk ugrunyň kerwenini çeken Mustak Aýmedow sebitiň bagşyçylyk sungatynyň ýerine ýetirijilik aýratynlyklarynyň kämilleşmegi üçin yzygiderli alada edýär. Zehinli ýaşlaryň bu inçe senede goşulmaklary üçin ýadawsyz iş alyp barýar. Şeýlelikde, täsin bagşyçylyk ýolunyň Musaguly Ýazmyradow, Haýytly Mämmetdurdyýew, Allaşükür Çaryýew, Rozy Muhammedow, Seýitmyrat Ýazmyradow, Gurbandurdy Öwezow ýaly görnükli wekilleri kemala geldi. Olaryň birentegi Mustak bagşynyň miras galdyran gymmatly ýazgylaryndan kemal tapyp, hormatly atlara eýe boldular.

1964-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly ada mynasyp bolan Mustak Aýmedow 1983-nji ýylyň güýzünde, 73 ýaşynda aradan çykdy.







# KIÇI GELDIMYRADOW

(1911–1976)



«Meniň ilkinji esasy halypalarymyň biri meşhur Amangeldi Göniniň at dakylany, «Ýagtylyk» diýen şowly çykan sazy döreden, mukamçy kompozitor Amangeldi Gönübekowdy. Ol 20-nji ýyllaryň ahyrlarynda Tejen sebitlerindäki obalaryň birinde arçyndy. Soň ýene-de öz dogduk mekanyna gaýdypdy. Men Amangeldi aga bilen 30-njy ýyllaryň başlarynda, Aşgabada göçüp gelenimizden soň ýakyndan tanyşdym. Şol wagt ol häzirki Mollanepes teatrynda sazanda bolup işlärdi. Özboluşly sazandady. Köp aýdym-saz bilerdi. Biz öň tüýdüge sesimizi goşup, bäşdir-üçdür aýdymyň başyny zordan çatardyk. Amangeldi aga şonda meni ýanyna çagyryp: «Oraz salyram öň diňe tüýdük bilen aýdardy. Dutara soň guşulyşyp ugrady. Senem dutar bilen öwrenseň, tiz hem dogry öwrenersiň» diýip maslahat berdi. Ine, «Meňzär», «Hemraýym», «Gola gel», «Dag arman», «Ýar gara gözli» ýaly aýdymlary, şeýdip, şol halypamdan öwrenipdim» diýip, 60-njy ýyllaryň ortalarynda, Türkmen radiosynda işlän döwri gürrüň beripdi.

1911-nji ýylda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Ýarygökje obasynda doglan Kiçi Geldimyradowyň çagalyk we ýetginjeklik döwri obada, çopançylykda geçýär. Deň-duşlary bilen gargydan tüýdük ýasanyp, biri çalyp, beýlekisi aýdyp, saza bolan ukybyny kämilleşdiren oglanlardan öňe saýlanan Kiçi, Aşgabada gelip uly halypalara sataşýar. Olaryň aýdym aýdyp, saz çalyşlaryny ýanyndan synlaýar, diňleýär. Şeýdip, Oraz salyr, Garly bagşy, Täçmämmet Han, Amangeldi Gönübekow, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Baky Maşak ýaly halypalar bilen işleşip ugraýar.

Bagşyçylyk sungatynyň çylşyrymly usullaryny kemsiz ele alyp ugran Kiçi Geldimyradowyň ilkinji aýdymlary Türkmen radiosynda ýaňlanyp başlaýar. Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew ýaly beýik halypalaryň gündelik geçýän türgenleşik işleri Kiçi bagşynyň aýdym-saz sungatyna has içgin aralaşmagyna, ýerine ýetirijiliginiň kämilleşmegine ýardam berýär. Ol halk aýdymlary bilen deň hatarda, Sahy Jepbarow, Pürli Saryýew, Durdy Saparow, Geldi Ugurlyýew, Tugur Berdinyýazow, Çary Täçmämmedow ýaly mukamçylaryň döreden täze eserlerini hem ürç edip aýdýar. Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda şol eserler bilen birlikde halk aýdymlarynyň hem onlarçasynyň ýazgylary saklanýar. Döwrüniň belli gyjakçylarynyň, dutarçylarynyň sazandarlyk etmeklerinde ýazga geçirilen şol aýdymlary diňläniňde, Kiçi Geldimyradowyň bagşyçylyk hünärini näderejede ele alandygyny duýmak kyn däl. Ol ýazgylaryň köpüsi dutardyr gyjak bilen aýdylan bolsa, goşa gargy tüýdügiň ýanynda aýdylanlary hem bar.

Köp ýyllaryň dowamynda birkemsiz işläp, milli sazymyzyň ösmegine uly goşant goşan Kiçi Geldimyradowa «Türkmenistanyň at gazanan artisti», soňra bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlar dakylýar. Ol 1976-njy ýylda 66 ýaşynda aradan çykdy.





# ORAZ SARYÝEW
(1916–1989)



Oraz Saryýew ýurdumyzda gyjak saz guralynyň giňden ýaýramagy, zehinli ýaşlaryň ösüp ýetişmekleri üçin yzygiderli iş alyp baranlaryň biridir. Ol 1916-njy ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabyndaky Bamy obasynda Sary bagşy Pürli oglunyň maşgalasynda dünýä inipdi. Çagalykdan kakasy Sary bagşynyň, agasy Pürliniň, şeýle-de, häli-şindi bu maşgalanyň hormatly myhmanlary bolan Täçmämmet Hanyň, Hanmämmet gyjakçynyň, Annahal bagşynyň, Mylly Täçmyradyň, Magtymguly Garlynyň aýdan aýdymlary, çalan sazlary, halypalar hakdaky ýagşy söhbetleri bilen beýnisi bekän Oraz Saryýew türkmen gyjak ýerine ýetirijilik sungatyny belende göterdi. Bu ajaýyp saz guralyna ezberlik bilen erk edip, özboluşly ýerine ýetirijilik däplerini esaslandyran Oraz aga, sütün-sütün halypalaryň zehininden dörän örän çylşyrymly halk mukamlarynyň hem gyjakda çalnyşynyň ýokary nusgalaryny görkezdi. Ol şeýle derejä taýsyz ýatkeşligi, juda ýiti zehin-ukyby hem-de öte zähmetsöýerligi bilen ýetipdi.

1941–1945-nji ýyllaryň urşy ýyllarynda dürli kärdäki türkmenistanly medeniýet we sungat işgärlerinden ybarat ýörite on sany topar düzülipdi. Birinji topar 1942-nji ýylyň oktýabr aýynyň başynda ýola düşüpdi. Oňa opera we balet hem-de drama teatrlarynyň birnäçe artistleri, şahyr Gara Seýitli bilen birlikde filarmoniýadan aýdymçy Hojaw Annadurdyýew, bagşy Sahy Jepbarow, sazandalar Durdy Sapar, Oraz Sary dagy goşulypdy.

«Şol ýylyň güýzüniň ahyrlarynda, Moskwanyň etegindäki Noginsk diýen şäherde türkmen diwiziýasynyň esgerleri söweşiň öň hatarlaryna gitmek üçin taýýarlyk görýän eken. Ine, şol ýerde esgerleriň öňündäki ilkinji çykyşlarymyz başlandy.

Soňra Demirgazyk-Günbatar frontda birnäçe wagtlap bolduk»... diýip, Oraz aga ýalynly ýyllary ýatlardy. Neneň ýatlamajak! Kärdeşler bilen geçilen menziller, berlen konsertlerde, geçirilen duşuşyklarda türkmen ýigitleriniň guwançly-buýsançly garaýyşlary, aldym-berdimli söweşlerde görkezen gaýduwsyzlyklary... Birnäçe ýyllap bile işleşip duz-emek bolan kärdeşleri – bagşy Oraz Sopy, sazandalar Hezret Şirli, Nurmämmet Lallyk, Kuly hem-de Hojamyrat Täçmyradowlar, inisi Nury Sary dagy bolsa Watan üçin wepat bolupdylar...

Türkmen döwlet filarmoniýasynyň hem-de Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň saz toparlarynda G. Jeňow, G. Amanow, K. Geldimyradow, N. Adyýewa, N. Nurmuhammedowa ýaly birgiden atly bagşylar bilen işlenen ýyllar Oraz halypanyň kämilligini ýokary derejelere göterip, meşhurlygyny has-da artdyrdy. Oraz aganyň aňrybaş hünär kämilligine ondan miras galan «Batyr Karow», «Aly Seýidiň muhammesi», «Ýandym», «Meşrep», «Hajygolak» ýaly sazlaryň altmyşdan köpüsiniň ýekelikde çalan ýazgylary şaýat bolsa, agasy Pürli Sara bagyşlan «Ýatlamasy», «Sährada», «Mukam» atly beýleki eserleri onuň ýokary döredijilik ussatlygyna güwä geçýär.

Sazhon diňleýjileriň, hünärmenleriň arasynda «Oraz Saryň çalşy» diýen ykrarnamany gazanyp bilen ezber sazanda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly derejelere mynasyp bolan Ata Ablynyň, Çary Gurbanyň, Annageldi Jülgäniň esasy halypasydyr. Oraz aganyň özboluşly çalyş usullary beýleki birgiden türkmen gyjakçylary üçin hem ýörelge boldy. Bütin ömrüni şirin owazly guralyny ýaran tutunyp, halkyna hyzmat eden Türkmenistanyň at gazanan artisti Oraz Saryýew 1989-njy ýylda aradan çykdy.







7. Sargyt № 1531

## NURBERDI GULOW
(1917–1992)



1917-nji ýylyň alabaharynda Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Şahman obasynda doglan bu halypa, örän uly döredijilik we ýerine ýetirijilik ýoluny geçdi. Ussat bagşynyň kiçigöwünlilik bilen «Aý, biziňki çopan ýoludur» diýip atlandyran bagşyçylyk ugry ösüp-örňäp, milli bagşyçylyk sungatymyzyň iň bir söýlüp diňlenilýän uly şahalarynyň birine öwrülip gitdi. Hut Nurberdi halypanyň irginsiz gözlegleriniň we ýiti zehininiň, köp ýylky basalykly zähmetiniň netijesinde bagşyçylyk medeniýetimizde täze, özboluşly sahypalar peýda boldy.

Wary, Hangeldi Aýjanowlar bilen deň hatarda, halypalary Mämmetweli aganyň irki döwürlerde beren öwüt-ündewleri, maslahatlary Nurberdiniň hem azaply-güzaply, emma juda hormatly käriň göze görünmeýän inçe syrlaryny ele almagyna ýardam edipdi.

«Meniň ilkinji ýazgylarym Türkmen radiosynda 1958-nji ýylda bolupdy. Şonda ýanymda ussat sazandalar Çary Täçmämmedow bilen Ata Ablyýew dagy çalypdy. Ýazga gelemde Mylla aga, Pürli aga, Sahy aga dagy aýdyşymy diňläp, birnäçe maslahatlar berip, kem-käs ýerlerimi düzedipdiler. Şondan bäş ýyl soň gelibem ýene on-ýigrimi sany aýdymy ýazdyrypdym. Munda-da sazandalarym Çary bilen Atady» diýip, Nurberdi halypa 1966-njy ýylda gürrüň berdi. O döwürler Nurberdi aganyň «men» diýen wagtlarydy. Şol gezegem bagşy täze öwrenen aýdymlarynyň uly toparyny ýazdyrmaga gelipdi. 1966–1970-nji ýyllar aralykda N.Gulowdan ýigrimiden hem köpräk ýazgy edilip, Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna alnypdy. Muňa mysal edip, bagşynyň özboluşly ýerine ýetirijilik ussatlygyny,

tapylgysyz zehinini dolulygyna ýüze çykarýan «Sonam geldimi», «Sen ýetir», «Gel, süreli döwrany», «Bibi», «Bibiniň», «Ýandyrdyň, Bibi» ýaly aýdymlaryny görkezmek bolar.

Ussat bagşydan ýadygärlik galan segsenden hem köpräk ýazgyda oňa Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew, Ý. Nurgeldiýew, G. Alyýew, S. Işangulyýew ýaly belli dutarçylarymyz, gyjakçylarymyz bilen birlikde, Berdi Berdiýew, Aşyr Gurbanow, Gulmergen we Gulmyrat Gulowlar ýaly şägirtleri hem sazandarlyk etdiler. Şol ýazgylaryň bellibir bölegi Nurberdi halypanyň hut özüniň täze döreden aýdymlarydygyny hem belläsimiz gelýär.

Ol «Ýow bagşy», «Selbinýaz gyrk», «Hajygolak», «Teşnit» ýaly halk mukamlaryna gabat gelýän goşgulary saýlap-seçip, olara täzeçe öwüşgin, özboluşly bezeg berip, tanalmaz ýaly özgerdip, birgiden täze aýdymlary halkyna peşgeş berdi.

1967-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 1977-nji ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlara eýe bolan Nurberdi Gulow 1992-nji ýylyň maý aýynyň 1-inde, ýagny 75 ýaş toýunyň bellenjek gününiň bir gün öňünde dünýeden ötdi.

Merdemsiden çeýe sesine ussatlarça erk edip, üýtgeşik «jukguldylary» birin-birin sazlaşykly baglaşdyran Nurberdi halypanyň ýerine ýetirijilik usuly bagşyçylyk senedimiziň aýrylmaz bölegine öwrüldi.







## HOJAMÄMMET TÄÇMÄMMEDOW

(1921–1949)



Hojamämmet Täçmämmedow 1921-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky Ýaňgala obasynda, meşhur halypa sazanda Täçmämmet Suhangulynyň maşgalasynda dogulýar. Ol ilki öz kakasyndan dutar çalmagyň iň ýönekeýje tilsimlerini öwrenip ugraýar.

Oglunyň bu inçe senede uly höwesiniň bardygyny, ukybynyň gowudygyny bada-bat aňan Täçmämmet aga, körpesi Çaryny hem Hojamämmediň gapdalyna goşup, obadaşy, ussatlyga gol beren Mylly Täçmyradowa tabşyrýar. Şeýlelikde, ýedi-sekiz ýaşly Hojamämmetdir inisi Çary Mylly aganyň huzurynda boluberýär. Ýönekeý kakuwlardan, şelpedir gyruwlara, perde yzarlamaklyga geçip ugran körpe sazandalaryň günsaýyn edýän ösüşleri Mylly halypanyň göwnüni göterip, şägirtlerine bolan mährini, guwanjyny artdyrýar. Ýigriminji ýyllaryň ahyrlarynda Mylly agalar Aşgabada göçüp gelýär. Tiz wagtdan Hojamämmetdir Çary hem şähere gelip, ýene-de Mylly aganyňka gatnap ugraýar...

Ejizje, näzijek barmaklar berkeşip, gollar kuwwatlanyp merdemleşýär. Saz yzyna saz tirkeşip, çylşyrymlyrak mukamlara dalaş gurulýar. Böküp duran çaga ýüreklerine rahatlyk aralaşyp, mukamlaryň müň dürli öwüşginleri teselli berip ugraýar. Çagalyk müçesi sowlup, ýetginjeklik döwri başlanýar. Halypa-şägirtlik gatnaşygy mähir-muhabbet, sylag-hormat bilen has ysnyşýar. «Men» diýen mukamlar kerwen gurap, Hojamämmetdir Çarynyň joşgunly kalplarynyň töründe orun tutup başlaýar...

1941–1945-nji ýyllaryň urşy başlanýar. Ekabyr ýigitleriň ençemesi Watan goragyna gidýär. Olaryň çeken «ýüki» ýaşlaryň

gerdenine düşýär. Indi öňküden üç-dört esse artyk işlemeli. Her bir sazyň «çigit ýaly» kemini goýman öwrenmeli, eýlemeli, bişirmeli. Köňül gazanynda kemsiz gaýnadyp, soň talapkär diňleýjileriň göwünlerini awlamaly. Döwrüň talabyna dogry düşünip, göwnejaý berjaý edip ugran zehinli sazandalaryň ýerine ýetirijilik ussatlyklary kämillik derejesine göterilýär. Halypanyň «Munyň-a boluberipdir» diýen sazlaryny çalyp, radioda, köpçülik ýerlerinde çykyşlar başlanýar...

Deň-duşlary Şamyrat Gurbannepes, Jepbar Hansähet, Ýagdy Mämmetli, Çary Täçmämmet ýaly ýaşlar bilen her gün Mylly aganyň gaşynda oturyp, türkmen mukamlarynyň «bagy-bossanlygyna» arkaýyn seýil eden H. Täçmämmedow, Gurbandurdy Jeňow, Nurmyrat Annaýew, Nabat Nurmuhammedowa, Geldimämmet Orazgulyýew kimin bagşylara-da sazandarlyk edýär. Oraz Sary, Çary Gurban ýaly gyjakçylar bilen goşulyşyp, baş halypasy Mylly aganyň, şeýle-de, Pürli Sary, Sahy Jepbar kimin ussatlaryň «berekellasyny» alýan Hojamämmet Täçmämmedow köpüň söýgüsini gazanan mukamçy sazanda bolup ýetişýär. 1948-nji ýyldaky Aşgabat ýer titremesiniň elhenç şarpygyny dadan Hojamämmediň saglygy aý aýlanyp, gün geçdigiçe peselip, 1949-njy ýylyň aprel aýynyň 18-i güni dünýeden ötýär. Bary-ýogy ýigrimi sekiz ýaşap, armanly giden Hojamämmetden bir ogul bilen «Gyzlar» atly döreden ýekeje sazy ýadygärlik galýar. Saz kämilliginiň ýokary derejelerine ýeten Hojamämmet Täçmämmedowa soňra «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakylýar. Onuň döreden «Gyzlar» atly ýeke-täk eseri bolsa, biziň günlerimiziň sazandalary tarapyndan hem höwes bilen çalynýar.







## ILAMAN ANNAÝEW

(1922–1996)



Ilaman Annaýew Pälwan bagşy, Sapar süýrentgi, Nazar baga, Öre Şyh ýaly Daşoguz sebitlerinde juda giňden tanalan meşhur dessançy bagşylaryň ýerine ýetirijilik däplerini arşa göteren Çuwal bagşynyň iň zehinli şägirtleriniň biridir.

1922-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň häzirki Gurbansoltan eje adyndaky – öňki Ýylanly etrabynda dünýä inen Ilamanyň ilkinji halypasy öz kakasy bolupdyr. Bagşy sazandalaryň gelim-gidimli ýeri bolan maşgalada önüp ösen I. Annaýew çagalykdan saýlanyp ýigit çykandan soň, Magtymguly Garlynyň ýolbaşçylyk eden aýdym-saz toparyna goşulýar. Geçen asyryň otuzynjy-kyrkynjy ýyllarynda Daşoguz sebitleriniň zehinli oglan-gyzlaryny bir ýere jemläp, olara bagşyçylyk sungatynyň çylşyrymly tärlerini ýadawsyz öwreden Çuwal bagşy Ilamanyň ukybyna, başarnygyna, özboluşly ses aýratynlygyna bada-bat göz ýetirip, onuň bilen has ysnyşykly işläpdir. Egindeşi, ussat halypa Berdibaý gyjakça hem Ilamanyň beýleki deň-duşlaryndan tapawutly taraplaryny öwran-öwran nygtap, oňa aýratyn çemeleşmegi sargapdyr. Şeýlelikde, iki ussadyň yhlasy, zähmeti ýaş bagşyny saz ummanyna barha çuň aralaşdyrýar. Bagşyçylyk sungatynyň tirmeçilik däbini-de, dessançylygy-da kemsiz ele alan Ilamanyň at-owazasy bütin Daşoguza dolýar. Güneşli ýurdumyzyň paýtagtynda geçirilýän dabaralara, ýaryşlara-da yzygiderli çagyrylyp başlanýar. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda «Ilaman Annaýewiň ýerine ýetirmeginde birnäçe aýdym diňläliň» diýen jümleler Türkmenistan radiosynda häli-şindi eşidilip ugraýar. Şeýlelikde, geljege uly ynam bildirýän Ilaman bagşy ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýaşaýan halk aýdym-sazynyň muşdaklarynyň

söýgüsini, hormatyny gazanýar. Sahy Jepbar, Pürli Sary ýaly halypalaryň, Ödenyýaz Nobatow, Nurberdi Gulow, Gurbandurdy Jeňow ýaly deň-duş kärdeşleriniň halys ýürekden aýdýan «berekellalaryny» alýar.

Ömrüniň bellibir bölegini welaýatyň Gubadag etrabynda geçiren Ilaman Annaýewiň özboluşly ýerine ýetirijilik däbini Pirjan Moşşyýew, Ýagşygeldi Garaşow, Söýün Amanow, ogly Begmyrat Annaýew ýaly şägirtleri alyp göterdiler.

Meşhur «Görogly» eposynyň birnäçe şahalaryny, «Zöhre–Tahyr», «Ýusup–Ahmet» kimin ençeme dessanlary ýokary ussatlykda ýerine ýetirip, «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada eýe bolan Ilaman Annaýewiň «Oýan», «Hal Leýli», «Hajygolak», «Arap gardaş» ýaly onlarça tirme aýdymlarynyň we «Ýusup–Ahmet» dessanynyň ýazgylary Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna kabul edildi. Şol ýazgylarda oňa Oraz Gurbannyýazow, Begjan Haljanow ýaly ussat gyjakçylar sazandarlyk etdiler. Manyly ömrüniň köp bölegini il-günüň arasynda, toý-dabaralarda geçirip, halkyna kemsiz hyzmat eden Ilaman bagşy 1996-njy ýylda dünýäden ötdi.

## HAN AKYÝEW

(1922–1998)



Han Akyýew 1922-nji ýylyň 5-nji maýynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynda dünýä inýär. Dutar tutup, ilkinji kakuwlary etmegi daýysy Oraz Batyr oglundan öwrenip başlaýar. Soň meşhur Şükür bagşynyň şägirdi Abyl bagşydan tälim alýar. Şol döwürlerde Murgap sebitlerinde ady giňden ýaýran Durdy Myradow bilen tanyşýar we esli ýyl halypa-şägirtlik gatnaşygynda bolýar. Halypalara hormat goýup, olaryň inçe senetlerine edep bilen aralaşyp ugran H. Akyýew Marynyň Kemine adyndaky teatryna işe alynýar.

1941–1945-nji ýyllaryň urşuna gatnaşan H. Akyýew 1943-nji ýylda agyr ýaraly bolup hassahana düşýär, soňam näsaglygy sebäpli, dogduk mekanyna dolanyp gelýär. Ol ýene aýdym-saz ummanyna düşýär. Garly bagşy, Girman bagşy, Mylly Täçmyrat, Magtymguly Garly, Pürli Sary ýaly halypalar bilen ýakyndan tanyşýar, maslahatlaryny alyp, göreldelerine eýerýär. Bu bolsa Han Akyýewiň özboluşly ugruny ýüze çykaryp, kesgitli ykrar edilmegine getirýär. Munuň şeýledigini dürli ýyllarda ýazga beren «Derman eýledi», «Akyl peri», «Haraýym Döndi» ýaly sazlaryň mysalynda görmek bolýar. «Han Akynyň çalşy» diýdiren bu sazlary onuň Ýazgeldi Kuwwadow, Amannazar Ataýew ýaly birgiden kärdeşleri üçin ýerine ýetirijilik nusgasy boldy.

Han Aky örän köp taraply adamdy. Öten-geçen halypalary, deň-duş kärdeşleri hakda köp-köp maglumatlara beletdi. Etrap, welaýat gazetlerinde käte onuň ýatlamalary, durmuşy goşgulary-da çap edilerdi. Aýdym-sazyň piri Babagammara bagyşlap, dramaturg B. Gurbanow bilen ýazan adybir saz-sahna eseri döwlet derejesinde geçirilen «Älemgoşar» atly bäsleşikde birinji orna mynasyp bolupdy.

Han Aky hakda söz açylanda, onuň üýtgeşik zehinli, emma heniz çagalykdan saýlanmanka dünýeden öten perzendi Gulbabany ýatlamazlyk mümkin däl. Ýurdumyzda we onuň çäginden alyslarda geçirilen dabaralarda, tutumly toýlarda aýdan joşgunly aýdymlary 60-njy ýyllaryň diňleýjilerini haýrana goýupdy. Çaga zehininiň ýatdan çykmajak nusgasyna öwrülen Gulbabanyň keşbi ençeme çeper eserlerde beýanyny tapdy.

Uly ýerine ýetirijilik we halypaçylyk ýoluny geçen H. Akyýew döreden aýdym-sazlary bilen kompozitorçylyk ukybyny hem äşgär etdi. Muňa mysal hökmünde «Al-elwan güller», «Saňa», «Çüller oýnaşar», «Öz ilimiň bagşysy men» kimin aýdym-sazlaryny ýatlamak bolar. Ýaş hem-de ýetginjek dutarçylary jemläp, olara ýolbaşçylyk eden Han halypa birgiden zehinleriň taplanyp, özboluşly aýratynlyklaryny ýüze çykarmaklaryna uly täsirini ýetiripdi. Muňa Hangeldi Annamyradow, Gaýgysyz Çaryýew, Amannazar Ataýew, Jumageldi Çaryýew ýaly bagşy-sazandalaryň gürrüňleri güwä geçýär.

Han Aky ussaçylyk hem edipdi. Ol ýasan senetlerini satlyga çykarman, diňe aýratyn hormat goýýan kärdeşlerine, medeniýet we sungat işgärlerine sowgat bererdi. Ussat sazandanyň ussahanasyndan çykan dutarlara ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gabat gelmek bolýar.

«Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolan Han Aky 1998-nji ýylda aradan çykdy.

# ÇARY TÄÇMÄMMEDOW
(1923–1976)



Çary Täçmämmedow – meşhur sazanda, belli halypa Täçmämmet Suhangulynyň (Han aganyň) körpe ogly. Ol 1923-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dogulýar. Ilkinji halypasy kakasydyr. Ýaňy ese-boýa galanda, Täçmämmet aga ogullarynyň ikisini hem – Hojamämmetdir Çaryny Mylly Täçmyradyň huzuryna eltip, olary şägirtlige almagy haýyş edýär. Şeýlelikde, aýdym-saza uly ukyby bolan ýigdekçeleriň esasy halypalary Mylly aga bolup galyberýär. «Dutar tutmany, ilkinji çalan sazlarymy men kakamdan öwrendim. Ýöne welin meniň esasy halypam Mylly agadyr. Biz onuň bilen ataly-ogul ýalydyk» diýip, Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedow «agalyga» ýeten çaglary köp gezek gürrüň beripdi...

Türkmen radiosynyň ýanyndaky halk saz gurallary toparynda ilki Mylly aganyň, soňra bolsa Pürli aganyň ýolbaşçylygyndaky işlän ýyllary Çary Täçmämmediň ýerine ýetirijilik örüsi giňäp, ussatlygy artýar. Her haýsy uly bir akaba bolan iki ägirdiň «goruny» teşne kalbyna siňdiren Çarynyň ellinji-altmyşynjy ýyllarda çalyp ýazga beren sazlary muňa şaýatdyr. Talapkär halypalaryň ýerine ýetirijilik däplerini beletlik bilen dowam edibiljek Çara, näsaglygy sebäpli hormatly dynç alşa çykan Pürli aganyň alyp baran işi – radionyň aýdym-saz toparyna ýolbaşçylyk etmek ynanylýar. 1965-nji ýyldan tä ömrüniň ahyryna (1976-njy ýylyň maý aýynyň soňky günleri) çenli bu ýerde ýolbaşçy bolan Çary aga milli halk aýdym-sazlarymyzy ösdürmekde, gadymdan gelýän ýerine ýetirijilik we döredijilik däplerimizi dowamly kämilleşdirmekde uly işler bitirdi. Her bir sazanda miýesser etdirmeýän «pylanynyň

çalşy» diýen ada hem Çary aga hut şol ýyllarda mynasyp bolupdy.

Ç. Täçmämmedow Türkmen radiosyndaky aýdym-saz toparyna ýolbaşçylyk eden döwürleri ýerine ýetirijilik däplerine täzeçilligi batyrgaýlyk bilen ornaşdyrypdy. Egindeş-kärdeş hem-de şägirt dutarçylarynyň bir toparyny töweregine üýşürip, olara ýolbaşçy bolup, diňe dutarlaryň diýseň täsin sazlaşygynda, halk heňlerimiziň we mukamlarymyzyň ençemesini ýazga berip, özboluşly miras galdyrypdy. Egindeş kärdeşi Ýagmyr Nurgeldiýew bilen iki bolup çalan sazlary-da Çary aganyň mydama täzeligiň gözleginde bolandygyndan habar berýär. Halypa şägirdiň birek-biregiň ýürek urgusyna diň salyp çalan «Hajygolak», «Maral geldi», «Baga gireli», «Tapmadym» ýaly birgiden çylşyrymly sazlaryň ajaýyp ýazgylary olaryň ýetişdiren şägirtleri üçin ýol-ýörelge, ýerine ýetirijilik nusgasy bolup galdy.

Tugur Berdinyýazow, Ata Ablyýew, Garýagdy Alyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew ýaly döwürdeş kärdeşlerine ençeme ýyllap ýolbaşçylyk edip işlän Ç. Täçmämmedow Ýolaman Nurymow, Akmyrat Çaryýew, Ata Täçmämmedow ýaly zehinleriň hem kämilleşmekligi üçin köp alada edipdi. Täçmämmet Han, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary ýaly taýsyz halypalaryň döredijilik däplerini-de üstünlikli dowam eden bu ussadyň paýhasyndan «Dostluk», «Söýgi mukamy», «Awçy mukamy», «Sowgat», «Şahyrym» kimin täze, özboluşly eserler dünýä indi. Halypalaryň sarpasyny belende göterip, olaryň däplerine wepaly bolan Çary agadan miras galan ýazgylar beýik sazandanyň ömür dowamaty bolup ýaňlanýar.







## GURBANDURDY JEŇOW
(1923–1995)



Gurbandurdy Jeňow 1923-nji ýylyň ýaz aýlarynda, Ahal welaýatynyň Abadan şäherini (häzirki Aşgabat şäheriniň Abadan etraby) etekläp oturan Garadaşaýak obasynda dünýä inýär. Büzmeýin, Gökdepe sebitlerinde göreş tutanda ýagyrnysy kän ýere degmedik Jeň pälwanyň öýi mydama gelim-gidimli bolupdyr. Myhmanlaryň arasynda bagşy-sazandalar hem az bolmandyr. Häli-şindi aýdylýan aýdymlar, çalynýan sazlar, gyzykly söhbetler Gurbandurdyny çagalykda sungat ýoluna atarýar. Uly höwesi, özbolușly zehini, täsin sesi bilen deň-duşlaryndan saýlanyp ugran ýigdekçe kyrkynjy ýyllaryň ortalarynda Türkmen döwlet filarmoniýasyna baryp, Şamyrat Gurbannepesow, Hojamämmet Täçmämmedow, Ýagdy Mämmetliýew, Sapar Mämiýew, Nurmyrat Annaýew, Geldimämmet Orazgulyýew, Jepbar Hansähedow ýaly ýaşlar bilen bir hatarda işe başlaýar.

Filarmoniýanyň bagşy-sazandalaryndan düzülen ýörite toparlar şol döwürlerde häli-şindi dürli etraplarda, obalarda bolup, köpçülige hezil berer ekenler. Gündizlerine işläp ýadan adamlar agşamlaryna klublara ýygnanyp, aýdym-saz diňlär ekenler. Bagşyçylyk hünärine şeýle çykyşlarda ezberlenen Gurbandurdynyň ussatlygy kämilleşip, ady il gezip ugraýar. Ilhalar bagşy bolmak üçin dürli bagşyçylyk ýollaryna beletligiň, dutara diýeniňi etdirip, çylşyrymly sazlary öwrenmegiň zerurdygyna ir düşünen Gurbandurdy Magtymguly Garly, Garly bagşy, Girman bagşy, Sahy Jepbar, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary ýaly halypalary ýadawsyz diňleýär, öwrenýär. Soňam şol ussatlaryň «del» zatlaryny-öwrümlerini, bezeglerini özleşdirip, ýerine ýetirijiligine siňdirýär. Şeýdibem, dürli bagşyçylyk däplerine dörediji-

likli çemeleşen Gurbandurdy döwrüň atly bagşylarynyň hataryna goşulýar. Onuň özboluşly hörpde aýdan «Pagtaçy gözel», «Hemraýym», «Aýa meňzär», «Sona gelin», «Leýli gelin» ýaly ilkinji aýdym ýazgylary 50-nji ýyllarda Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna kabul edilýär.

Gurbandurdy Jeňowyň dürli ýyllarda aýdan aýdymlaryna siňe ser salsaň, özboluşly hörpde ýerine ýetiren şol aýdymlarynda milli bagşyçylyk sungatymyzyň dürli şahalarynyň tapawutly aýratynlyklaryny mese-mälim duýmak bolýar. Garly bagşynyň pessaýdan saldamly owazyny, Çuwal bagşynyň kesgitli, pert-pert öwrümlerini, Girman bagşynyň okgunly depginlerini, Sahy bagşynyň göçgünli äheňlerini ýadyňa salýan birgiden aýdymlary onuň ýokary ussatlygyna şaýatlyk edýär.

Ýigitlik çagyndan tä hormatly dynç alşa çykýança, Türkmen döwlet filarmoniýasynda bagşyçylyk eden Gurbandurdy Jeňowyň halypaçylyk täsirini Nurýagdy Baýramow, Dörtguly Durdyýew, Mäne Garaýew ýaly «Türkmenistanyň halk artisti» diýen ady alan birgiden bagşylaryň aýdyşlaryndanam duýmak bolýar. Onuň Oraz Sary, Çary Gurbanow ýaly ussat gyjakçylaryň, Jepbar Hansähedow, Çary Täçmämmedow kimin ezber dutarçylaryň sazandarlyk etmeklerinde aýdan aýdymlarynyň ýazgylaryny, ilki Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Sahy Jepbar dagy diňläp, ak ýol arzuw edipdirler.

Beýik Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent ada mynasyp bolan Gurbandurdy Jeňow 1995-nji ýylyň maý aýynda aradan çykýar.







## JEPBAR HANSÄHEDOW
(1924–1964)



Gadymdan gelýän halk mukamlarymyzy özboluşly öwüşginde aýratyn joşgun bilen ýerine ýetirip, «Jepbaryň çalşy» diýdiren bu ussat sazanda 1924-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Börme obasynda dünýä inýär. Ýaşlykdan beýik sazanda hem halypa Mylly Täçmyratdan tälim alyp, gysga döwrüň içinde ezberlige ýeten Şamyrat Gurbannepes, Hojamämmet we Çary Täçmämmedowlar bilen deň hatarda Jepbar Hansähedow hem milli dutar sungatymyzda öçmejek yz galdyrdy. Onuň Hudaý beren zehini, ýalaw kimin barmaklary «gara gazmadan» üýtgeşik owazlar alyp, «Baga gireli», «Urup çykdy», «Atçapar», «Şirin-şeker» ýaly gadymy hem müdimi mukamlarymyzyň ençemesine täze öwüşgin, özboluşly ýalkym çaýdy.

Ilki-hä Mylly aganyň, soňam Pürli halypanyň ýol-ýörelgelerine, pähim-paýhaslaryna, ýerine ýetirijilik däplerine wepaly bolup, bu beýikleri hünär atasy hasap eden Jepbar Hansähet gysga ömrüniň dowamynda dutarçylyk sungatynyň ýokary belentliklerine galdy. Munuň şeýledigine ondan miras galan az sanly, juda uz çalnan sazlaryň ýazgylary güwä geçýär. «Uçradymdyr» «Zybagözel», «Selbinýaz gyrkdyr» «Saparmämmet», «Göroglynyň at oýnadyşydyr» «Hajygolak», «Aýralyk mukamydyr» «Şadilli»... Bular «Hansähet ussanyň ussat perzendi» Jepbarberdiniň (Mylly aga onuň adyny şeýle, dolulygyna tutar eken) joşgunly ýüreginden syzdyryp, täsin öwüşginli çalan onlarça ajaýyp sazlarynyň diňe birje bölegidir. Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanyp, häli-şindi diňleýjilere ýetirilip durulýan bu sazlaryň ilkinji kakuwlary eşidilip ugranda,

kimiň çalandygy aýan bolýar. Şeýle özboluşlylyk diňe hakyky ussatlara mahsusdyr.

Türkmen döwlet filarmoniýasynyň, Türkmen radiosynyň aýdym-saz toparlarynda ýyllaryň dowamynda işläp, deň-duş kärdeşleri bilen dürli toý-dabaralara gatnaşan Jepbar Hansähedow halkynyň öçmejek söýgüsini, hormatyny gazandy. Türkmen sazynyň goja bagbany hasap edilen halypasy Mylly Täçmyradow dünýeden gaýdansoň, bu beýik ynsana bagyşlap «Unutman» atly ilkinji sazyny döretdi. Täçmämmet Suhanguly, Pürli Sary, Sahy Jepbar, Geldi Ugurly ýaly mukamçy kompozitorlarymyzyň däplerine eýerip döreden «Pagtaçy gyz» diýen aýdymy bolsa, onuň kompozitorçylyk zehininden habar berýär. Batly depgini, özboluşly heňi, milli öwüşginlere juda baýlygy bilen gyzgyn garşylanan bu eserler höwesjeňler tarapyndanam, kämillige ýeten halypalar tarapyndan hem ürç edilip ýerine ýetirilýän aýdym-sazlaryň hataryna goşuldy.

Ýokary derejelere galan sungaty bilen Ýagmyr Nurgeldiýew, Aýmämmet Aşyrow ýaly zehinli sazandalaryň kämilleşmegine, Gurbandurdy Jeňow, Nurmyrat Annaýew, Geldimämmet Orazgulyýew kimin bagşylaryň ýazga beren onlarça aýdymlarynyň has şowly çykmagyna uly goşant goşan Jepbar Hansähedow gysga ömrüniň dowamynda uly işler bitirdi. Şoňa görä-de milli halk aýdym-sazymyzyň beýleki birnäçe pälwanlary bilen Jepbar Hänsähedowa hem Garaşsyzlyk ýyllarynda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.

Ol 1964-nji ýylyň başlarynda aradan çykdy.







## AKJAGÜL MYRADOWA
(1924–2004)



Ýurdumyzyň zenan bagşylarynyň içinde «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent ady ilkinji bolup alan Akjagül Myradowa 1924-nji ýylyň mart aýynda Köneürgenç etrabynyň Zaman obasynda dünýä inýär.

Çagalykdan hem ata, hem ene mährinden mahrum bolan Akjagül, öz doganlary bilen ilki daýy-daýzasynyň elinde, soňra çagalar öýünde terbiýelenýär. Ýetimlik derdini çeken Akjagül ese-boýa galan çaglary, meşhur Magtymguly Garlynyň ýaş oglan-gyzlardan düzen aýdym-saz toparyna gatnap ugraýar. Ine, şeýdibem ol öz ykbalyny, halkyň juda sarpa goýýan senedi bilen baglap, ömrüniň ahyrky günlerine çenli il-gününe hyzmat etdi.

«Magtymguly halypamyz ata ornunda durdy. Ol: «Bäş-on aýdym bilen bagşy bolmarsyňyz, köpräk öwrenmek gerek» diýip maslahat bererdi. Bilmedik ýerimizi «Ine, şeýdiň, beýdiň. Şeýle gygyrsaňyz sesiňiz saza siňer, beýdip gygyrsaňyz bolsa, il güldürersiňiz» diýip, bagşyçylygyň düzgünlerini ýadaman öwrederdi. Berdibaý gyjakçy diýip Magtymguly aganyň ýanynda ýene bir halypa bolardy. Ol Nazar baga, Baýar halypa dagy bilen köp tirkeşen adam. Ine, ol hem köp zatlary öwretdi. Şeýdibem Magtymguly halypadan «Bezirgeni», Berdibaý gyjakçydanam «Hüýrlukga–Hemra» bilen «Şasenem–Garyby» öwrendim» diýip, Akjagül halypalaryny minnetdarlyk bilen ýatlardy.

Döwürdeş zenan bagşylarynyň içinde dessan öwrenip halka ilkinji bolup çykan Akjagül Myradowa geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda bolan bir wakany gürrüň berdi.

«Daşoguz sebitlerinde tanalýan Iljik aga diýen bir oba arçyny bardy. Öň ol Nazar baga, Sapar süýrentgi, Baýar halypa

ýaly ussatlary köp diňlän. «Näme, meň toýuma heleý bagşy getiripsiň, heleýem bir toý sowup bilermi?» diýip, bizi elten adamyny italmaz etdi. «Heleý bagşyny obamda aýtdyrjak däl» diýip, o ýana, bu ýana bagşy gözlemäge ugratdy. O wagt gyşyň güni bolansoň toý köpdi. Başga bagşy tapylan däldir-dä. Nalaç bizi aýtdyrmaga mejbur boldy... «Dessan bilýäňmi? Aýt, göreli» diýip, hol çeträkde oturdy. Menem Nazar baganyň aýdan «Hüýrlukga–Hemrasyna» başladym. Deslap, omyn göterilip, dessan gutaransoň: «Gyzym, boljak eken, bagyşla. Men öte geçipdirin» diýip, bizden hoşal boldy».

A. Myradowa türkmen bagşyçylyk ýollarynyň dürli ugurlarynyň halypalarynyň aýdymlaryny yzygiderli diňläp, olaryň iň gowy däplerini özüne siňdirdi. 1961–1967-nji ýyllar aralykda Türkmen döwlet filarmoniýasynda, soňra Daşoguzyň sazly teatrynda işlän döwürleri ýurdumyzyň oba-şäherlerinde, şeýle hem Özbegistanyň, Garagalpagystanyň, Täjigistanyň birnäçe şäherlerinde bolup, öz ussatlygyny äşgär etdi. Akjagül bagşy Aýbibi Atajanowa, Bahar Agaýewa, Bahargül Galpakowa ýaly zehinli zenanlaryň ilhalar bagşy bolup ýetişmekleri üçin hem uly alada edipdi. Bu ussadyň dürli ýyllarda ýazga beren «Güzar eýledi», «Gutlaň toýuny», «Nirde galdy», «Heserli», «Gelemen» ýaly aýdymlarynyň onlarçasy bilen «Hüýrlukga–Hemra» dessany indi ençeme ýyllardan bäri Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanýar. Görnükli zenan bagşymyzyň özboluşly ýerine ýetirijiliginden ýadygärlik galan şol ýazgylarda oňa T. Otuzow, B. Haljanow, O. Gurbannyýazow dagy sazandarlyk edipdi. Il-günüň hormat-sylagyny gazanan A. Myradowa 2004-nji ýylda segsen ýaşynyň içinde aradan çykdy.







8. Sargyt № 1531

## ŞAMYRAT GURBANNEPESOW
(1925–1948)



1925-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Durun obasynda dünýä inen Şamyradyň çagalykdan oýnagy dutar bolupdyr. Ol «gara gazmanyň» ilkinji emellerini: basuwdyr kakuwlaryny agasy Şaguludan öwrenýär. Şamyradyň saza bolan çäksiz söýgüsini, ukybyny bada-bat aňan Gurbannepes aga Ahal sebitlerinde giňden tanalýan ezber ussa, halypa sazanda Mämmetmyrat ussa dutar ýasadyp, ýagşy dilegler bilen ogluna berýär. Meşhur ussanyň elinden çykan ajap dutary bilen Şamyrat 1938-nji ýylda Aşgabada – zehinli oglan-gyzlaryň üç ýüze golaýyny özünde jemleýän topara ýolbaşçylyk edýän Sahy Jepbarowyň huzuryna gelýär. Täçmämmet Suhanguly, Pürli Sary dagy bilen, näzijek barmaklary tizlik bilen inip-çykyp, şirin öwrümleri biri-birine ussatlarça sepleşdirip, özboluşly owaz alşyny synlap eşiden Sahy bagşy halypalaryň oňlamagy bilen toparyna işe kabul edýär.

Aý-gün geçdigiçe kämilleşip, mukamlar ummanynda täze sepgitlere ýetip ugran Şamyradyň örüsi barha giňeýär. 1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň ilkinji ýyllarynda Türkmen döwlet filarmoniýasynda halk saz gurallary orkestri döredildi. Onuň çeper ýolbaşçysy, ussat dirižýor hem-de kompozitor G. M. Arakelýan Şamyrat Gurbannepesow bilen Annageldi Jülgäýewi özüne kömekçi edip işe alýar. Zehini, ukyby, zähmetsöýerligi, ezberligi bilen deň-duşlaryndan has tapawutlanan Şamyrat, esasy işiniň daşyndan orkestrdäki ýaşlara ýolbaşçylyk edip, olaryň kämilleşmegine goşant goşardy. Bilýänje zatlaryny öwrederdi. A. Jülgäýew, A. Agajykow, D. Durdyýew ýaly «Türkmenistanyň halk artisti» diýen derejä ýeten sungat ussatlarymyz hemişe Şamyrat neressäni hormat bilen ýatlardylar.

Ş. Gurbannepesow diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem onuň çäginden daşarda geçirilýän dabaralara-da işeňňir gatnaşýar. Muňa 1944-nji ýylda Orta Aziýanyň we Gazagystanyň medeniýetiniň Daşkent şäherinde geçirilen Ongünlügini mysal getirmek bolar. Şol uly baýramçylyga halypasy Pürli Sary, deň-duşlary Hojamämmet Täçmämmedow, Nabat Nurmuhammedowa dagy bilen gatnaşyp, milli sazymyzyň naýbaşy nusgalary arkaly, ýokary kämilligini ýene bir gezek äşgär edýär.

Mylly aga, Pürli aga ýaly beýikleriň ak patasyny alyp, Hojamämmetdir Çary Täçmämmedowlar, Jepbar Hansähedow kimin deň-duşlary bilen milli sazymyzyň merdemsi sütünlerine öwrülip ugran Ş. Gurbannepesow many-mazmuny, gurluşy we çeperçiligi babatdan kämil sazlaryň üçüsini döredip, ýiti kompozitorçylyk zehinine güwä geçýän eserlerini miras goýdy. Onuň şol ajaýyp sazlary ussatlaryňam, ukyply ýaşlaryň hem höwes bilen çalýan eserlerine öwrüldi.

1948-nji ýylyň aýylganç Aşgabat ýer titremesinde bary-ýogy ýigrimi üç ýaşynda wepat bolan ezber sazandanyň edebi keşbini Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly baýragynyň eýesi, şahyr Mämmet Seýidow «Durun mukamy» atly şahyrana kyssasynda inçelik bilen beýan etdi.

Saz sungatyny ösdürmäge goşan uly goşandy we ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin, ýurt Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllarymyzda Mylly Täçmyradow, Täçmämmet Suhangulyýew, Çary Gurbanow ýaly merhum halypalar bilen birlikde Şamyrat Gurbannepesowa hem «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

## ATA ABLYÝEW
(1925–2002)



Ata Ablyýew 1925-nji ýylda Aşgabady etekläp oturan Änew obasynda – häzirki Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyna degişli ýerde dünýä inýär. Damana bagşyçylyk ugrunyň uly şahasynyň döräp giňden ýaýran bu obasynda Ably Esen bagşy, Durdy bagşy ýaly ussatlaryň ýoluny dowam edenleri ine-gana diňlän Atada çagalykda sungata uly yhlas döräpdir. Şoňa görä-de onuň oýnagy dutar-gyjak, gözlegi bagşy-sazanda bolupdyr. Ýaňy ýetginjeklik müçesine giren Ata Aşgabadyň sazçylyk tehnikumynda ilki Pürli, soňra Oraz Sarydan tälim alyp başlaýar. Soňra bolsa köşüli Orazberdi gyjakça duşup, ondan bu saz guralyny çalmagyň inçe tilsimlerini kemsiz öwrenýär. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda A. Ablynyň ady ussatlar bilen deň hatarda tutulyp ugraýar.

Bu halypanyň ýerine ýetirijilik ussatlygynyň kämilleşmeginde ilki Türkmen döwlet filarmoniýasynda, soňra bolsa Türkmen radiosynda işlän ýyllary aýratyn täsir etdi. Ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan gelýän bagşylaryň ýanynda çalyp, dürli ýollara belet bolmagy onuň has ezberleşmegine getirdi. Mylly Täçmyrat, Pürli Sary ýaly halypalardan eşiden, öwrenen mukamlary bolsa, milli sazymyzyň örän çylşyrymly, naýbaşy eserlerini çuňňur özleşdirmegine ýardam berdi. Şeýdibem türkmeniň dürli bagşyçylyk ugurlaryna juda belet hem-de öz ýerine ýetirijiliginde kemsiz ulanan Sahy bagşa sazandarlyk etmek derejesine ýetişdi. Beýik bagşynyň dürli döwürlerde aýdyp, Türkmen radiosyna beren ýazgylarynyň köp böleginde Ata halypanyň gyjagynyň şirin owazy eşidilýär. Ussat sazanda diňe bir Sahy halypanyň ýanynda däl, eýsem Nurberdi Gulow, Mustak Aýmedow, Juma

Wellekow, Tuwakgylyç Gurbannyýazow ýaly dürli bagşyçylyk ugurlarynyň görnükli wekilleriniň ilkinji ýazgylarynda hem sazandarlyk etmäge wagt tapdy.

Bijaý ýatkeşligi, tapylgysyz zehini, ukyby bilen deň-duş kärdeşlerinden tapawutlanan Ata aga uly halypaçylyk we döredijilik ýoluny geçdi. Nurýagdy Baýramow, Akmyrat Çaryýew, Saparguly Işangulyýew, Çary Alladurdyýew, Oraznepes Döwletnazarow, Bibi Welmyradowa ýaly atly bagşy-sazandalar ony özleriniň esasy halypasy saýýarlar.

T. Suhangulyýew, A. Gönübekow, M. Täçmyradow, P. Saryýew, G. Ugurlyýew ýaly mukamçylarymyzyň döredijilik däplerine turuwbaşdan belet bolan Ata Ablynyň zehininden dürli many-mazmunly aýdym-sazlaryň birgideni dünýä indi. Muny Sahy bagşa bagyşlap ýazan «Ussada» atly sazynyň, «Seretmez», «Sarygyz, saklan bir az», «Uz eýlär», «Garrylar gerek», «Dostum sen», «Halyçy gelin», «Gyzlaryň», «Ýaryşdaş dostlar» atly ençeme eserleriniň mysalynda görýäris. Şol aýdym-sazlaryň haýsy birini ünsli diňläp, ýekän-ýekän seljerseň, milli sazymyzyň iň inçe, iň näzik we çylşyrymly öwrümlerini, bezeglerini, äheňlerini ýokary ussatlykda peýdalanandygyny duýmak bolýar. Bu bolsa ussat gyjakçynyň, meşhur halypanyň halk aýdym-sazymyzyň dürli ugurlaryna, usullaryna juda belet bolandygyndan habar berýär.

Milli saz medeniýetimiziň iň gowy nusgalarynyň has alyslarda-da giňden ýaýramagyna, ýaş bagşy-sazandalaryň ösüp ýetişmegine, täze saz eserleriniň döremegine uly goşant goşan Ata Ablyýew «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada eýe boldy. Ol 2002-nji ýylyň iýun aýynda aradan çykdy.







## ÇARY GURBANOW
(1926–1967)



Çary Gurbanow milli gyjak sungatymyzyň kämilleşmegine uly goşant goşan ussatlaryň biridir. Ol 1926-njy ýylda Aşgabatda dogulýar. Çagalykdan gyjagyň inçeden näzik, kä gaýgyly, käte zaryn ýaňlanýan owazyna maýyl bolan, garaýagyzdan çepiksije oglanjyk Aşgabadyň sazçylyk tehnikumyna barýar. Tejribeli halypalar saza bolan ukybyny dürli usullar bilen barlanlaryndan soň, Oraz Saryýewiň şägirtleriniň toparyna kabul edýärler. Şeýdibem on bäş-on alty ýaşly Çary uly sungatyň çetinden girýär. Orazberdi Gurban, Pürli Sary, Garly bagşy, Çuwal bagşy, Girman bagşy kimin ussatlaryň görüm-göreldesi, edep-ekramy ýaş zehini mukamlar ummanyna barha çuň aralaşdyrýar. Jepbar Hansähet, Şamyrat Gurbannepes, Ata Ably, Çary we Hojamämmet Täçmämmetler, Geldimämmet Orazguly ýaly deň-duşlary bilen ýylsaýyn kämilleşip, talapkär halypalaryň «berekellalaryny» alan Çary hem 40-njy ýyllaryň başlarynda Türkmen döwlet filarmoniýasyna işe kabul edilýär. Şeýdibem halypalar bilen bir gapydan girip-çykyp, bir edarada işlemegi arzuw eden Çary Gurbanyň «gökdäki dilegi ýerde gowuşýar».

Gurbandurdy Jeňowyň, Nurmyrat Annaýewiň, Nabat Nurmuhammedowanyň, kähalatda bolsa Sahy bagşynyň hem täze özleşdiren aýdymlaryna sazandarlyk edip, gündelik geçilýän taýýarlyk işleri, ýaş gyjakçynyň ussatlygynyň kem-kemden ýokarlanyp, özboluşly ýerine ýetirijilik aýratynlygynyň kemala gelmegine ýol açýar.

Çary Gurbanyň beýleki türkmen gyjakçylaryndan tapawutlanýan aýratyn bir tarapy bardy. Ol işe ýa-da ýurdumyzyň dürli ýerlerine çykyş etmäge gidende, ýanyndaky gyjagy hemişe ikidi

– biri üç kirişli türkmen gyjagydy, beýlekisi bolsa goňşy halklarda ürç edilip çalynýan dört kirişli gyjakdy. Şeýdip ol üç kirişli gyjagy bilen-ä bagşylara sazandarlyk ederdi, beýlekisi bilenem dürli saz gurallaryndan ybarat topara goşulyp, aýdymçylara, tansçylara sazandarlyk ederdi. Kawkaz halklarynyň arasynda giňden ýaýran kemençe saz guralyna çalymdaş dört kirişli gyjakda azerbaýjan mukamlaryny ussatlyk bilen çalşyna diňe bir türkmen diňleýjileri däl, eýsem goňşy halklardan bolan hünärmenlerem ýokary baha bererdiler. Bir eşiden sazyny üýtgewsiz çalmaga mümkinçilik berýän, juda ýatkeşlik ukyby bolan Çary Gurbandan miras galan «Çargýah» atly azerbaýjan sazy muňa şaýatlyk edýär. Şol ýazgy bu ussadyň dürli ýyllarda çalan «Çykdym güller», «Gaşly ýar», «Gök çaý», «Natuwan eýlär», «Ýandym» ýaly sazlary bilen birlikde, Türkmen radiosynyň altyn hazynasynda aýawly saklanýar.







«Gyjakçylar hil-hil bolýar. Olaryň käsi bagşynyň elini yzarlaýar, käbiri sesini yzarlaýar. Emma has ezberleri bagşynyň ýüregini yzarlaýar. Çary Gurban hem şol ýürek yzarlap bilýän gyjakçylardandy» diýip, Sahy Jepbarow bu ussady ýatlardy. Onuň bilen köp-köp toýlarda, uly-uly dabaralarda aýdym-saz edip, halkyna lezzet beren Sahy aganyň birgiden ýazgylarynda gyjakçysy Çary Gurbandy. Öz ýerine ýetirijilik ýoluny kesgitli äşgär eden Çary Gurbanyň gyjagynyň özboluşly owazyny Gurbandurdy Jeňow, Geldimämmet Orazgulyýew, Nurmyrat Annaýew, Begli Babanyýazow, Nurýagdy Baýramow ýaly bagşylaryň aýdymlaryndan häli-şindi eşitmek bolýar.

1967-nji ýylda 41 ýaşynda dünýeden öten Çary Gurbanowa ýurt Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllarymyzda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.

# TÜÝLI OTUZOW

(1927)



Beýik Garaşsyzlyk ýyllarynda ilkinjileriň hatarynda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada eýe bolan bu halypa bilen söhbet edenimizde, ol söze şeýle başlady: «Biz örän bagtly döwrüň adamlary. Ata babalarymyzyň, öten-geçen ussatlarymyzyň arzuw eden döwletine eýe bolduk. Garaşsyz, özbaşdak Türkmenistan Watanymyz, asuda, agzybir halkymyz bar. Gün-günden gowulanýan durmuşymyz bar. Hormatly Prezidentimiziň bimöçber tagallasy bilen ýurdumyzyň ähli ugurlary bilen bir hatarda medeniýete, sungata uly üns berilýär. Munuň şeýledigine biz halypalar, zehinli şägirtlerimiz bilen deň derejede guwanýarys, begenýäris. Bilýän zatlarymyzy ýaşlara geçirip, diňleýjileri begendirip durmak biziň esasy we ýeke-täk aladamyzdyr. Bagşy-sazandanyňky il bilendir».

Goja göwni şeýle ýagşy niýet-arzuwlardan doly Tüýli Otuzow çagalyk ýyllaryny ýatlaýar: «1927-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabyndaky Öküzýap obasynda – häzirki «Ak altyn» daýhan birleşiginde doguldym. Şol döwürde biziň obamyzda Berdibaý gyjakçy diýen bir ussat bolan. Ol meşhur Nazar baganyň, soňra bolsa halypamyz Baýar bagşynyň ýanynda köp ýyllap sazandarlyk edipdi. Meniň kakama Otuz bagşy diýerdiler. Dädem Berdibaý gyjakçydan kän zatlary öwrenen eken. Dutar tutmany, kakuw etmäni ýaňy özleşdirip ugrap, on üç ýaşa ýetemde dädem pahyr gaýdyş boldy...»

Çagalykdan ata mährinden hem-de ilkinji halypasyndan jyda düşen Tüýliniň aýdym-saza bolan egsilmez yhlasy 1945-nji ýylda ony Baýar bagşynyň ýolbaşçylygyndaky aýdym-saz toparyna eltýär. Talapkär halypanyň gözegçiliginde iki ýyllap bolan

ýaş bagşy welaýat merkezinde täze açylan bagşy-sazandalaryň ansamblyna işe çagyrylýar. Bu ýerde ol meşhur Çuwal bagşynyň, ussat Berdibaý gyjakçynyň ýolbaşçylygynda kämilleşip ugraýar. Şäher, welaýat hem-de tutuş ýurdumyz boýunça geçirilýän bäsleşiklere gatnaşyp, ýerine ýetirijilik ussatlygyny ýokarlandyrýar. Tirme aýdymlarynyň ençemesi bilen birlikde, dessanlaryň hem käbirini kemsiz özleşdirip, halypalaryň «berekellasyny» alýar.

50-nji ýyllaryň ortalarynda Daşoguz sebitlerinde adygyp ugran Tüýli Otuzow welaýat merkezinde täze döredilen sazly teatryň bagşylar toparyna işe geçýär. Ilaman Anna, Ryzaguly Ata, Akjagül Myradowa, Haljan Ataýewa, Hojamyrat Öre ýaly egindeş kärdeşleri bilen, tirme aýdymlardyr dessanlary aýdyp, diňleýjileriň göwnüni awlan T. Otuzowyň ussatlygy barha kämilleşip, at-owazasy bütin ýurdumyza ýaýrap başlaýar. Muňa 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda, 60-njy ýyllaryň hem başlarynda Türkmen radiosynyň altyn hazynasy üçin ýazgy edilen we häzire-bu güne çenli ýaýlymda ýaňlanyp gelýän birgiden halk aýdymlary şaýatlyk edýär. Döwürdeş kärdeşleri Oraz Gurbannyýaz, Begjan Haljan ýaly ussat gyjakçylar bilen ýazgy edilen «Aýrylyp», «Al senem», «Algaç», «Jan jan», «Seýdek», «Selbinýaz» kimin şol aýdymlarda bagşynyň özboluşly hörpi doly kämillige ýetipdi. Soňra tutumly toýlaryň bezegine öwrülen halk dessanlarymyz Tüýli bagşynyň ýerine ýetirijilik örüsini has-da giňeldipdi. Onuň aýdymdyr dessanlary diňe bir türkmen diňleýjilerini däl, eýsem goňşy döwletleriňem halk sungatyna sarpa goýýan hünärmenlerini, tomaşaçylaryny tolgundyryp, milli sazymyzyň nepisligine bendi edipdi...

Tüýli bagşy şu günler hem şägirtleri – Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Jumamyrat Hamyýew, bagşy Söýün Amanow dagy bilen tutumly toýlaryň, dabaralaryň arzyly myhmany.



## HOMMAT JELILOW
(1927–2010)



«Kakam pahyr kilwançylyk ederdi. Aýdym aýdyp, saz hem çalardy. Dutar tutmany şondan öwrendim. Soň Baharly etrabynyň Ýarajy obasyndaky mekdepde okap ýörkäm, Garabäpbe diýen mugallym bardy. Ol öň Sahy bagşynyň aýdym-saz toparynda işlän eken. Ine, ilkinji aýdymlary şondan öwrenipdim» diýip, Hommat halypa çagalyk döwrüni ýatlardy.

1941–1945-nji ýyllaryň urşy başlanandan soň, filarmoniýadaky bagşy-sazandalaryň köpüsi goşun gullugyna çagyrylýar. Şeýle bolansoň filarmoniýa birnäçe ýaş oglan-gyzlar bilen birlikde Hommat hem 1943-nji ýylda işe alynýar. Uly halypalaryň arasynda bäş-alty ýyl işläp, giden aýdymlary kemsiz öwrenensoň, dogduk mekanyna dolanyp, şol ýerdäki medeniýet öýünde işe durýar...

Ençeme ýyllap ýaşlara tälim beren Hommat Jelilowyň Orazgeldi Ylýasow, Annaberdi Atdanow ýaly meşhurlaryň ýokary derejelere ýetmeginde uly paýy bar. Olar hemişe Hommat bagşa «Halypa» diýip, uly sarpa goýardylar.

«Bir gün kakam pahyr: «Hany, oglum, bilýän aýdymlaryňdan maňa-da aýdyp ber» diýdi. Menem bir oýnam aýdym aýtdym welin, «Bes edäý» diýdi-de, soňam: «Hiç haçanam sen Sahy bagşa öýkünip, ondan gowy aýdyp bilmersiň. Şoň üçinem öz ýoluňy, hörpüňi tapjak bol. Ýogsam seni hiç kim küýsemezem, gözlemezem» diýipdi. Ine, şondan soň köp işledim, gözledim, okadym, öwrendim. Şonlukda ilkinji ýazgylarym radioda ýaňlanyp başlady» diýip, Hommat Jelilow gürrüň berdi. Geçen ýüzýyllygyň ortalaryndan soň, bu bagşynyň özboluşly äheňli, başganyňka meňzemeýän hörpdäki «Perizat», «Gelin», «Maral

zeýrendi» ýaly aýdymlary radio arkaly yzygiderli berlip ugrady. Soňra olaryň üsti «Geýme garany», «Ussady men», «Daglara», «Bardyr», «Tur, Bibijan», «Hazar dagy», «Han dädem» ýaly özboluşly täze ýazgylar bilen ýetirildi. P. Saryýew, S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow ýaly halypalaryň syny oturan şol ýazgylarynda oňa Ata Ablyýew, Tugur Berdinyýazow, Ýagmyr Nurgeldiýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew, Akmyrat Çaryýew dagy sazandarlyk edipdiler.

Hommat bagşynyň täsin äheňde, özboluşly öwrümlere ýugrup, döwürdeş şahyrlarynyň goşgularyna döreden hem-de ussatlyk bilen ýerine ýetiren «Sonam», «Nara meni», «Lukman gyzy», «Owadan sen, owadan», «Arçmanym» kimin birgiden aýdymlaryny şägirtleri uly höwes bilen aýdýarlar. 1927-nji ýylda dünýä inip, manyly ömrüniň köp bölegini il gününe hyzmat edip geçiren Türkmenistanyň halk bagşysy Hommat Jelilow milli bagşyçylyk sungatymyza önjeýli goşant goşan halypalaryň biridir. Onuň ýakymly sesine, özboluşly hörpüne maýyl şägirtleri häzir halypanyň ýoluny dowam edip, milli aýdym-saz sungatymyza goşant goşýarlar.

Hommat Jelilow segsen dört ýaşynda 2010-njy ýylda aradan çykdy.



## HOJAGULY DIWANAÝEW
(1927)



Hojaguly Diwanaýew 1927-nji ýylyň tomsunyň ahyrky günleriniň birinde Ahal welaýatynyň häzirki Ruhabat etrabyna degişli Gorjaw obasynda doglyár. 1941–1998-nji ýyllar aralygynda Türkmen döwlet filarmoniýasynda (1980–85-nji ýyllarda bolsa Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary ansamblynda) bagşyçylyk eden H. Diwanaýew uly ýerine ýetirijilik ýoluny geçdi. Ilki T. Suhangulyýew, Oraz salyr, S. Jepbarow, Garly bagşy ýaly halypalaryň tälimini alyp, soňam O. Saryýew, J. Hansähedow, Ş. Gurbannepesow, Ç. Gurbanow, N. Annaýew, G. Jeňow ýaly kärdeşleri, deň-duşlary bilen ýurdumyzyň dürli künjeklerinde aýdym aýdyp, köpüň söýgüsini gazandy. 2009-njy ýylyň 9-njy oktýabrynda ýurdumyzyň iň gözel künjekleriniň birine öwrülip barýan Awazada Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen medeniýet we sungat işgärleriniň ençemesine hormatly atlar dakyldy. Olaryň arasynda H. Diwanaýew hem bardy. Şol ýerde ýaşuly bagşy öz şatlygyny şeýle beýan etdi: «Hormatly Prezidentimiziň işleri mundan buýana-da rowaç alsyn. Jany sag, başy aman bolsun. Çyn zehinlere hemişe gadyr gymmat goýýandygyny ýene bir gezek äşgär etdi. Zehinli ýaşlar bilen birlikde ýaşy bir çene baran halypalaryň hem ençemesiniň başlaryny göge ýetirdi. «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen adyň maňa-da berilmegi goja göwnümi galkyndyrdy»...

Halypa bagşynyň ýüzi ýagtylyp, şatlykdan bokurdagy dolan ýaly bolup gitdi.

Ýaşuly bagşy özi hakda şeýle gürrüň berýär: «1934-nji ýylda mekdebe gatnap başladym. Ol ýerde aýdym-saz topary hem bardy. Ýolbaşçysyna Gylyçdurdy Baýmyrat diýerdiler. Uky-

byma, zehinime göwni ýetendir-dä, bir gün kakama «Ogluňa dutarjyk alyp berseň-ä gowy boljak, yhlasy bar eken» diýipdir. Şol wagtlar Aşgabatda Pürli gurçuk diýen dutar ussasy bar eken, ýaňy adygyp ugran. Onuň kakasyna Hanmämmet ussa diýer ekenler. Bir gün «Hanmämmet ussaň ýasany» diýip, kakam dutar alyp  geldi. Ol häli-häzirem öýümizde dur» diýip, Hojaguly aga sözüne dyngy berdi. Soňra 1941-nji ýylda kakasy bilen Aşgabada gelip, Sahy Jepbarowyň ýolbaşçylygyndaky ansambla barşy we Sahy halypanyň H. Täçmämmedow, Ş. Gurbannepesow, N. Annaýew, G. Jeňow ýaly şägirtleri bilen ilkinji tanyşlygy hakda gürrüň berdi: «Bagşy Hommat Jelilow hem bu ýere bir wagtda gelipdi. Beýleki oglanlar işden gaýdanlaryndan soň, Hommat bilen bar güýmenjämiz aýdym-saz boldy. Şeýdibem halypalaryň tälimini alyberdik» diýip, uly sungatyň gyrasyndan ykjam girişip ugran çaglaryny höwes bilen gürrüň berdi.





H. Diwanaýew köp ýyllap bile işleşen, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Oraz Saryýewi, Durdy Sapary, Nazar Begliýewi, Nabat Nurmuhammedowany, Sülgün Meretgeldiýewany, dutarçylar Meretdurdy Nazarowy, Annanyýaz Öwezowy, Soltanmyrat Jygaýewi, Ýagdy Mämmetliýewi, gyjakçylar Soltan Gurbanowy, Nury Baýramowy hormat bilen ýatlap, olardan juda kän zatlar öwrenendigini öwran-öwran nygtady.



Ilkinji aýdym ýazgylary geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň başlarynda peýda bolan bu bagşynyň «Babajyklar», «Kiçi», «Hal iki ýandan», «Gözelim» ýaly onlarça aýdymlary radio ýaýlymlarynda ýaňlanyp gelýär. Dürli döwürlerde Türkmen döwlet filarmoniýasynda işlän Türkmenistanyň halk artistleri, belli aýdymçy Annaberdi Atdanowyň, Nurýagdy Baýramowyň kämilleşmeklerinde özüniň hem goşandynyň bardygyny halypa bagşy bu gün buýsançly ýatlaýar.

## HOJAMYRAT ÖRÄÝEW

(1928)



Hojamyrat Öräýew milli bagşyçylyk sungatymyzyň daşoguz şahasynyň özboluşly usullaryny dowam edip, onuň kämilleşmegine, ýaş nesliň bu senede höwes bildirmegine mynasyp goşant goşup gelýänleriň biridir. 1928-nji ýylda häzirki Görogly etrabynyň Garaporsaň obasynda dünýä inen Hojamyrat heniz çagaka aýdym-saza bolan ukyby bilen deň-duşlaryndan saýlanypdyr. Muňa ir göz ýetiren Öre şyh bagşy, oglunyň saz ukybyny kämilleşdirmek aladasy bilen boluberipdir. Öre şyh Käbe oglunyň ussatlyga ýetişen çaglary dünýä inen Hojamyradyň gören-eşideni halypa bagşy-sazandalar, tirme aýdymlardyr dessanlar bolupdyr. Aýdym-saza şeýle uly sarpa goýýan maşgalada önüp-ösen çaga, on-on iki ýaşlarynda eline dutar alyp, bäşdir-üçdür heň sanap ugraýar, ýigit çykýança gyjak çalmagy hem öwrenýär.

Ençeme ýyllaryň dowamynda ýaşlara halypalyk edip gelen Hojamyrat Öräýew geçen asyryň ortalarynda bagşyçylyk kärini kemsiz ele alyp, giňden tutulýan toýlary abraý bilen sowýan bagşylaryň hataryna goşuldy. Munuň şeýle bolmagyna köp ýyllap kakasy Öre şyhyň ýanynda gyjak çalyp gezmegi uly täsirini ýetiripdi. Hojamyrat bagşynyň kämilleşmegine diňe bir kakasynyň däl, eýsem ýaşlyk ýyllarynda Çuwal bagşydyr Berdibaý gyjakçynyň, Sapar Bekidir Baýar bagşynyň-da, 60–70-nji ýyllarda bolsa Ilaman Anna, Gurban Seýitmämmet, Ryzaguly Ata ýaly halypalaryň özboluşly aýratynlyklary nusga bolupdy. Muňa H. Öräýewiň şol ýyllarda aýdyp, Türkmen radiosyna ýazga beren aýdymlarynyň onlarçasy şaýatlyk edýär.

Wagtynyň bellibir bölegini çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda geçirip, olaryň saz kämillikleriniň ýokarlanmagy üçin

köp alada edýän Hojamyrat halypanyň häzir ussatlyga ýetişen ençeme şägirdi bar. Muňa mysal edip, «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada mynasyp bolan Kakabaý Nazarowy, dürli bäsleşiklere, ýokary derejelerde geçirilýän dabaralara işeňňir gatnaşyp ýören Sabyr Sabyrow, Atabaý Rejebow, Baky Rejebow ýaly bagşy-sazandalary görkezmek ýeterlik bolsa gerek.

Daşoguz sebitleriniň dürli bagşyçylyk ugurlarynyň ýol-ýörelgelerine örän belet Hojamyrat Öräýewiň özboluşly aýdyş usuly kemala geldi. Şeýle özboluşlylygy gazanmak hem-de diňleýjiler tarapyndan ykrar edilmegi üçin Magtymguly Garly, Baýar halypa, Palta bagşy ýaly birgiden ussatlaryň ýerine ýetirijilik usullaryny ýadawsyz öwrendi. Olary seljerip, inçeden yzarlap, giňden peýdalandy. Munuň şeýledigini Hojamyrat bagşynyň «Babagammar», «Habar gelipdir», «Tylla, seniň yşgyňda», «Teşnit», «Algaç», «Gyzlar», «Aý peri» ýaly tirme aýdymlaryny we birnäçe dessanlary aýdyşyny diňläniňde hem mese-mälim duýmak bolýar.

Altmyş ýyldan hem köp wagt bäri bagşyçylyk kärini halypaçylyk işi bilen utgaşykly alyp barýan Hojamyrat Öräýew «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent ada mynasyp boldy. Ussatlaryň hataryna bireýýäm goşulan halypa bagşy şu günler hem öz mynasyp şägirtleri bilen toý-dabaralaryň arzyly myhmanlary.







# BEGLI BABANYÝAZOW

(1928–2006)



Begli Babanyýazow 1928-nji ýylyň mart aýynda Ahal welaýatynyň häzirki Ruhabat etrabynyň Gökje obasynda dünýä inýär. Onuň çagalykdan aýdym-saza imrinmegine obadaşlary, döwrüň atly bagşylarynyň biri Oraz Sopynyň aýdymlary sebäp bolupdyr. 1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň başlanan ilkinji günlerinden öz islegi boýunça söweş meýdanyna gidip, 1942-nji ýylda hem gahrymanlarça wepat bolan Oraz bagşynyň «men» diýen çaglary aýdan aýdymlary ýaşajyk Begli üçin özboluşly mekdep bolupdy. On-on iki ýaşlaryna ýetende, goňşy Köşi obasyna gatnap, meşhur Hally bagşynyňam goja çaglary aýdyşyny köp gezek diňlän Begli, geçen asyryň kyrkynjy ýyllarynyň başynda, ýaňy açylan Türkmen filarmoniýasyna kabul edilýär.

Şamyrat Gurbannepesow, Ýagdy Mämmetliýew, Sapar Mämiýew, Çary Gurbanow ýaly deň-duşlary bilen halk saz gurallary orkestrinde işläp ugran Begli hem Grigoriý Arakelýan, Aşyr Kulyýew kimin halypalaryň ýardam bermekleri bilen nota sowadyny özleşdirýär. Az wagtdan soň halk saz gurallary orkestriniň ezber dutarçylarynyň hataryna goşulýar. Irginsiz çekilýän zähmet, uly halypalaryň talabedijiligi, Bigliniň diňe bir orkestriň dutarçysy däl, eýsem bagşy hökmünde-de häli-şindi çykyş etmegine getirýär.

Döwrüň Geldimämmet Orazgulyýew, Gurbandurdy Jeňow, Nurmyrat Annaýew, Oraz Saryýew ýaly atly bagşy-sazandalary bilen geçilýän «sapaklar», oba-şäherlerde bolýan çykyşlar bagşynyň örüsiniň giňäp, ýerine ýetirijiliginiň kämilleşmegine ýardam berýär. Şeýlelikde, 50-nji ýyllarda Begli Babanyýazowyň aýdym-ýazgylary Türkmen radiosynda ýaňlanyp başlaýar. Şol

ýyllar zehinli dirižýor hem-de kompozitor Gurban Kulyýewiň ýolbaşçylygyndaky halk saz gurallarynyň döwlet orkestriniň taplanyp, köpçüligiň söýgüsini gazanan döwrüdir. Bu özboluşly aýdym-saz toparynyň meşhurlyk gazanmagynda Soltanmyrat Jygaýew, Annanyýaz Öwezow, Allaberdi Allaberdiýew, Sapar Mämiýew ýaly sazandalar bilen bir hatarda Begliniň hem paýy az däl.

Ilkinji aýdymlary ellinji ýyllaryň ortalarynda Türkmen radiosynda ýaňlanyp ugran Begli Babanyýazowyň häzir milli sazymyzyň altyn hazynasyna giren 50 töweregi ýazgysy saklanýar. Dürli döwürlerde ýurdumyzyň belli dutarçylary, gyjakçylary tarapyndan sazandarlyk edilen şol ýazgylary diňläp görseň, bagşynyň nähili kämilleşendigine göz ýetirmek kyn däl. «Mylaýym gyz gelsin diýdi», «Bilmedim», «Ýör biläni», «Seýdek» ýaly ilkinji ýazgylarynda Türkmenistanyň halk bagşylary Çary Gurbanow bilen Çary Täçmämmedow sazandarlyk edipdir. «Daglar», «Galmanam», «Gedasydyr», «Akmaýa gerek», «Zelil göwnüm», «Meýlis halan», «Teşnit» kimin aýdymlaryny bolsa, ýyllaryň dowamynda bile işleşen kärdeşleri Annanyýaz Öwezow, Anna Halmuhammedow, Soltanmyrat Jygaýew, Alladurdy Çaryýarow, Nazar Begliýew ýaly dutarçylar, gyjakçylar bilen ýadygärlik goýupdyr. «Bady-sabany görsem», «Söýmüşem seni», «Özüňden medet», «Jelil», «Joş gelse» ýaly aýdymlarynda bolsa Ýolaman Nurymow, Akmyrat Çaryýew, Muhammet Muhammetnyýazow dagy sazandarlyk etdiler.

Beýik Garaşsyzlyk zamanamyzyň ilkinji ýyllarynda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakylan Begli Babanyýazow 2006-njy ýylyň başynda aradan çykdy.







9. Sargyt № 1531

## ANNAGELDI JÜLGÄÝEW
(1929)



Annageldi Jülgäýew ömrüniň köp bölegini Türkmen döwlet filarmoniýasynda işläp geçiren oba oglany, ýönekeý sazandalykdan ýokary derejeli gyjakçylyga, dirižýorçylyga we kompozitorçylyga şol ýerde ýetişdi. Çagalykdan daýylary Pürli, Oraz, Nury Saryýewleriň görüm-göreldesini, edep-ekramyny alan Annageldiniň Jepbar Hansähet, Şamyrat Gurbannepes, Hojamämmetdir Çary Täçmämmetler, Çary Gurban, Sapar Mämi, Nurmyrat Anna, Gurbandurdy Jeň ýaly deň-duş kärdeşleri bilen geçiren ýyllary dünýägaraýşyny ösdürip, tejribesini artdyrdy. Ýurdumyzyň oba-şäherlerinde, edara-kärhanalarynda ýyllyň-ýylyna yzygiderli çykyş eden bu sazandanyň ýiti zehini dünýäniň köp ýurtlarynyň diňleýjilerini milli sazymyzyň ajaýyp nusgalary bilen tanyşdyrdy. Annageldi Jülgäniň ýokary ussatlygyna Hindistanyň, Fransiýanyň, Mongoliýanyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Indoneziýanyň we ýene-de birgiden döwletleriň ýaşaýjylary dowamly el çarpyşmalar bilen serpaý ýapdylar. Annageldiniň köp ýyllap çeken zähmeti, ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy oňa uly abraý, ýokary sylag-hormat getirdi. Oňa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent at dakyldy, şeýle hem ol Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesidir.

1929-njy ýylyň maý aýynda Ahal welaýatynyň häzirki Baharly etrabyndaky Ymarat diýen ýerde dünýä inen Annageldi şeýle ýol geçmek üçin köp-köp zähmet çekdi. Halypalaryň tälim terbiýesini alyp, olaryň nesihatlaryna, däp-dessurlaryna wepaly boldy. Gyjagyň ýönekeý tilsimlerini ele alyp ugran Annageldi Pürli daýysynyň tagallasy bilen filarmoniýa işe kabul edilýär. Özi ýaly oglanlardan erjelligi bilen tapawutlanan ýaş zehin

dosty Şamyrat Gurbannepes bilen halk saz gurallary orkestriniň ýolbaşçysy, ussat sazanda G. Arakelýana kömekçi bellenýär. Soňra ýekelikde-de çykyş edip ugraýar. Ýyllar kerwen gurap, Annageldiniň ýerine ýetirijiligini, guramaçylyk we döredijilik başarjaňlygyny ussatlyk derejesine ýetirýär. Şeýlelikde, ýokary derejedäki dabaralarda çykyş etmäge giň ýol açylýar. Hoş owazly aýdym-sazlary peýda bolýar, dirižýorçylyk hünärine has içgin girişip, halypalaryň deňine ýetýär.

Pürlüdir Oraz Saryýewleriň ýerine ýetirijilik däplerine daýanyp ussatlyga ýeten A. Jülgäýew özboluşly ýol-ýörelge edindi. Diňe bir türkmen aýdym-sazlaryny däl, eýsem dünýä saz medeniýetiniň saýlama eserlerini-de ýokary derejede çalmak üçin, dört tarly gyjagy saýlap aldy. Ses perdeleriniň köplügi, ýerine ýetirijilik usullarynyň we mümkinçilikleriniň has artyklygy bilen tapawutlanýan bu saz guralyny kä ýekelikde, käte fortepianonyň, käte bolsa orkestriň ýanynda çalyp, milli sazymyzda täze ugry kämillik derejesine ýetirdi.

Dünýä derejesinde uly yz galdyran daşary ýurtly belli kompozitorlaryň eserleri bilen birlikde örän çylşyrymly halk sazlarymyzy hem dört tarly gyjakda-da çalyp bolýandygyny ilkinji bolup subut etdi.

Ýyllaryň dowamynda ýerine ýetirijilik we döredijilik işlerini utgaşykly alyp baran ussat sazanda, birnäçe wagtdan bäri Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyplaryna baý tejribesini jomartlyk bilen paýlap gelýär.







## AŞYRMÄMMET DAWUDOW
(1930–2011)



Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, halypa bagşy Soltan Atanepesowyň iň zehinli şägirtleriniň biri Aşyrmämmet Dawudowdyr. Ol 1930-njy ýylda Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda dogulýar.

Geçen asyryň 40-njy ýyllarynyň başlarynda Bereket etrabynyň merkezinde, Balkan sebitlerinde adygan bagşy Soltan Atanepesowyň ýolbaşçylygynda aýdym-saz topary bolan. Ol topara zehinli ýaşlaryň ençemesi gatnaşyp, aýdym-sazyň inçe syrlaryny öwrenipdir. Aşyrmämmet hem Soltan akganyň sakasynda duran dury suwly çeşmesinden ine-gana içenleriň biridir. «Ýaňy 10–12 ýaşlarymda uly halypanyň huzuryna baryp, onuň öwüt-ündewlerini, aýdym-saz, öten-geçen halypalar hakdaky gyzykly gürrüňlerini diňlemek meniň üçin örän täsindi. Onuň özüm ýaly oglanlaryň birnäçesini töweregine üýşürip: «Dutary şeýle tutmalydyr, ine, sag el bilen kakuw şeýle edilýändir, sol eliň barmaklary bolsa perde tutýandyr» diýip, jany-teni bilen bize öwredişi häli-häzirem gözümiň öňünde. Meniň, ýeke meniň hem däl, ýene-de ençeme bagşylaryň aýdym-saza maýyl bolup, inçe senediň kötelli ýollaryndan geçip, ussatlyga ýetişmegimizde Soltan akganyň hyzmaty çäksizdir» diýip, Aşyrmämmet aga ilkinji we esasy halypasyny hormat bilen ýatlardy.

Soltan Atanepesowyň şägirtleriniň arasynda has tapawutlanyp ugran Aşyrmämmediň ýerine ýetirijiligi kämilleşip, örüsi giňäp başlaýar. Ýurdumyzyň dürli welaýatlarynyň bagşy-sazandalarynyň arasynda geçirilýän bäsleşiklerde öňe saýlanyp ugran A. Dawudowyň aýdan aýdymlary Türkmen radiosynda ilkinji gezek 1952-nji ýylda ýaňlanýar. Şonda ol «Boý Bibi»

hem-de «Göwnüm seni» diýen aýdymlary ýazdyrypdy. Soňra Pürli Saryýew, Sahy Jepbarow, Çary Gurbanow, Çary Täçmämmedow, Tugur Berdinyýazow ýaly halypalaryň goldaw-ýardam bermegi netijesinde «Akjagül», «Ogulbeg», «Akmeňli», «Jerenim», «Tapylar» ýaly ýene-de birnäçe özboluşly aýdymlary ýazga berip, ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygyny äşgär edýär. Milli bagşyçylyk sungatymyzyň Balkan şahasynyň ýaýrap berkemegine uly goşant goşýar.

Başda Soltan Atanepesowdan tälim alyp, soňra meşhur Çowdur körüň aýdym aýdyş hörpüni özboluşly dowam eden Aşyrmämmet Dawudow ilki «Türkmenistanyň at gazanan artisti», soňra bolsa «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly atlara mynasyp boldy.

2011-nji ýylyň baharynda aradan çykan Aşyrmämmet halypa asylly, inçe senedini ýaşlara ýadawsyz öwretdi. Ol diňe bir öz ogul-gyzlary Baýrammämmediň, Orazdöwletdir Aýtäjiň däl, eýsem bereketli onlarça ýaş aýdymçylaryň, bagşy-sazandalaryň esasy halypalarynyň biri bolupdy. Şeýdip hem bagşyçylyk senedimiziň ýomut-gökleň ýolunyň ösüp-örňäp has kämilleşmegine Nurberdi Gulow, Aşyr Gurbanow, Nurmuhammet Garlyýew, Saryhan Sapaýew ýaly kärdeşleri bilen uly ýardam beripdi.

## ÖDENYÝAZ NOBATOW
(1930–2006)



Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň Baýraç obasy bagşy sazandalaryň iň köp çykýan obalarynyň biridi. Meşhur Gurban bagşynyň, onuň inisi Amansähet bagşynyň, Amansähediň ogly Nobat bagşynyň, Nobat bagşynyň ogly Ödenyýazyň we beýleki tanymal sazandalaryň göbek ganynyň siňip, beýnisiniň bekän ýerleridi. 1930-njy ýylda dünýä inip, heniz bäş-alty ýaşlaryndaka, kakasy Nobat bagşynyň beren kiçijik dutarynda ýönekeýje kakuwlary edip başlan Ödenyýazyň ilkinji halypasy hem kakasy bolýar.

Heniz mekdep ýaşyna ýetmedik Ödenyýazyň çaga owazy obanyň uly bolmadyk üýşmeleňlerinde, mekdebe gatnap ugransoň, ol ýerdäki höwesjeňleriň hatarynda ýaňlanyp başlaýar. Ýaş zehiniň ýiti ukyby döwrüň uly halypalarynyň biri Garly bagşy Ýolaman ogluny haýran edip, onuň şägirt almagyna sebäp bolýar. Bu ussadyň ýaş şägirdi bilen has-da basalykly işlemegine Nobat bagşy bilen geçilen ençeme ýyllar, Gurban bagşynyň beren öwüt-ündewleri, halypalyk pentleri hem borçly edýärdi. Garly bagşynyň bäş-alty ýyllap beren terbiýesi Ödenyýazyň kämilleşmeginde uly yz galdyrdy. 1943-nji ýylyň güýz paslynyň ortalarynda Garly bagşy Ödenyýazy alyp Aşgabada gelýär. Heniz kämillik ýaşyna ýetmedik bagşynyň aýdýan «Dilber», «Ol daglaryň», «Gözelim», «Owadan gelin» ýaly aýdymlary Türkmen radiosy üçin ýazgy edilýär. Şol ýyllarda hem Ödenyýaz Nobatow Sahy bagşy bilen ýakyn tanyşýar.

«Meniň aýdym-saza girişmegimde kakamyň we Garly bagşynyň hyzmaty juda uludyr. Sahy aga bolsa kämillik derejesine ýetmegime ummasyz täsir edipdi. Birnäçe wagtlap Sahy bag-

şynyň öýünde ýaşadym. Ogly Soltan bilen aga-ini ýaly bolduk, ene ornunda Bibi daýzaň çaý-naharyny köp iýip-içipdim» diýip, Sahy Jepbaryň 90 ýyllygyna bagyşlanyp, 1996-njy ýylyň güýzünde Ýaňgala obasynda geçirilen dabarada ol gürrüň beripdi.

Ödenyýaz Nobatow örän köp taraply adamdy. Ol bir görseň, aýdymdyr dessan aýdyp oturandyr, bir görseň, eli dutarly ýa-da gargy tüýdükli gadymy aýdym heňleriniň saz nusgalaryny çalyp oturandyr. Ýyllaryň dowamynda etrabyň höwesjeňler toparyna ýolbaşçylyk edip, ençeme bagşy-sazandalary sungat ýoluna gözükdiren bu halypa owgan rubabydyr kawkazlylaryň taryny hem ezberlik bilen çalar eken. Onuň dürli ýyllarda döreden «Ýarym gelmedi», «Pendiniň», «Ajap eýýam gelmedi» ýaly aýdymlary etrap höwesjeňleriniň ýerine ýetirmeklerinde ýurdumyz boýunça geçirilen bäsleşiklerde, festiwallarda ýaňlanypdy.

Ýaňy ýedi ýaşa ýetende ata mährinden jyda düşen Ödenyýaz Nobatow özboluşly durmuş, ýerine ýetirijilik we halypalyk ýoluny geçdi. Şeýdibem köpüň söýgüsini gazanyp, «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen ada mynasyp boldy. Ýurdumyzyň çäginden has alyslarda guralan dürli çärelere işeňňir gatnaşyp, gaýry halklaryň diňleýjisini milli sazymyz bilen tanyşdyran Ödenyýaz bagşydan onlarça aýdym-saz ýazgylary miras galdy. Türkmen radiosynda we Döwlet arhiwinde saklanýan şol ýazgylar onuň ýokary ussatlygyna şaýatlyk edýär. Özboluşly bokurdak oýnatmalar, «hüýýüldiler», «jukguldylar» bilen beslenen şol aýdymlar bagşynyň başgalaryňka meňzemeýän ýerine ýetirijilik ýol-ýörelgesini, usullaryny aýdyň görkezýär. Ödenyýaz Nobatow 2006-njy ýylyň dekabr aýynda aradan çykdy.





# ÝAGMYR NURGELDIÝEW
(1931–1993)



Ýagmyr Nurgeldiýew 1931-nji ýylda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Çagalykdan aýdym-saza bolan höwesi güýçli bolan Ýagmyryň ilkinji we esasy halypasy Mylly Täçmyrat bolupdyr. Mylly agalar bilen köp ýyllap goňşy oturan Nurgeldi aga 1941–1945-nji ýyllaryň urşuna gidip, şol ýerde hem wepat bolýar. Öňem iki ogly urşa gidip, gaýdyp gelmedik Mylly aga Ýagmyry öz ogullary, agtyklary ýaly görüp hossar çykýar. Jepbar Hansähet, Hojamämmet we Çary Täçmämmetler ýaly şägirtleri bilen bir hatarda Ýagmyra hem saz çalmagyň ýönekeýje endiklerini öwredip başlaýar. Ýyllaryň geçmegi bilen ýigitlik çagyna ýeten Ýagmyr Nurgeldiýew Türkmen radiosynda ses operatory bolup işe başlaýar. Radioda häli-şindi çykyş edýän bagşy-sazandalar bilen duşuşyklar, gyzykly gürrüňler Mylly aganyň iň körpe şägirdiniň gözýetimini giňeldip, tamdyra has erjel ýapyşmagyna ýardam edýär. Şeýlelikde, «Ýagmyr Nurgeldiýewiň çalmagynda birnäçe saz diňläň», «Galýar Ýagmyr Nurgeldiýew» ýaly jümleler radio ýaýlymynda eşidilip başlaýar. Mylly aganyň, Pürli aganyň hem-de ezber şägirtleriniň ussatlyk bilen çalýan mukamlaryny ine-gana diňläp, olar bilen «kowalaşyp», «gaçyp» ugran Ýagmyr Nurgeldiýew 60-njy ýyllaryň birinji böleginde Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna işe kabul edilýär.

60-njy ýyllar ezber sazandanyň täze aýdym-sazlary döretmäge girişen, ýerine ýetirijilik ussatlygynyň has kämilleşip ugran çaglary boldy. Ilki Mylly aganyň, soňra bolsa Pürli Sarydyr Çary Täçmämmediň ýolbaşçylygynda ussatlyk mekdebini geçen Ýagmyr Nurgeldiýew «Arzuwym», «Owazym», «Pyragy»,

«Gutlag mukamy», «Gahryman çopan», «Aý dogan çagy» ýaly birgiden özboluşly eserleri döretdi. Sahy Jepbarow, Begmyrat Hojamyradow, Nurberdi Gulow, Aşyrmämmet Dawudow ýaly dürli bagşyçylyk ugurlarynyň ussatlarynyň ençemesine sazandarlyk eden Ýagmyr Nurgeldiýewden örän çylşyrymly halk mukamlarynyň ýüze golaýynyň ýazgylary miras galdy. Onuň halypasy hem-de işdeş ýoldaşy Çary Täçmämmedow bilen iki bolup çalan «Tapmadym», «Baga gireli», «Hajygolak» kimin sazlary bolsa, gözbaşyny bir akabadan alyp gaýdýan ussatlaryň ýürek gürsüldileriniň sazlaşykly owazyny ýadyňa salýar.



Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna birnäçe wagtlap ýolbaşçylyk edip, uly ýerine ýetirijilik hem-de döredijilik ýoluny geçen Ýagmyr halypa ilki Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesinde, soňra bolsa Türkmen milli konserwatoriýasynda ýaşlara tälim berip, zehinli sazandalaryň ösüp ýetişmeklerine uly goşant goşdy. Muňa mysal edip, Oraz Annanepesow, Muhammet Muhammetnyýazow, Durdymyrat Gazakow, Nepes Meredow dagyny görkezmek bolar.



Ýyllaryň dowamynda taplanyp, uly ussatlyga ýeten Ýagmyr halypa köpüň söýgüli sazandasyna öwrüldi. Il arasynda meşhurlyk gazanan «Bu jennetdir» atly sazy, Türkmenistanyň halk bagşysy Begmyrat Hojamyradowyň aýdan aýdym heňini kämilleşdirip, ösdürip özboluşly saz derejesine ýetirdi.

Milli saz medeniýetimiziň baýlaşmagyna goşan uly goşandy üçin oňa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy.

Ýagmyr Nurgeldiýew 1993-nji ýylda aradan çykdy.



# HANGELDI ANNAMYRADOW

(1932–2013)



Hangeldi Annamyradow 1932-nji ýylda Mary welaýatynyň Mary etrabyndaky birinji Goňur obasynda dünýä inýär. Ol ilkinji saz tälimlerini agasy Nurudan we onuň ýakyn dosty Atageldi Owşandan alýar. Sazanda Han Akyýew bilen çagalyk döwründäki tanyşlyk Hangeldiniň kämilleşmegine giň ýol açýar. Köpügören halypa bilen bolýan duşuşyklar, halypa-şägirdiň yzygiderli geçýän türgenleşik sapaklary bagşyçylygyň inçe syrlaryna barha çuň aralaşmagyna alyp barýar. Etrap, welaýat derejesinde geçirilýän bäsleşiklerde, dabaralarda köpüň göwnünden turup ugran Hangeldi 1957-nji ýylda Marynyň Kemine adyndaky teatrynyň bagşylar toparyna kabul edilýär. Anna Babajanow, Aman Annaýew ýaly halypalar bilen işleşip ugran Hangeldi Annamyradyň Türkmen radiosynda ýazga geçirilen «Mollanepes» we «Balsaýat» diýen ilkinji aýdymlary hem şol ýylda peýda bolup, adyny bütin ýurdumyza ýaýradyp ugraýar. Çary Täçmämmedow, Ata Ablyýew ýaly ussatlaryň sazandarlyk etmeklerinde ýazylan şol aýdymlar bagşynyň geljekki şöhratly ýollaryndan habar berýärdi...

Kemine adyndaky teatrda az wagt işlän Hangeldi 1958-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň bagşylar toparyna kabul edilýär. Şol ýylyň ahyrlarynda bolsa, Türkmen radiosynyň halk saz gurallary ansamblyna işe geçýär. Pürli Saryýew, Çary Täçmämmedow, Tugur Berdinyýazow, Ata Ablyýew ýaly halypalar bilen egin-egne berip zähmet çeken Hangeldi Annamyradowyň ýerine ýetirijilik hem-de döredijilik babatda kämilleşmeginde bu döwür iň bir netijeli çaglary bolupdy. Ol Sahy bagşynyň, Çuwal bagşynyň altyn hazynada saklanýan ýaz-

gylaryny köp diňledi. Işdeş-kärdeşleriniň çykyşlaryndan, maslahatlaryndan geregini aldy. Täçmämmet Suhanguly, Amangeldi Gönübek, Geldi Ugurly, Ata Ably ýaly mukamçy halypalaryň döredijilik däplerine eýerip, ilkinji aýdymlaryny döredip başlady. Muňa mysal edip, Gara Seýitliýewiň goşgusyna «Gülüm», «Gözleriň» diýen ilkinji aýdymlaryny görkezmek bolar. Şol ýyllarda ol XVIII–XIX asyr türkmen edebiýatynda giňden ýaýran bagşy-şahyrçylyk däbine eýerip, sazyny hemem sözlerini özi düzüp, täze aýdymlaryň birnäçesini döretdi. Şeýle eserler «Saýrak bilbiliň bolam» atly aýdymdan başlanypdy.

Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparynda işlän çaglary (1958–1995) H. Annamyradow bagşyçylyk sungatymyzyň dürli ugurlarynda ürç edilip aýdylýan aýdymlaryň onlarçasyny ussatlyk bilen ýerine ýetirdi. Şonda oňa Ata Ablyýew, Garýagdy Alyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew, Akmyrat Çaryýew, Ýolaman Nurymow, Saparguly Işangulyýew, Çary Alladurdyýew sazandarlyk etdiler. Bagşynyň belentden owazly sesi Kanadanyň, Fransiýanyň, Şwesiýanyň, Türkiýäniň, Eýranyň, Orsýetiň kaşaň jaýlarynda ýaňlanyp, daşary ýurtly diňleýjileri milli sazymyzyň naýbaşy nusgalary bilen tanyşdyrdy. 1992–2003-nji ýyllar aralykda «Halypa–şägirt» studiýasyna ýolbaşçylyk edip, zehinli ýaşlaryň ençemesiniň sungat ýoluna goşulmagyna ýardam berdi.

Magtymguly Garly, Girman bagşy, Sahy Jepbar, Çary Täçmämmet ýaly ussatlaryň ýerine ýetirijilik özboluşlylygyny köp diňläp, seljerip, zehin gazanyna siňdiren Hangeldi Annamyradow «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp boldy.

Hangeldi bagşy 2013-nji ýylyň tomsunda aradan çykdy.





# DÖRTGULY DURDYÝEW
(1933–2000)



Kyrk ýyla golaý wagtlap Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparynda bagşy bolup işlän Dörtguly Durdyýew 1933-nji ýylda Aşgabatda dogulýar. Aýdym-saza hormat goýýan maşgalada önüp-ösen Dörtguly ilki sport bilen meşgullanyp ugraýar. Bu ugurdan ýörite orta bilim alandan soň, Aşgabadyň etegindäki obalaryň birindäki mekdepde bedenterbiýe mugallymy bolup işleýär. Ýöne aýdyma, bagşyçylyga bolan höwes ony ýene-de sungat älemine getirýär. Sebäbi ol ilki Aşgabadyň Nowçalar öýündäki aýdym-saz toparyna gatnap, ussat mugallym Bäşim Lallakowdan bu sungatyň inçe tärlerini öwrenipdi. 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda Dörtguly ilkinji gezek Mylly aganyň, Pürli Sarynyň synagyndan geçipdi. Soňra Tugur Berdinyýazow, Çary Täçmämmedow, Ata Ablyýew ýaly halypalar bilen bir ýerde işläp, Magtymguly Garly, Sahy Jepbar kimin ussatlaryň çykyşlaryny, ýazgylaryny yzygiderli diňläp, kärine ezberleşdi. Bir obada ýaşap, birek-biregi kän diňläp, Orazgeldi Ylýas, Oraz Begnyýaz, Japar Hojanepes ýaly deň-duşlary bilen bagşyçylygyň azaply ýollaryny bäsleşikli geçipdi.

60-njy ýyllaryň soňlarynda, 70-nji ýyllaryň hem birinji ýarymynda özboluşly aýdymlary, ýerine ýetirijilik başarnygy bilen diňleýjileriň arasynda giňden tanalan D. Durdyýew döredijilik işine-de baş goşup ugraýar. Mukamçy kompozitorlaryň asylly däplerine eýerip, täze aýdymlary döretmekde güýjüni synaýar. Şeýlelikde, onuň ilkinji özboluşly aýdymlary peýda bolýar. Soňra halk sazlarymyzyň birnäçesine dessanlardan, nusgawy edebiýatymyzdan many-mazmuny, häsiýeti taýdan kybapdaş goşgulary saýlap, goşup aýdyp ugraýar. Irginsiz çekil-

ýän zähmet, ýadawsyz gözlegler Dörtguly bagşa sylag-hormat getirýär.

Pürli Saryýew, Geldi Ugurlyýew, Tugur Berdinyýazow, Ata Ablyýew, Çary Täçmämmedow ýaly işdeş halypalarynyň täze döreden aýdymlarynyň onlarçasy D. Durdyýewiň ýerine ýetirmeginde ilkinji gezek diňleýjilere eşitdirilipdi.

Dörtguly bagşynyň zehininden dünýä inen «Ýaňlan, owazym», «Türkmenistan pagtaçysy», «Unutma», «Aşgabat», «Nar ýygýan gyza», «Çarwa gyzy», «Maral» ýaly onlarça aýdymlar, birgiden halk heňleri esasynda täzeden işlenen «Kandadyrkanda», «Zybagözel», «Altyn käse» ýaly halk aýdymlary onuň döredijilik ukybynyň şaýady boldy.

Kyrk ýyllap Türkmen telewideniýesinde we radiosynda yzygiderli çykyş eden D. Durdyýew ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, şeýle hem daşary döwletleriň birnäçesinde bolup, milli bagşyçylyk sungatymyz bilen diňleýjileriň müňlerçesini tanyşdyrdy. Onuň saz medeniýetimizi ösdürmäge goşan uly goşandy nazara alnyp, ilki «Türkmenistanyň at gazanan artisti», soňra bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlar berildi.

Dürli häsiýetli hoş owazly aýdymlaryň 100-e golaýynyň ýazgysyny miras goýan Dörtguly Durdyýew 2000-nji ýylyň ahyrynda aradan çykdy.







## ORAZGELDI YLÝASOW

(1933–1966)



Orazgeldi Ylýasow 1933-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Garagan obasynda dünýä inýär. Aýdym-sazyň jadylaýjy güýjüne çagalykda maýyl bolan Orazgeldiniň ilkinji tälim alany Sary Bäşim ogly ýaly, Arçman sebitlerinde ýaşaýan oba bagşylarydy. On bäş on alty ýaşlarynda, Hommat Jelilowyň ýolbaşçylygyndaky höwesjeňler toparyna gatnap ugran Orazgeldiniň ussatlygy günsaýyn kämilleşýär. Ödenyýaz Nobatow, Bally Mätgeldiýew, Sarman Hudaýberdiýew, Oraz Begnyýazow, Amanly Garjykow ýaly dürli welaýatlardan gelen kärdeşleri bilen bäsleşikli çykyşlara gatnaşyp, köpçüligiň söýgüsini gazanan Orazgeldi Ylýasow geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Türkmen döwlet filarmoniýasyna kabul edilýär. Halk bagşy-sazandalarynyň özboluşly mekdebine öwrülen bu sungat ojagynda ol halypalardan köp zatlary öwrenip, ezberligini taplaýar.

Sahy bagşy, Çary Gurban, Jepbar Hansähet, Gurbandurdy Jeň ýaly kärine ussatlaryň saz çalyşlaryny, aýdym aýdyşlaryny gaşynda oturyp kän gezek diňleýär. Olardan özüne gerek ýerlerini ilik-düwme alyp, «goş sandygyny» pürepür edýär. Gowy bagşy bolmak üçin tamdyra ezberligiň gerekdigine ir düşünen bagşy Mylly aganyň, Pürli aganyň çalyşlarynam köp diňläpdi. Ine, bularyň hemmesi Orazgeldiniň zehin eleginden geçip, joşgunly kalbyny heýjana getiripdi. Ýol goýan halypalara eýerip, özbaşdak ýol-ýörelge yzlan zehinli bagşynyň Türkmen radiosyna dürli wagtlarda ýazga beren «Ýagşydyr», «Dilber», «Orazym», «Zelil göwnüm», «Haraýym döndi» ýaly ilkinji aýdymlarynda özboluşly ýerine ýetirijiligi ýüze çykypdy. Ömrüniň

soňky aýlarynda Ata Ablyýew bilen Akmyrat Çaryýewiň sazandarlyk etmeklerinde ýazdyran oýnam sany aýdymynda Orazgeldi Ylýasyň özboluşly ýoly mese-mälim duýulýar. «Ýag ýaly», «Gitsem geler men», «Azat eýlegin», «Babajyklar» atly şol bir oýnam aýdym onuň Türkmen radiosynda ýazga beren iň soňky aýdymlary boldy.

Juda gysga ömrüniň dowamynda uly ýerine ýetirijilik ýoluny geçip, «Sygan bagşy» adyny alan Orazgeldi Ylýasow milli bagşyçylyk sungatymyzda uly yz goýdy. Onuň şöhratly ady, özboluşly hörpde, ýokary ussatlykda aýdan aýdymlary dürli goşgularda, poemalarda, şekillendiriş we suratkeşlik sungatynda çeper beýanyny tapdy. Ol eserler we miras galan köp sanly ýazgylar buýra-buýra gara saçlary ýüzüne dökülip duran «syganyň» joşup-joşup aýdym aýdyşyny häli-häzirem sazhon diňleýjileriň göz öňünde janlandyryp duran ýaly...

Bir gürrüňçilikde Sahy bagşy şägirdini ýatlap şeýle diýipdi: «Orazgeldi çyn bagşy boldy. Halypalyk derejesine ýetdi, gysga ömründe «Bidert ýarymy», «Yrakda durmany» täze öwüşgin, hyjuwly depgin bilen aýdyp, olary hasam nurlandyrdy. Şeýdibem «Orazgeldi Ylýas» boldy...»

Beýik bagşynyň bu sözleri zehini daş ýaran şägirdine bolan buýsanjynyň, guwanjynyň bir bölejigidi. Sahy bagşy soň-soňlaram ussatlyk hakda, şägirt bagşylary hakda söz açanda, ilki bilen Orazgeldi Ylýasy mysal getirerdi...

Juda taplanan çyn zehini bilen türkmen bagşyçylyk sungatynda özboluşly ýol goýan, birgiden nusgalyk aýdymlary miras galdyran Orazgeldi Ylýasowyň ýerine ýetirijilik usullaryny dowam edýän ýaşlar sanardan köp. Olaryň birentegi hormatly atlara mynasyp bolup, halypalyk derejesine ýetdi.

1966-njy ýylyň güýzünde biwagt aradan çykan Orazgeldi Ylýasowa Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.







## PATYŞAGULY GIRMANOW
(1933-2012)



Meşhur Girman bagşynyň ogly hem-de onuň özboluşly ýerine ýetirijilik hörpüni dowam eden Patyşaguly hem häzirki Ahal welaýatynyň Tejen etrabyndaky Patyşalyk diýen uly bolmadyk obada dünýä inýär. Çagalykdan kakasynyň we öýlerine ýygy-ýygydan gelip gidýän bagşy-sazandalaryň ýerine ýetirýän aýdym-sazlaryny köp diňlän Patyşagulynyň kämilleşmegine agalary – Tejen, Mary sebitlerinde atlarynyň soňuna «bagşy» sözi goşulyp tutulýan Myratdyr Çarynyňam, doganoglany «Yhym bagşy» at alan Rahmanberdi Annasähedowyň (bu bagşynyň aýdan aýdymlary köp ýyllardan bäri türkmen radiosynda ýaňlanýar – A. S.) hem täsiri az bolmandyr.

– Meniň bu käre ökdelemegimde kakamyň we doganlarymyň goşandy uludyr. Ýöne ýaş döwrümde bize gelip-giden Mylly aga, Sahy aga ýaly beýikleriňem täsiri çäksizdir. Halypalary ýanlaryndanam köp diňledim, radiodaky ýazgylaryny hem. Elimiň ýüwrükligine, bagşyçylygymyň ösmegine Mary sebitleriniň Durdy Myrat, Öwezdurdy Welmämmet, Durnazar Hudaýberen, Geldi Begli, Oraz Bagybek, Han Aky, Ýazgeldi Kuwwat ýaly ezberleriňem täsiriniň uly bolandygyny ýatlasym gelýär. Olary köp diňledik, kän toý-dabaralary sowduk – diýip, 2009-njy ýylyň güýzünde, ýurdumyzyň bagşy-sazandalarynyň Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymlarydyr talyplary bilen geçirilen duşuşykda gürrüň beripdi...

Türkmenistan radiosynyň altyn hazynasynda saklanýan ýazgylara üns berip synlanyňda, halypanyň ep-esli aýdymlarynyň bardygyna göz ýetirýärsiň. Bagşynyň ilkinji ýazgylary 1958-nji ýylda geçirilipdir. Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Sahy

Jepbarow kimin ägirt halypalaryň synagyndan üstünlikli geçen şol aýdymlarynda ussat dutarçy Çary Täçmämmedow sazandarlyk edipdir. Ol şonda kakasy Girman bagşynyň ýazgyda miras goýan «Ala gaýyşly», «Şelepli durna», «Düşmüş» ajaýyp nusgalyk aýdymlaryndan başga-da, Mary sebitleriniň bagşylarynyň ürç edip aýdýan «Aýlanar sen» «Aý indi», «Daglara bar» ýaly häsiýetli aýdymlaryny aýdypdyr.



Patyşaguly bagşy ikinji sapar 1962-nji ýylda ýene-de radio üçin ýazgy beripdir. Şol gezek Çary Täçmämmedow bilen Ýagmyr Nurgeldiýew bilelikde sazandarlyk edipdir. «Seýdek», «Ýoluksa», «Ýoluma» ýaly soňky ýazdyran aýdymlarynda bagşynyň özboluşly ýerine ýetirijilik ussatlygy has-da aýdyň duýulýar.

P. Girmanow tä adynyň soňuna il-gün tarapyndan «bagşy» sözi goşulýança, obalarynda suw çekýän awtoulagyň sürüjisi bolup işläpdir. Soňra Marynyň Kemine adyndaky teatrynyň bagşylar toparyna çagyrylýar. Diňe bir welaýatyň çäginde däl, eýsem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde hem ençeme sapar çykyş eden ussat, ömrüniň soňky ýyllarynda Sakarçäge etrabynyň medeniýet öňünde ýaşlara tälim berýär. Hormatly dynç alşa çykandan soň, etrabyň çagalar sungat mekdebine yzygiderli baryp, dürli bagşyçylyk ýollary, şol ugurlaryň ussatlary barada gyzykly gürrüňler berip, her ýoluň halypalarynyň aýdyş aýratynlyklaryny görkezer eken. Munuň şeýledigine mekdebiň mugallymlary we uçurymlary bilen söhbetdeş bolanyňda, magat göz ýetirmek bolýar.



Patyşaguly halypa egindeş-kärdeşi, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Myrat Gulmyradow bilen ýerli hünärmenleriň kämilleşmekleri, öten-geçen halypalaryň ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryna içgin aralaşmaklary üçin yzygiderli alada edipdir.

Bu halypanyň milli sazymyzyň ösüşine goşan goşandyna uly baha berlip, 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen «Türkmenistanyň halk artisti» diýen at dakyldy.

Patyşaguly Girmanow 2012-nji ýylyň güýzünde aradan çykdy.



10. Sargyt № 1531

## GAÝGYSYZ ÇARYÝEW
(1934–2007)



Çagalykdan Sähetmyrat Welmyrat, soňra bolsa Anna Babajanow, Amansaçly Annaýew, Kerim Çaryýew ýaly halypalary yzygiderli gören diňlän Gaýgysyzyň kakasy Çary Jyga döwrüniň atly bagşylarynyň biri bolupdyr. Çary aganyň esasy halypasy Ýoldaş bagşydyr. Ady bütin Ahal, Mary, Lebap sebitlerine ýaýran Ýoldaş bagşynyň, Çary bagşy bilen birlikde Sähetmyrat Welmyradow, Ýazgeldi Kuwwadow ýaly ezberleriň ösüp ýetişmeklerinde hyzmaty uludyr.

Aýdym-saza uly höwesi bolan Gaýgysyz orta mekdebi tamamlan badyna, Aşgabadyň medeni aň-bilim tehnikumyndaky ýarym ýyllyk okuwa gelýär we bu ýerde Balkandan Nurberdi Gulow, Mämmetguly Gaýlyýew ýaly bagşylar bilen halypalardan tälim alýar. Bu ýerde okuwy tamamlandan soň, Marynyň Kemine adyndaky teatrynda bagşy bolup işe başlaýar. Bu ýerde oňa tejribeli sazandalar Sähetmyrat Welmyradow bilen Muhammet Meläýew halypalyk edýär. Şondan soň ýaş bagşynyň ýerine ýetirijiligi barha kämilleşip, welaýat, ýurt boýunça geçirilýän bäsleşiklere, dabaralara gatnaşyp başlaýar. 1955-nji ýylda Gaýgysyzyň hiç ýadyndan çykmajak waka boldy. Onuň Türkmen radiosy üçin ýazgy edilen aýdymlarynyň birnäçesi halypalar tarapyndan oňlanyp, altyn hazyna kabul edilýär. Tiz wagtdan şeýle aýdymlaryň höwri köpelip, Gaýgysyz Çaryýewiň özboluşly hörpi, ýerine ýetirijilik aýratynlygy diňleýjiler köpçüligine äşgär bolup başlaýar. Muňa mysal edip, «Ynanmaz», «Gözelim», «Salamymny», «Şordan tapyldy» ýaly aýdymlary görkezmek bolar. 1974-nji ýyldan tä hormatly dynç alşa çykýança Mary welaýat filarmoniýasynda işlän G. Çaryýew birnäçe şägirt ýetişdirdi. Ini-

si Jumageldi Çaryýew, Döwlet Ballykow, Çary Ýakubow, Jumadurdy Durdyýew, Döwlet Hudaýberenow ýaly zehinler oňa «halypa» diýip ýüzlenýärler.

1978-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen ada mynasyp bolan G. Çaryýew mydama gözlegdedi. Öňden aýdylyp gelýän aýdymlaryň goşgularyny çalşyp, täze goşgyny sanap görerdi. Käbir halypalaryň aýdyp giden aýdymlaryny täzeçe aýdyp görerdi. Olaryň käbiriniň hörpüni, depginini üýtgedip, başgaça öwüşgin, many-mazmun bermek üçin çalşardy. Şeýle gözleglerden soň, onuň beýleki bagşylaryň ýerine ýetirişlerine meňzemeýän birnäçe aýdymlary peýda boldy. Muňa mysal edip, «Bolarmy», «Ýaraşmaz», «Ýaranlar», «Dilberim» ýaly ençeme aýdymlary görkezmek bolar. Radionyň altyn hazynasyna kabul edilen şol ýazgylarda oňa A. Ablyýew, T. Berdinyýazow, G. Alyýew, Ý. Nurymow, S. Işangulyýew, A. Çaryýew ýaly ussat gyjakçylar, dutarçylar sazandarlyk edipdiler.

1934-nji ýylyň güýzünde Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Goňur obasynda dünýä inen, aýdym sazyň hupbatly ýollaryny geçip, köpçüligiň göwnüni awlamagy başaran G. Çaryýewe 1990-njy ýylda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy. Özboluşly hörpli aýdymlary bilen diňleýjileriň hakydasyna ornaşan halypa bagşy Gaýgysyz Çaryýew 2007-nji ýylda aradan çykdy.







## BALLY MÄTGELDIÝEW
(1934)



Bally Mätgeldi – Çuwal bagşynyň gaşynda oturyp ondan tälim alan, joşup-joşup ýerine ýetiren aýdymdyr dessanlaryny öwran-öwran diňlän iň ýaş şägirtleriniň biridir. 1934-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynda ýaşaýan, gyjakçy Mätgeldi Mätjumakowyň maşgalasynda dünýä inen Bally ýaňy on üç-on dört ýaşa ýetende kakasy Magtymguly Garlynyň ýanyna eltip, ony şägirtlige kabul etmegi haýyş edýär. Köpügören Magtymguly halypa oglanyň saza bolan ukybyny birlaý barlandan soň, ýolbaşçylyk edýän toparyna gatnamaga razylyk berýär.

Çuwal bagşy nägehan urşuň turmagy bilen, birnäçe ýyllar işläp, birgiden ýaşlary sungat ýoluna gönükdiren toparynyň işini togtatmaly bolupdy. Ýeňişli tamamlanan uruşdan soňky ýyllaram Çuwal halypa öz asylly kärini, halypalyk işini dowam etmek maksady bilen aýdym-saz toparyny täzeden dikeldipdi. Bally hem şol döwürde beýik bagşynyň şägirtleriniň hataryna goşulypdy. «Magtymguly halypa özüniň ýakyn egindeş kärdeşleriniň biri, bagşyçylykdan örän gowy baş çykarýan Berdibaý gyjakçy bilen ýaşlara ýadaman-ýaltanman öwrederdi. Olaryň hersiniň aýdym aýdyşyny, saz çalyşlaryny, birek-birek bilen goşulyşlaryny yzygiderli diňläp, anyk bellikler edip, maslahatlar bererdi. Kem-käs ýerlerini özi aýdyp, çalyp görkezerdi» diýip, Bally Mätgeldiýew Çuwal halypasynyň ýolbaşçylyk eden toparyna gatnan ilkinji günlerini hormat bilen ýatlaýar.

50-nji ýyllaryň başlary ýerine ýetirijilik ussatlygy kämillige ýetip ugran Bally bagşynyň tutumly toýlara çykyp başlan çaglarydy. Tirme aýdymlaryň onlarçasyny, üç-dört dessany kemsiz özleşdirip, halypalarynyň öňünden geçen Bally Mätgeldiýewiň

hoş owazy Türkmen radiosynda hem şol döwürlerde ýaňlanyp başlaýar. Uly-uly toýlara, ýurt derejesinde geçirilýän dabaralara, bäsleşiklere ýygy-ýygydan gatnaşyp ugran bagşynyň özboluşly hörpi kemala gelip, ussatlygy taplanýar. Munuň şeýledigini onuň 50-nji ýyllaryň ahyrlaryndaky ýazgylary bilen 60–70-nji ýyllarda aýdan aýdymlaryny deňeşdireniňde aýdyň görmek bolýar. Bagşyçylyk kärinden daşgary ol köp ýyllardan bäri çagalar sazçylyk mekdebinde mugallymçylyk işini hem alyp barýar. Dutar çalmagyň, aýdym aýtmagyň ýönekeýje tärlerini Bally halypadan öwrenip başlan ýaşlaryň ençemesiniň bu gün ussatlyga dalaş edýändiklerini nygtamak bolar.

«Görogly» eposynyň «Harmandäli», «Öwez getiren», «Bezirgen» ýaly birnäçe şahalaryny, «Ýusup – Ahmet», «Şasenem – Garyp» dessanlaryny ýokary ussatlykda ýerine ýetirip, «Bally bagşyň aýdyşy» diýdiren B.Mätgeldiýew özboluşly ýol-ýörelge edindi. Zehinli bagşy-sazandalaryň birnäçesini ýetişdirdi.

Özüni diňe bagşy däl, eýsem, talapkär halypa hökmünde hem giňden tanadan Çuwal bagşynyň terbiýesini alan Akjagül Myradowa, Ilaman Annaýew dagy bilen bir hatarda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolan Bally bagşy milli sazymyzyň ösüşine uly goşandyny goşup gelýär. Onuň dürli ýyllarda Sapar Beki, Begjan Haljan, Oraz Gurbannyýaz, Otuz Mätgeldi ýaly gyjakçylar bilen aýdyp, miras galdyran ýazgylary geljekki bagşy-sazandalar üçin özboluşly mekdep bolup hyzmat edýär.

## SARYHAN SAPAÝEW
(1935–1992)



Saryhan Sapaýew 1935-nji ýylda Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda dünýä inýär. Çagalykda ata-ene mährinden mahrum bolan Saryhan bir müçäni arka atyp, ikinjä aralaşyp ugranda diňe bir Bereket etrabynda däl, eýsem, tutuş Balkana ady belli bagşy Soltan Atanepesowa şägirt durýar. Halypa bagşynyň gündelik öwredýän aýdym-sazlary, öten-geçen halypalar hakdaky gyzykly gürrüňleri, ýatlamalary, öwüt-ündewleri ýaş zehini mukamlar ummanyna barha çuň aralaşdyrýar.

«Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly ada mynasyp bolan halypa bagşy Soltan Atanepesowyň ýolbaşçylyk edýän aýdym-saz toparyna şol döwürde Aşyrmämmet Dawudow, Molla Çäkliýew, Nurmuhammet Garlyýew ýaly zehinli ýaşlaryň ençemesi gatnap, ýerine ýetirijilik başarjaňlygyny kämilleşdiripdi. Saryhan olaryň arasynda ýaşy iň kiçisidi. Megerem, şonuň üçin bolsa gerek, Soltan halypa şol töwereklerdäki toýlarda aýdym aýtmaly bolsa, köplenç, ýany bilen Saryhany hem äkidipdir. Uly märekeli toýlarda halypasynyň aýratyn yhlas bilen aýdyşyny gapdalynda oturyp, kän gezek diňlemegi, bir tarapdan, Saryhanyň sungata bolan höwesini artdyran bolsa, ikinjiden, onuň inçe senede has çuň aralaşyp, bagşyçylyk däplerini kemsiz ele almagyna ýardam beripdir.

Ilki etrap, welaýat çäklerinde, soňra tutuş ýurdumyz boýunça geçirilýän aýdym-saz bäsleşiklerine gatnaşyp, baýrakly orunlary eýelän Saryhan Sapaýewiň aýdýan özboluşly aýdymlarynyň Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna ýazylyp alynmagy onuň at-owazasynyň bütin ýurdumyza giňden ýaýramagyna getirdi. Beýik türkmen bagşysy Sahy Jepbarowyň tagallasy bi-

len, Ata Ablyýew, Dörtguly Durdyýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew ýaly halypalaryň ýardamy, öwüt-maslahaty netijesinde ýazga alnan «Ýaranlar», «Balama degme», «Annasoltanym meniň», «Çagdyr bu çaglar», «Amanmy», «Daglar», «Teşnit» kimin ençeme aýdymlary Türkmenistan radiosynyň altyn hazynasynda aýawly saklanýar. Şol ýazgylar Saryhan Sapaýewiň ussatlyga ýetişip, bagşyçylyk sungatymyzda özboluşly yz goýandygyna doly şaýatlyk edýär. Şoňa görä-de ol ýazgylar döwrümiziň onlarça ýaş bagşylary tarapyndan ürç edilip öwrenilýär hem-de bagşyçylyk sungatymyzyň özboluşly sahypalaryna öwrüldi.

«Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada mynasyp bolan Saryhan Sapaýew 1992-nji ýylda aradan çykdy.

## NURÝAGDY BAÝRAMOW
(1938)



Nurýagdy Baýramow 1938-nji ýylyň awgust aýynyň 3-ne Aşgabat şäherinde dogulýar. Aýdym-saza uly höwesi ony köp wagtlap goňşy bolup ýaşan Tugur Berdinyýazowlara eltýär. «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen hormatly ada eýe bolan Tugur sazandanyň ýaňy ussatlyga ýetip, özüne maýyl şägirtleri gözleýän döwürleridi. Halypanyň yzygiderli geçýän «öý sapaklary» Nurýagdynyň saza bolan ukybyny has ösdürip, bu senede çuňňur aralaşmak höwesini artdyrypdy. Orta mekdebi tamamlap, söwda guramalarynda işläp ugran wagtlary Nurýagdynyň örüsi giňäp başlaýar. Munuň şeýle bolmagynda Bäşim Meret diýen ezber gyjakçynyň beren ýardamy has uludy. Sahy bagşynyň «men» diýen çaglary esli wagtlap onuň gyjakçysy bolup gezen, Aşgabat ýer titremesinde saglygyna uly zeper ýeten Bäşim Meret Nurýagdynyň hakyky daýysydy...

Ýene bir ussat gyjakçymyz Ata Ablyýew bilen bolan halypa-şägirtlik gatnaşygy Nurýagdynyň bagşylaryň hataryna tiz goşulmagyna täsir edipdi. Şeýlelikde, 1964-nji ýylda Nurýagdy Baýramow Türkmen döwlet filarmoniýasyna kabul edilýär. Halypa bagşy-sazandalar bilen häli-şindi bolýan duşuşyklar, aýdym sazly çykyşlar ýaş bagşynyň owazynyň durlanyp, sesiniň çeýeleşmegine, elleriniň ýitelip, ussatlygynyň taplanmagyna getirýär. Diňe döwürdeş bagşy-sazandalaryny diňläp çäklenmän, eýsem Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Hally bagşy, Magtymguly Garly, Girman bagşy ýaly halypalaryň miras galdyran ýazgylaryny ürç edip diňläp seljeren Nurýagdy Baýramow 1968-nji ýylda Çary Täçmämmedowyň ýolbaşçylygyndaky topara çagyrylýar. Bu toparda işlän ýyllary onuň ussatlygyny kämillik

derejesine göteren çaglary boldy. Muňa Ata Ablyýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew ýaly gyjakçylar, Ýagmyr Nurgeldiýew, Ýolaman Nurymow, Akmyrat Çaryýew kimin dutarçylar bilen aýdan birgiden aýdymlary şaýatlyk edýär. Ýurdumyzyň görnükli sungat işgärlerinden düzülen toparlara goşulan Nurýagdy bagşy daşary döwletleriň onlarçasynda bolup, ol ýerdäki dürli halklaryň wekillerini milli bagşyçylyk senedimiz bilen tanyşdyrdy. Muňa mysal edip, diňe Eýran, Owganystan, Hindistan, Türkiýe, Russiýa ýaly döwletlere bolan saparlaryny görkezmek hem ýeterlik bolsa gerek.

Bagşyçylyk sungatynyň iň çylşyrymly tärlerini kemsiz ele alan N. Baýramow mukamçy halypalaryň däplerine eýerip, täze aýdymlaryň 30-a golaýyny döretdi. Döwürdeş şahyrlarynyň goşgulary esasynda ýazylan şol eserlerde güneşli ýurdumyza, onuň agzybir, edermen halkyna çäksiz guwanç, röwşen geljege bolan uly ynam belent ýaňlanýar.

Ussat bagşy, mukamçy kompozitor hökmünde ykrar edilen Nurýagdy Baýramow birnäçe ýyldan bäri Türkmen milli konserwatoriýasynda ýaş bagşylara tälim berýär. «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ady alan Orazgül Gurdowanyň, Arslan Atdanowyň kämilleşmeginde bu halypanyň uly paýy bar. Inisi Rüstem, ogullary Merdandyr Perman hem ilhalar bagşylaryň hataryna hut Nurýagdy aganyň yhlasy bilen goşuldylar. Milli konserwatoriýamyzy tamamlap, ýurdumyzyň dürli ýerlerinde işleşip ýören Şadurdy Baýjykow, Wepa Köşekow, Gülbahar Bäşimowa ýaly zehinli ýaşlar Türkmenistanyň halk artisti Nurýagdy Baýramowdan tälim alyp, uly sungat ýoluna girişdiler.







## DÖWLETGELDI ÖKDÜROW
(1939–1990)



Döwletgeldi Ökdürow 1939-njy ýylyň maý aýynda Balkan welaýatynyň häzirki Magtymguly etrabyndaky Könekesir obasynyň Zawdere diýen ýerinde dünýä inýär. Çagalykdan edebiýata, aýdym-saza, çeper söze has içgin duran Döwletgeldiniň özboluşly, beýleki ençeme bagşy-sazandalaryňka meňzemeýän durmuş ýoly bar. Ol aýratyn zehinli, juda zähmetsöýer, ýadamany-ýaltanmany bilmän işleýänleriň hilindendi. Orta mekdebi gutaranda-da, ýokary mekdebe girip, talyp bolan döwründe hem edebiýat ylmy bilen aýdym-saz senedine deň derejede mähir, yhlas siňdiripdi. Uly bolmadyk ylmy häsiýetli makalalary, çykyşlary, özboluşly hörpde aýdym aýdyşy ony deň-duş oglanlaryndan öňe çykarypdy. Ýaşlyk joşgunynyň möwç uran döwri bolan talyp ýyllarynda aýdan aýdymlary köpüň göwnüni awlapdy. Döwrüň atly bagşy-sazandalary, görnükli sungat ussatlary bilen bolýan duşuşyklar ony saz älemine çagyran bolsa, edebiýata, çeper söze bolan höwes ony ylymlar dünýäsine çekipdi.

Maksada okgunlylyk, uly yhlas bilen geçen ýyllar onuň nusgawy şahyrymyz Şeýdaýynyň «Gül – Senuber» dessany esasynda alymlyk derejesini almagyna we ilhalar bagşy, edenli kompozitor bolup ýetişmegine getiripdi. Özboluşly sesi-hörpi, bokurdak oýnatmasy, hüýýüldisi «Heserli», «Gyratym girse meýdana» kimin halk aýdymlarynyň heňine garyşyp-gatyşyp, diňleýjilere diýseň güýçli täsir etdi. Ý. Nurgeldiniň «Aý dogan çagy», A. Ablynyň «Seretmez», N. Gullanyň «Istemen» ýaly aýdymlarynyň ýazgylary tirkeşip, bu bagşyny radio ýaýlymlar arkaly bütin ýurdumyza tanatdy. Soňra zehinli bagşynyň

öz döreden aýdymlary peýda boldy. Mollanepesiň goşgusyna «Guba gazym», Keminäniň goşgusyna «Zülpüň», «Garyp», Kerim Gurbannepesowyň sözlerine «Pyragyny gören daglar», «Apat», Sapar Öräýewiň goşgusyna «Bibijan»...

Başga bir bagşynyňka meňzemeýän hörpdäki aýdymlar D. Ökdürowyň ýerine ýetirijilik ussatlygyny, özboluşly ýol ýörelgesini diňleýjileriň, hünärmenleriň ykrar etmegine getirdi. Ýaşlaryň höwes bilen aýdýan aýdymlaryna öwrüldi. Bagşyçylyk kärini edebi-döredijilik gözlegleri bilen utgaşykly alyp baran Döwletgeldi Ökdürow ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesini aldy.

P. Saryýew, S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew ýaly halypalaryň ençeme gezek «berekellasyna» mynasyp bolan Döwletgeldi Ökdürow Tugur Berdinyýazow, Garýagdy Alyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew, Saparguly Işangulyýew kimin kärdeşleri bilen ýakyn hyzmatdaşlykda boldy. Olar bilen birgiden ajaýyp aýdymlary Türkmen radiosynyň altyn hazynasy üçin ýazga berdi.

Görnükli edebiýatçy alym, bagşy-kompozitor Döwletgeldi Ökdürowa milli saz sungatymyzy ösdürmekde bitiren aýratyn işleri we ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen at dakyldy. Ol 1990-njy ýylyň başynda aradan çykdy.

## AMANBERDI GOWŞUDOW
(1942)



Amanberdi Gowşudow 1942-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. 1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň aldym-berdimli söweşlerinde wepat bolan Gowşut aganyň maşgalasynyň agyr ýüküni çekmek aýaly Orazsoltan ejäniň gerdenine düşýär...

1957-nji ýylda paýtagtymyzyň 7-nji (häzirki 26-njy) orta mekdebine kabul edilen Amanyň aýdym-saza bolan höwesi-de şol döwürlerde ýüze çykýar. Dutar tutmagy, ilkinji kakuwlary agasy Kakowdan öwrenip ugran Aman, agasy bilen mekdebiň aýdym-saz toparyna gatnap başlaýar. Kakow gyjak, Aman bolsa dutar çalyp, aýdym aýdardy. Okuwdan boş wagtlary Aşgabadyň Nowçalar köşgüniň Bäşim Lallakow tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän toparyna-da gatnardy...

1959-njy ýylyň baharynda, Nowçalar köşgünde tälim alan deň-duşlary Amandurdy Mürçäýewdir Çary Alladurdyýew bilen, P. Saryýew, G. Amanow, A. Ablyýew ýaly halypalaryň synagyndan üstünlikli geçen A. Gowşudowyň aýdymlarynyň ikisi ilkinji gezek Türkmen radiosynyň ýazgylar hazynasyna kabul edilýär. Şondan bir ýyl soňam ol D. Öwezow adyndaky Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesiniň Saz taryhy we nazaryýeti bölümine okuwa girýär. Tiz wagtda Aman goşun gullugyna çagyrylýar. Gullugy tamamlap, ýene-de okuwyny dowam edip ugran Amanyň saglygy duýdansyz ýaramazlaşyp başlaýar. Lukmanlar oňa okuwy togtadyp, wagtlaýynça başga kärde işlemegi maslahat berýärler. Şeýlelikde, ol çärýek asyra golaý wagtlap demirýol ulgamynda dürli kärlerde işleýär. Şol döwürde aýlap-ýyllap eline saz guralyny almadyk, aýdyma hiňlenmedik wagtlary-da bolupdy...

1986-njy ýylyň maýynda meşhur sazanda M. Täçmyradowyň 100 ýyllygy bellenipdi. Dabaraly geçen toý çärelerine başdan aýak gatnaşan A. Gowşudow «gara gazmasyny» bagryna basyp, aýdym-sazy hemra edinmegiň ýene-de kül-külüne düşýär. Halypalaryň aýdym-saz ýazgylaryny täzeden diňläp ugraýar. Halkymyzyň göwün küýsegine öwrülen ajaýyp aýdymlarymyzyň, sütün mukamlarymyzyň şirin owazlary synasyna aralaşan näsaglygyny zym-zyýat edip, mukamlar dünýäsine täzeden getirýär. Şeýlelikde, 1990-njy ýylda häzirki Türkmen milli konserwatoriýasynyň bagşyçylyk bölümine gaýybana okuwa girýär...

Dürli toý-dabaralarda, teleradio ýaýlymlarda häli-şindi bolýan çykyşlarda belli halypalar, egindeş kärdeşleri bilen bolýan duşuşyklar bagşynyň ýerine ýetirijilik, döredijilik örüsini giňeldip, ussatlygynyň taplanmagyna ýardam berýär. Şeýlelikde, ol 1992-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bagşysy» diýen ada mynasyp bolýar. Ençeme ýyllardan bäri ýerine ýetirijilik, döredijilik hem-de mugallymçylyk kärini utgaşykly alyp barýan A. Gowşudow dürli häsiýetli eserleriň onlarçasyny döredip, kompozitorçylyk, teleradio ýaýlymlarda aýdýan aýdymlary bilenem bagşyçylyk ukybyny äşgär etdi. Bagtyýarlyga beslenen zamanamyzda işjeňligi has artyp, ylhamy joşýan halypa mugallym 2010-njy ýylda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada eýe boldy. A. Gowşudow häzir Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky sazçylyk mekdep-internatynda çagalara halypalyk edýär.







# ÝOLAMAN NURYMOW

(1943)



Garaşsyz Türkmenistanyň saz medeniýetiniň ösüşine saldamly goşant goşup gelýän halk bagşy-sazandalarymyzyň arasynda ilkinji bolup professorlyk derejesini alan Ý. Nurymow uly ýerine ýetirijilik, döredijilik hem-de mugallymçylyk ýoluny geçdi. Uzak ýyllaryň dowamynda Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk saz gurallary kafedrasyna ýolbaşçylyk eden halypa özboluşly aýdym-sazlaryň hem ençemesini döretdi. Onuň diňe ýurt Garaşsyzlygynyň alnan ýyllarynda ýazan «Watan, saňa ýarasam», «Garaşsyzlyk saýasynda», «Türkmenistan lälezar», «Eziz Türkmenistanym», «Melhem çeşmesi», «Periler» ýaly aýdymlary uly döredijilik ýoluny geçendigine şaýatdyr. Ýerine ýetirijilik, mugallymçylyk hem-de döredijilik işlerini ylmy häsiýetli makalalary, okuw-usulyýet gollanmalary, meýilnamalary ýazmaklyk bilen utgaşdyryp alyp barýan Ýolaman Nurymow «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada eýe boldy. Şeýle derejelere ýetip, deň-duş kärdeşleriniň, birgiden şägirtleriniň, diňleýjileriň sylagyny, hormatyny gazanmak üçin örän gyzykly hem-de köp zähmet talap edýän ýoly geçmeli boldy...

1943-nji ýylyň awgust aýynda Tejen etrabynyň Täze oba daýhan birleşiginde dünýä inen Ýolaman Nurymow ilkinji saz terbiýesini mekdep ýyllarynda alýar. Şol ýerdäki höwesjeňler toparyna ýolbaşçylyk eden Nurmyrat Ýazgulyýewden hem agalary Orazgeldidir Gurbannazardan dutar çalyp, aýdym aýtmagyň ýönekeýje syrlaryny özleşdirýär. Etrap, welaýat derejesinde geçirilen bäsleşiklere gatnaşyp ugran ýaş aýdymçy 1960-njy ýylda Aşgabadyň sazçylyk uçilişşesinde ussat mugallym, sazanda

Allaberdi Allaberdiýewden tälim alyp ugraýar. Uçilişşede okan ýyllary ezber sazanda Çary Täçmämmedow bilen tanyşýar. Şol tanyşlyk soňra halypa-şägirtlik gatnaşygyna öwrülip, Ýolamanyň kämilleşip, ussatlyga ýetmegine ýol açýar.

Ilki Çary Täçmämmedowyň, soňra Akmyrat Çaryýewdir Ýagmyr Nurgeldiýewiň ýolbaşçylygyndaky aýdym-saz toparynda işläp, baý tejribe toplan Ýolaman Nurymow birnäçe wagtlap bu ansambla ýolbaşçylyk hem etdi. Ol daşary ýurtlaryň ençemesinde bolup, dürli halklaryň diňleýjilerini milli sazymyzyň nepis nusgalary bilen tanyşdyrdy. Halypalaryň miras galdyran ýazgylaryny, Çary Täçmämmediň ýüzbe-ýüz oturyp, çalyp beren ajaýyp mukamlaryny yzygiderli diňläp, ýerine ýetirijiligini has taplady, ösdürdi. Hersiniň gaýtalanmajak ussatlykdaky ýerine ýetirijilik özboluşlyklaryny öwrenip, ilik-düwme seljeren Ý. Nurymow ylmy häsiýetli ilkinji makalalaryny ýazýar. Şeýlelikde, onuň «Türkmen sazlary we sazandalary» atly kitaby çapdan çykýar. Örän täsin hem-de çylşyrymly milli sazymyz, onuň adam aňyna edýän täsiri, özboluşly aýratynlyklary, bu inçe senede düşünmegiň ýollary hakdaky birnäçe makalalary, çykyşlary bilen okyjylary, diňleýjileri yzygiderli tanyşdyryp gelýän Ý. Nurymow türkmen milli aýdym-saz sungaty hakdaky göwrümli işini tamamlady. Ýurdumyzyň dürli sazçylyk okuw mekdepleriniň okuwçylary, talyplary üçin ýazan köp sanly meýilnamalary, usulyýet ýygyndylary bilen birlikde, çalan «Gelemen», «Dagarman», «Gyzdurdy», «Ynjytma», «Hatyja» ýaly ýokary ussatlygy talap edýän ajaýyp sazlary ýaşlar üçin nusga bolup hyzmat edýär. Onuň döreden «Ýaşlyk joşguny», «Ussat eller», «Sähra mukamy», «Säher şapagy», «Öz ilimiň gara gözli gyzlary» ýaly birgiden aýdym-sazlary bolsa diňleýjileriň söýgüsini gazanyp, ilhalar eserleriň hataryna goşuldy.





## ORAZNEPES DÖWLETNAZAROW
(1944)



Oraznepes Döwletnazarow 1944--nji ýylda Balkan welaýatynyň Serdar etrabyndaky Bendesen obasynda eneden bolýar. Oňa dutar tutup kakuw etmegi, ýönekeýje heňlere hiňlenmegi ilki daýysy Agamyrat Döwletow, soňam obadaşy Döwlet Işangulyýew dagy öwredýär. Ýedinji synpy tamamlandan soň Aşgabada gelip, bu ýerdäki 23-nji mekdepde okap ugran Oraznepesiň aýdym-saza bolan höwesi Nowçalar öýüne eltýär. Şeýdibem ussat mugallym Bäşim Lallakowyň iň zehinli şägirtleriniň hataryna goşulýar. Şäheriň dürli mekdeplerinde, edara-kärhanalarynda häli-şindi guralýan konsertlere yzygiderli gatnaşyp, aýdym-saza barha aralaşyp ugran ýaş bagşy Orazgeldi Ylýasow, Japar Hojanepesow, Hommat Jelilow ýaly halypalar bilen tanşandan soň has-da kämilleşýär.

«Men Sahy aganyň, Orazgeldi Ylýasyň, Hommat Jeliliň özlerinem, ýazgylaryny hem köp diňläp, kän zatlara akyl ýetirdim, öwrendim. Ýöne meniň esasy halypam Ata Ably boldy. Ata aga diňe bir ussat gyjakçy däl. Ol uly halypady. Köp ýyllap halypa--şägirt hökmünde tirkeşip, uly toýlaryň, jogapkärli çykyşlaryň ençemesini sowduk. Täze döredýän aýdymlarynyň birnäçesini ilki maňa öwredip, soňam köpçülige ýetirerdi» diýip, O. Döwletnazarow halypasyny hormat bilen ýatlaýar.

1964 – 1974-nji ýyllarda ol Türkmen telewideniýesiniň aýdym-saz bölüminde ilki režissýoryň assistenti, soňra redaktor bolup işledi. Şol döwürlerde hem Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty bölüminde gaýybana okady. Gözýetimi giňäp, ýerine ýetirijiligi taplanýan O. Döwletnazarowyň köp ýyllap eden arzuwy 1974-nji ýylda hasyl

bolýar, ol Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparyna kabul edilýär. Çary Täçmämmedowyň, soňra bolsa A. Çaryýewiň ýolbaşçylygyndaky bu toparda işlän wagty Oraznepesiň bagşyçylyk sungatyna aralaşmagyndaky aýgytlaýjy döwri boldy. Milli halk sazymyzyň özboluşly «ussahanasy» hasaplanýan şol toparda işlän çaglary joşgun bilen aýdan aýdymlary Daniýa, Tunis, Eýran, Türkiýe, Orsýet ýaly ençeme daşary ýurtlarda ýaňlandy. «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolan zehinli bagşy 1989-njy ýylda mugallymçylyk işine başlaýar. Sankt-Peterburg, Almaaty, Duşenbe, Samarkant ýaly dürli şäherlerde geçirilen ylmy maslahatlara gatnaşan O. Döwletnazarow uly ýerine ýetirijilik we döredijilik ýoluny geçdi. Muňa ýokary ussatlygy talap edýän halk aýdymlarynyň onlarçasyny, şeýle hem S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew, Ý. Nurgeldiýew ýaly halypalarynyň, A. Çaryýew, Ý. Nurymow ýaly egindeş kärdeşleriniň döreden täze-täze aýdymlarynyň ençemesini mysal getirmek bolar. Onuň ýazga beren «Nepes sen», «Garrylar gerek», «Dutarym», «Öz ilimiň gara gözli gyzlary», «Uz eýlär» ýaly aýdymlary hut halk aýdymlary kimin köpçüligiň söýgüsini gazandy. Halypalaryň döredijilik däplerine eýerip ýazan «Bahar joşguny», «Ýagşy at galsyn», «Diýdiler» kimin aýdym-sazlary bolsa ýiti kompozitorçylyk zehininden habar berýär.

Ýerine ýetirijilik, döredijilik hem-de mugallymçylyk işlerini utgaşykly alyp barýan halypadan tälim alan ýaş bagşylara ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gabat gelýäris. Mysal hökmünde «Türkmenistanyň halk artisti» diýen ada mynasyp bolan P. Şyhymowy, K. Durdyýewi, G. Öwezowy we beýlekileri görkezmek bolar.

1992-nji ýylda dosent derejesini alan O. Döwletnazarow 2007-nji ýylda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ada mynasyp boldy.







11. Sargyt № 1531

# MÄNE GARAÝEW
(1947–2003)



Mäne Garaýew ýurt Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllarymyzda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolanlaryň biridir.

1947-nji ýylda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynda dünýä inen Mänäniň ilkinji halypalary kakasy Gara aga, agalary Şadurdy, Şageldi bolupdyr. Soň ol Aşgabadyň Nowçalar köşgünde Bäşim Lallakowyň ýolbaşçylygyndaky aýdym-saz toparynda has-da kämilleşýär. Döwrüň belli bagşy-sazandalarynyň radio arkaly berilýän çykyşlaryny yzygiderli diňläp, örüsini barha giňeldýän Mäne Garaýew 1966-njy ýylda Türkmen radiosy üçin ýazga çagyryldy. Kän wagt geçmänkä ol Geldigurban Ybraýymow diýen gyjakçy bilen radionyň aýdym-saz bölümine geldi. Şeýlelikde, onuň ýeke gyjak bilen aýdan «Näzli gelin», «Gurban bolaýyn», «Oýan» diýen aýdymlary, Geldigurbanyň çalan «Bedew» diýen sazy Türkmen radiosynyň altyn hazynasyna kabul edildi.

Ady il gezip ugran Mäne Garaýew 1967-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynyň bagşylar toparyna kabul edilýär. Halypalar bilen günde-günaşa bolýan türgenleşik işleri, çykyşlary ýaş zehiniň has-da taplanyp, ussatlygynyň ýokarlanmagyna getirýär. Dutar senediniň ägirtleriniň, meşhur bagşylaryň ýazgylaryny yzygiderli diňläp, kämilleşen Mäne bagşy 1982-nji ýylda Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparyna kabul edilýär. Bu toparda işlän döwürleri onuň ussatlygy belende göterildi. Döwrüň «men» diýen dutarçylary bilen mukam sazlarymyzy gaçyp-kowalaşyp ugran Mänäniň adynyň soňuna «bagşy» diýen söz hem goşulyp başlaýar.

Halk sazymyzyň iň çylşyrymly nusgalaryny ilik-düwme özleşdiren Mäne bagşy aýdym aýdanda dutarçy küýsemezdi. Ýeke gyjak bilen goşulyşyp, aňryýany bilen çarardy. Şonuň üçinem hüý-häsiýeti has ýakyn, ýaşlykdan köp tirkeşen, zehinli sazanda Çary Alladurdyýewi saýlapdy. Ol Ata Ablyýew, Garýagdy Alyýew, Saparguly Işangulyýew, Allaberdi Ataýew ýaly dürli gyjakçylar bilen hem käte çykyş ederdi.

Meşhur Oraz Sary bilen birnäçe aýdymy radionyň hazynasy üçin ýazga hem beripdi. Ýöne onuň esasy gyjakçysy Türkmenistanyň at gazanan artisti Çary Alladurdyýew bolupdy. Meşhur Çuwal bagşy gyjakçysy Sapar Beki bilen, Sahy Jepbaryň bolsa Ata Ably bilen ýyllaryň dowamynda tirkeşip, öçmejek ýol goýuşlary ýaly, Mäne bagşy hem Çary gyjakçy bilen birgiden ýazgylary halkyna miras galdyrdy.

Mäne Garaýewiň dürli wagtlarda ýazdyran ýazgylaryny diňläniňde, mukamçy kompozitorlarymyzyň döreden eserlerini-de, ýönekeýje heňlerden ybarat halk aýdymlaryny-da uly jogapkärçilikli, köstüni goýman, özboluşly hörpde ýerine ýetirip bilendigini görmek bolýar. «Jelil», «Ýandym», «Hajygolak», «Saltyklar» ýaly birnäçe nusgalardan ybarat, «Azerbaýjan», «Hatyja», «Ýyldyz dagy», «Döwletýar gyrk» kimin çylşyrymlydan göçgünli sazlarymyza döredilen aýdymlary diňläniňde bolsa, eliniň ýitiligine, sesiniň çeýeligine buýsanyp edýän oýunlary kalbyňy heýjana getirýär. Hut şeýle ussatlyk hem Mäne Garaýewi çyn bagşylaryň – halk bagşylarynyň hataryna goşdy.

Milli bagşyçylyk senedimizde özboluşly ýol-ýörelge goýan Mäne Garaýew 2003-nji ýylyň sentýabr aýynda aradan çykdy.







## AKMYRAT ÇARYÝEW
(1947)



1947-nji ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Akdepe obasynda dünýä inen bu ussat sazanda şol ýerdäki orta mekdebiň ýedinji synpyny tamamlap, Aşgabada gelýär. 1961–1965-nji ýyllarda Türkmen döwlet sazçylyk uçilişşesinde Allaberdi Allaberdiýew diýen talapkär halypanyň dutar klasynda okandan soň, Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde işe başlaýar. Köp wagt geçmänem, Türkmen telewidiniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparyna kabul edilýär. Meşhur sazanda Çary Täçmämmedowyň ýolbaşçylyk eden ansamblynda işlän ýyllary Akmyradyň sungat ýolundaky kämilliginiň esasy döwürleri bolýar. Tugur Berdinyýazow, Ata Ablyýew, Ýagmyr Nurgeldiýew, Oraz Saryýew ýaly tejribeli halypalar bilen günde-günaşa bolýan duşuşyklar, olaryň gyzykly ýatlamalary, gürrüňleri Akmyradyň gözýetimini giňeldip, uly sungata aralaşmagyna ýardam berýär.

1976-njy ýylda halypasy Çary aga ýogalandan soň, onuň ýolbaşçylyk wezipesini dowam etmek Akmyrada tabşyrylýar. Ussatlarymyzyň ýyllaryň dowamynda işläp, ýokary kämillige ýetiren aýdym-saz toparynyň mundan buýanky at-abraýy onuň ukybyna, iş başarnygyna baglydy. Muňa turuwbaşdan dogry düşünen Akmyrat bildirilen ynamy ödemek üçin köp zähmet çekdi. Halypa bagşy-sazandalar, deň-duş kärdeşleri bilen maslahatlaşdy...

Ilkinji aýdym-sazlary 60-njy ýyllaryň ahyrlarynda peýda bolan Akmyrat Çaryýew zehinli mukamçy kompozitor hökmünde hem ukybyny äşgär etdi. Onuň aýdymçy, şahyr Geldi Bäşiýewiň goşgularyna ýazan «Dutarym», «Çynarym», «Gyz-

lar», «Seýle gelseň bu daglara», «Bedewler», «Daglara bar» ýaly birgiden özboluşly aýdymlary hem muňa şaýatdyr. Türkmenistan Watanymyzyň Garaşsyzlyk alan ilkinji ýyllaryndan başlap, il-ýurt, Watan, ýaşyl Tugumyz hakda ýazan aýdym-sazlary Akmyrat Çaryýewiň döredijiliginiň barha kämilleşýändiginiň subutnamasydyr.

Halypalaryň sarpaly sungat ýörelgelerini dowam edip, onuň geljekki nesillere ýetmegi üçin uly işler alyp barýan Akmyrat Çaryýewiň indi özi halypa. Ýerine ýetirijilikde hem-de döredijilikde ýokary sepgitlere ýetip, uly tejribe toplan ezber sazanda birnäçe ýyl bäri Türkmen milli konserwatoriýasynda ýaşlara bilim berýär.

Akmyrat Çaryýewiň dürli ýyllarda ýeke özüniň ýa-da halk saz gurallary ansamblyna ýolbaşçylyk edip, ýazga beren sazlarynyň onlarçasy onuň ýokary ussatlygyndan, ezberliginden habar berýär. Ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan birgiden atly bagşylar, şeýle hem meşhur Sahy Jepbarow bilen ýazdyrylan ýüzlerçe aýdymlar bolsa, onuň bagşyçylyk sungatyna hem beletdigini aňladýar. Ýyllaryň dowamynda tele-radio ýaýlymlarda ýaňlanyp gelýän şol ýazgylar milli sazymyzyň altyn hazynasyna goşuldy.

Onuň ussatlyk bilen çalýan mukamlary daşary ýurtlaryň birnäçesinde onlarça sapar ýaňlanyp, gadymy hem-de müdimi sazlarymyzyň özboluşly aýratynlyklaryny äleme ýaýdy.

Milli saz medeniýetimizi kämilleşdirmäge goşan uly goşandy üçin Akmyrat Çaryýew «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent ada mynasyp boldy. Şeýle hem Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesidir.

# BEGMYRAT GUTLYMYRADOW

(1947–2010)



Begmyrat Gutlymyradow 1947-nji ýylyň sentýabr aýynyň 11-ne Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Bamy obasynda dogulýar. Çagalyk döwri dag içindäki Ymarat obasynda geçen Begmyrat 7-nji synpy tamamlandan soň, Aşgabada – D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesine okuwa gelýär we dutar hünäri boýunça halypa mugallym A. Allaberdiýewden tälim alýar. Uçilişşäni tamamlap, Türkmen döwlet filarmoniýasynyň halk saz gurallary orkestrinde işleýär. 1968-nji ýylda bolsa öz terbiýe alan uçilişşesine mugallymçylyga çagyrylýar. Şol döwürlerde B. Gutlymyradow Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, soňra Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynda gaýybana okaýar. Otuz ýyla golaý mugallymçylyk edensoň, ýene-de ýerine ýetirijilik işine – Türkmen döwlet filarmoniýasyndaky orkestrde sazanda bolup işe başlaýar. Az wagtdan soň, şol toparyň baş dirižýorlygyna bellenýär. Türkmen kompozitorlarynyň, şeýle hem dürli göwrümli daşary ýurt saz eserleriniň milli saz gurallary orkestrinde ýaňlanmagy, orkestriň ýaş hünärmenleriniň ýerine ýetirijilik babatda kämilleşmekleri üçin köp zähmet çekilen (1996–2001-nji ýyllarda) şol döwürlerde-de ol esasy işiniň daşyndan mugallymçylyk kärini hem dowam etdi...

Diňe bir etraplarynda däl, eýsem Ahal sebitlerinde-de tanalýan Gutlymyrat (Gutly mugallym) aganyň maşgalasynda önüp-ösen Begmyradyň sungat älemine çuň aralaşyp, hasam kämilleşmeginde ussat sazandalar Pürli hem-de Oraz Saryýewleriň täsiriniň uludygyny aýratyn bellemelidiris. Meşhur Sary bagşynyň kakasyna Pürli sazanda diýer ekenler. Pürli sazandanyň

Sary, Batyr, Begmyrat we Hojamyrat diýen dört ogly bolupdyr. Gürrüňi edilýän halypa mugallyma Pürli sazandanyň Begmyrat diýen oglunyň ady dakylypdyr. Şoňa görä-de Pürli aga-da, Oraz Sary hem Begmyrada aýratyn mähir bilen garardylar.

Mugallymçylyk we döredijilik işinden başga, halk sazlaryny nota ýazgysyna geçirmek ýaly juda inçe zähmeti talap edýän ugurda-da B. Gutlymyradow öz başarnygyny äşgär etdi. Halypanyň nota geçiren «Durdy bagşy», «Çoh derde goýan ýarym», «Zybagözel» ýaly halk sazlaryny kompozitor A. Agajykow dutar we fortepiano üçin täzeden işledi. M. Täçmyradowyň «Bahar», «Ýeňiş» diýen sazlaryny, şeýle hem halypanyň çalan «Nagyş», «Sataşdym», «Şirin şeker» atly halk sazlaryny hem Begmyrat mugallym nota geçiripdi. Ol ýazgylar sazşynas A. Saparowyň 1986-njy ýylda neşir edilen «Mylly Täçmyradow» (Moskwa şäheri) atly kitapçasyna girizilipdi. Beýleki okuw-usulyýet gollanmalary bilen bir hatarda ýokarda atlary agzalan nota ýazgylary ýurdumyzyň ýörite sazçylyk okuw mekdeplerinde giňden peýdalanylýar. Kinorežissýor H. Kakabaýewiň surata düşüren «Ogul», «Takdyr» atly filimlerinde döreden keşpleri hem-de ussat gyjakçy Oraz Saryýewe bagyşlan «Hatyra» diýen sazy Begmyrat mugallymyň özboluşly zehininden habar berýär.

Köp ýyllaryň dowamynda ýaşlara bilim-terbiýe beren, «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ada mynasyp bolan B. Gutlymyradowyň şägirtlerine ýurdumyzyň dürli künjeklerinde duşmak bolýar. Olaryň arasynda hormatly atlara, döwlet sylaglaryna mynasyp bolanlar, dürli bäsleşiklerde baýrakly orunlary eýelänler-de bar.

B. Gutlymyradow 2010-njy ýylyň oktýabr aýynda aradan çykdy.







# SEÝITMYRAT ÝAZMYRADOW

(1954–2008)



Seýitmyrat Ýazmyradow hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy arkaly durmuşymyzyň dürli ugurlary bilen bir hatarda milli medeniýetimiziň ösmegi üçin açylan şa ýolunda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent ada ilkinjileriň hatarynda mynasyp bolmak bagty miýesser edenleriň biridir. Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda «Bagşylar maşgalasy» diýlip tanalýan döwletli maşgalada dünýä inen Seýitmyrat şeýle hormatly ada eýe bolmak üçin sungatyň azaply ýoluny ýadawsyz zähmeti, inçe senede bolan gyzgyn söýgüsi, ýiti zehini bilen geçdi.

Garabekewül etrabynyň häzirki Baý oba geňeşliginde bütin ömrüni çopançylyk bilen geçiren Ýazmyrat aganyň maşgalasynda doglan Seýitmyradyň ilkinji halypasy kakasy bolýar. Tüýdük çalyp, ilki ogullary Ilmyradyň, soňam Seýitmyradyň saz älemine goşulmagyna ýardam beren Ýazmyrat çopanyň perzentleri kem-kemden dutar, gyjak çalmak, aýdym aýtmak endiklerini öwrenip ugraýarlar. Tiz wagtdan körpeleri Bäşim hem bu senede gol berýär...

Seýitmyrat orta mekdebi tamamlap, Aşgabadyň häzirki S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okan çaglary, sungat äleminiň giň ummanyna ymykly gadam basypdy. Tejribeli mugallymlaryň gyzykly gürrüňleri, sungat ussatlary bilen yzygiderli duşuşyklar ýaş bagşynyň geljege bolan ynamyny has-da pugtalandyryp, inçe senede bolan garaýşyny çuňlaşdyrýar. Şol döwürlerde diňleýjileriň arasynda adygyp ugran Mäne Garaýew, Oraznepes Döwletnazarow, Çary Alladurdyýew ýaly bagşy-sazandalar bilen ýakyndan tanyşlyk,

soňra halypa-şägirtlik gatnaşygyna öwrülip, Seýitmyradyň kämilleşmegine uly täsir edýär.

Ýörite ýokary bilim alyp, dogduk mekanyna gaýdyp gelen Seýitmyrat Ýazmyradow ilki etrabyň oba hojalyk ulgamynda öz hünäri boýunça esli wagtlap işleýär. Aýdym-saza bolan çäksiz höwes hem-de milli sazymyzyň jadyly güýji Seýitmyrady erkine goýman, ony mukamlar ummanyna atarýar. Şeýdibem, ömrüniň galan bölegini sungata bagyş edýär. Etrabyň medeniýet öýünde, çagalar sazçylyk mekdebinde dürli kärlerde işleýär.

Türkmen bagşyçylyk ugurlarynyň aýry-aýry ýollaryna belli halypalarynyň ýerine ýetirijilik usullaryna, özboluşly hörplerine eýerip, ussatlygyny yzygiderli kämilleşdiren Seýitmyrat Ýazmyradowyň Allaşükür Çaryýew, Alty Hanyýew, Hatyja Ýahýaýewa ýaly «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly atlara mynasyp bolan garabekewülli bagşylaryň ösüp ýetişmeklerine ýetiren täsiri az däldir. Şoňa görä-de etrabyň bagşy-sazandalary, S. Ýazmyradowa hormat bilen garap «halypa» diýip ýüzlenýärdiler.

Seýitmyrat bagşy 2008-nji ýylda aradan çykdy.

# KAKABAÝ NAZAROW
(1957)



Kakabaý Nazarow 1957-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Temeç obasynda dünýä inýär. Birgiden ussatlaryň doglan bu obasynda we etrabynda häli-şindi tutulýan toýlaryň esasy bezegi, şowhuny bagşy-sazandalardy. On-on iki ýaşly Kakabaýyňam bar gözlegi şeýle toýlardy. Ilaman bagşynyň, Ryzaguly bagşynyň, Bally Mätgeldidir Akjagül Myradowanyň, Tüýli Otuzdyr ýeneki halypalaryň çykyşlaryny köp gezek diňlän Kakabaýyň aýdym-saza bolan höwesi ony hakyky sungat «mekdebine» getirýär. Geçen asyryň birinji ýarymynda ady giňden tanalan Öre Şyhyň kesp-kärini abraýly dowam edip ösdürýän Hojamyrat bagşynyň gündelik berýän sapaklary, öwüt-ündewleri Kakabaý Nazarowy aýdym-sazyň jadyly ummanyna barha çuň aralaşdyrýar. Yzly-yzyna özleşdirilýän tirme aýdymlary, dessanlardan parçalar Kakabaýyň ýerine ýetirijiligini kämilleşdirip, halypasy Hojamyrat Öräniň azabyny ýerine salýardy. Halypa-şägirtlik ugrunyň hemme dessur-taláplaryny bir-bir amal edýän Kakabaýyň adynyň soňuna «bagşy» sözi goşulyp, goňşy etraplara-da ýaýrap başlaýar...

Ýurt Garaşsyzlygyny alan ilkinji ýyllarymyzyň biridi. Ýurdumyzda ýaş bagşylaryň arasynda Nowruz baýramyna bagyşlanyp ýylyň-ýylyna döwlet derejesinde geçirilýän «Ýaňlan, Diýarym» atly telewizion bäsleşigiň welaýat tapgyryna gatnaşmaga Kakabaý Nazarow hem hukuk gazanypdy. Daşoguzyň dürli ýerlerinden gelen has zehinli ýaşlaryň onusyndan ýerine ýetirijilik kämilligi bilen has tapawutlanan Kakabaýa eminler topary iň ýokary bahany berdiler. Milli saz medeniýetimiziň kämilleşmeginde uly paýy bolan «Ýaňlan, Diýarymyň» döwlet

derejesindäki jemleýji bäsleşiginde (1993 ý.) Kakabaý hünär ussatlygyny doly subut edip, «ýeňiji» diýen hormatly ada mynasyp boldy. Bu habary eşiden halypasy Hojamyrat Öräniň bolsa uly aýlawda aty çykan seýis dek depesi göge ýetip, göwni hoş boldy.

Bagşylar tarapyndan seýrek aýdylýan «Kyrk müňler», «Kempir», «Ar alyş» ýaly şahalary bilen bir hatarda «Görogly» eposynyň ençeme beýleki şahalaryny, şeýle hem «Babaröwşen», «Nejeboglan», «Ýusup–Ahmet» kimin dessanlaryň kemini goýman öwrenen Kakabaýyň ýerine ýetirijilik ussatlygy kämilleşýär. Welaýatyň dürli etraplaryndaky toýlarda, döwlet derejesinde geçirilýän dabaralarda häli-şindi bolýan çakylyklar Kakabaý bagşynyň hemişe ýaryşa goýberiljek bedew kimin taýýar bolmagyny talap edýärdi. Hormatly çakylyklara baryp, uly jogapkärli çykyşlary üstünlikli sowup gelýän Kakabaý Nazarow 2000-nji ýylyň iýul aýynda «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen belent ada mynasyp boldy.

Özboluşly ussatlygy bilen atly bagşy-sazandalaryň hataryna ymykly goşulyp, daşary ýurtlarda-da ençeme gezek çykyş eden K. Nazarow halypalyk işini hem alyp barýar. Onuň şägirtleriniň halypa kesbini dowam edip, ýörite ýokary bagşyçylyk hünärini alanlary-da az däl.







# ORAZMYRAT ANNANEPESOW
(1958)



Orazmyrat Annanepesow – döwrümiziň görnükli sazandalarynyň biri, Türkmenistanyň halk artisti. Ol 1958-nji ýylyň 6-njy martynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda dünýä inýär. Kakasy Jepbar agadan ilkinji kakuwlary öwrenen Oraz şol ýerdäki çagalar sazçylyk mekdebiniň mugallymlary M. Saparowdan hem-de S. Babaýewden tälim alýar. 1973–1977-nji ýyllarda D. Öwezow adyndaky sazçylyk uçilişşesinde dutar hünäri boýunça belli kompozitorlarymyzyň biri K. Annanepesowdan tälim alýar. Şol ýerde ussat sazanda Ý. Nurgeldiýewiň ýolbaşçylygyndaky topara hem işjeň gatnaşýar.

1982-nji ýylda Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynyň halk saz gurallary bölümini tamamlap, O. Annanepesow şol ýerde işe galýar. Esasy işiniň daşyndan Gazak döwlet konserwatoriýasynyň aspiranty-stažýory bolup gaýybana okaýar. Ý. Nurgeldiýew, Ý. Nurymow ýaly halypalaryň gaşynda oturyp, halk mukamlarymyzyň çylşyrymly ýerine ýetirijilik usullaryny öwrenen bolsa, gazagystanly hünärmenlerden daşary ýurt nusgawy sazlaryny ýokary derejelerde çalmagyň tärlerini özleşdirdi.

Ýerine ýetirijiligi barha ezberleşen O. Annanepesow 1986-njy ýylda Mylly Täçmyradowyň 100 ýyllygy mynasybetli Aşgabatda we U. Gajybekowyň ýadygärligine bagyşlanyp Baku şäherinde geçirilen bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip, ençeme deň-duş kärdeşlerinden has tapawutly netijeler görkezdi. Milli dutar ýerine ýetirijilik usullaryny özleşdirip, talapkär halypalaryň «berekellasyny» alan O. Annanepesow birnäçe ýyldan bäri Türkmen milli konserwatoriýasynda mugallymçylyk

edýär. Ussat sazandanyň ýetişdiren şägirtlerine ýurdumyzyň dürli künjeklerindäki sazçylyk sungat okuw mekdeplerinde gabat gelmek bolýar.

Orazmyrat halypanyň taýýarlan «Kalbymyň owazy» atly ýygyndysy bilen tanşanyňda, onuň mukamçy kompozitor hökmünde saldamly işleri alyp barýandygyny görmek bolýar. Türkmenistanyň Medeniýet we teleradio ýaýlymlar ministrliginiň okuw-usulyýet merkezi tarapyndan çap edilen bu ýygyndy dürli ýyllarda döreden hem-de diňleýjiler we ýerine ýetirijiler tarapyndan gyzgyn garşylanan dürli häsiýetli aýdym-sazlarynyň ençemesi girizilipdir. Ýerine ýetirijilik, döredijilik we mugallymçylyk kärlerini ýene bir örän çylşyrymly iş – halk sazlaryny nota geçirmek işi bilen utgaşykly alyp barýan O. Annanepesow bu ugurda-da ukyp-başarnygyny görkezdi. Onuň taýýarlan «Türkmen halk sazlary», «Türkmen mukamlary», «Gyryklar» atly ýygyndylary, görnükli bagşy-sazandalaryň ençemesine bagyşlap ýazan okuw-usulyýet gollanmalary muňa mysal bolup biler.

Döwlet derejesinde geçirilýän dabaralarda, teleradio ýaýlymlarda yzygiderli çykyş edip, dürli häsiýetli okuw-usulyýet gollanmalaryny, ýygyndylaryny düzüp, saz muşdaklaryny, hünärmenleri begendirip gelýän Orazmyrat Annanepesow 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri», 2010-njy ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlara mynasyp boldy.

## ALLABERDI ATAÝEW
(1958)



Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň Permany bilen «Türkmenistanyň halk artisti» diýen ada mynasyp bolan Allaberdi Ataýew 1958-nji ýylyň ýanwar aýynda häzirki Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň Derweze şäherçesinde dogulýar. Hydyr gören Garagumuň ýönekeýje gum obasynda önüp-ösen Allaberdi saza bolan täsin ukyby bilen çagalykdan deň-duşlaryndan tapawutlanyp başlaýar. Etrabyň 56-njy başlangyç mekdebinde okan çaglary dutar bilen has-da ysnyşýar. Inçe senede bolan çäksiz söýgüsi ýigit çykan Allaberdini Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary toparynyň ýanynda täze açylan aýdym-saz studiýasyna getirýär.

«Halypam Ata Ablyýew, ezber mukamçy Ýagmyr Nurgeldiýew dagy bilen ýakyndan tanyşlygym şol ýerden başlandy. Öň bu halypalaryň çykyşlaryna telewizorda köp tomaşa edipdim. Radiodaky kosertlerinem kän diňläpdim. Häk, şeýle halypalara şägirt bolaýsamdym» diýip, ilki dutar, soňam gyjak çalmagyň başlangyç endiklerini özbaşdak öwrenip ugradym.

Studiýa okuwa baran ilki günümiz Ata halypa ýanyna çagyryp: «Jigi, hany, birki heň çalyp ber» diýdi. Menem ilki dutarda, soňam gyjakda, oňardygymdan çaldym. «Jigi, seni gyjaga alaly. Ses alşyňam ýaman däl, eşidişiňem, basuw barmaklaryňam gowy. Galany özüňe, bagly, jigi» diýip, Ata Ably gelen kararyny mälim etdi. Şeýdibem «gökdäki dilegim ýerde gowuşdy». Studiýa kabul etdiler. Ilki-ilkiler bu ýerde bile okaýan Gurbanmämmet Garajaýew, Şemşat Hojaýewa ýaly bagşylara sazandarlyk etdim. Soň ansambla goşuldym. Studiýany tamamladygam welin, radionyň ansamblyna işe aldylar. Şeýdibem halypalaryň

arasyna düşdüm» diýip, Allaberdi gyjakçy geçen ýolunyň bir döwrüni ýatlady.

Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň ansamblynda işlän ýyllary ýaş sazandanyň kämillige gadam goýan döwri boldy. Şol topardaky Hangeldi Annamyradow, Dörtguly Durdyýew, Nurýagdy Baýramow, Oraznepes Döwletnazarow ýaly ussatlara, şeýle hem ýerlerden gelýän dürli bagşyçylyk ugurlarynyň wekillerine sazandarlyk etmek, Oraz Saryýew, Ata Ablyýew kimin halypalar bilen ansamblyň düzüminde göwrümli halk mukamlaryny kemsiz öwrenmek, onuň adynyň ezberleriň hatarynda tutulmagyna getirdi.

A. Ataýew 1992-nji ýylda Jemal Saparowanyň ýolbaşçylygyndaky «Dokmaçylar» folklor-etnogrfiýa toparyna işe geçýär. Halk sazymyza hem-de mukamçy kompozitorlarymyzyň döredijiligine içgin girişen ussat sazanda, aýdymçy Jemal Saparowanyň ýerine ýetirmeginde dörän «Türkmen ilim aman bolsun!» atly täze aýdymlar toplumynyň şowly çykmagyna dutarçy Aman Pirliýew bilen mynasyp goşandyny goşdy.

Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň medeni-işewürlik merkezindäki we «Owaz» radioýaýlymyndaky halk saz gurallary toparlarynda işlän ýyllary hem, halypalaryndan öwrenen çylşyrymly ýerine ýetirijilik tärlerini, usullaryny kärdeşleri bilen deň paýlaşyp, ýaşlaryň ýetişmeklerine uly ýardam etdi.

A. Ataýewiň gyjagynyň şirin owazy ýurdumyzyň meşhur aýdym-saz toparlarynyň düzüminde Ýaponiýada, Hytaýda, Siriýada, Iordaniýada, Fransiýada we ýene-de gaýry döwletleriň ençemesiniň kaşaň konsert zallarynda birnäçe gezek ýaňlandy. Onuň zehininden dünýä inen «Türkmen köli», «Arkadag» kimin ajaýyp döwrümize, milli Liderimize, hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan beýik işlere bagyşlanan aýdymlary Berkarar döwletimiziň bagtyýar bagşylarynyň uly höwes, joşgun bilen ýerine ýetirýän eserlerine öwrüldi.





## GURBANDURDY ÖWEZOW
(1964)



Gurbandurdy Öwezow Lebap welaýatynyň ýörite sungat mekdebiniň bagşyçylyk bölüminiň mugallymy, Türkmenistanyň halk bagşysy. 1964-nji ýylda Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabyndaky Gowurdy obasynyň ket-hudasy Öwez mollanyň maşgalasynda dünýä inen Gurbandurdynyň ka-kasy-da, onuň agasy Döwran aga hem aýdym-saza juda eý gören adamlar bo-lup, gargy we dilli tüýdük çalar ekenler. Gurbandurdynyň enesi Rozygül daýza bolsa doganlary Jumadurdy, Baýram-durdy, Çary dagynyň çalan sazlaryna goşulyp, halk aýdymlaryny ýanama aý-dar eken. Şeýle maşgalada önüp-ösen Gurbandurdynyň saza bo-lan höwesi barha möwç urup, ýaş zehiniň ukybyny, başarnygyny taplaýar. Obadaky orta mekdepde okan çaglary bolsa ilki obadaşlary Babaguly Öwezowdan we Öwez Gurbanowdan tälim alýar. Soňra goňşy Beşir obasynda ýaşaýan Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Juma Wellekowyň huzuryna barýar. Halypa bagşynyň berýän öwüt-ündewleri, halypa-şägirtlik sapaklary Gurbandurdynyň gözýetimini giňeldip, sazyň jadyly ummanyna barha çuň aralaşdyrýar.

1989-njy ýylda G. Öwezow Türkmen milli konserwato-riýasynyň bagşyçylyk ugruna kabul edilýär. Talyp ýyllary ýaş bagşynyň kämilleşmegine uly ýardam berýär. Halypalary Ý. Nurymow, O. Döwletnazarow dagy bilen geçilýän sapaklar, A. Ablyýew, Ý. Nurgeldiýew, O. Annanepesow ýaly belli sa-zandalar bilen bolýan duşuşyklar Gurbandurdynyň inçe sene-de töwerekleýin girişip, onuň dürli ugurlary hakda giňişleýin oýlanmagyna, seljeriş işlerine başlamagyna ýol açýar. Ol Jeýhun sebitleriniň bagşyçylyk sungatynyň özboluşly taraplaryna be-

let Rozy Muhammediýew, Musaguly Ýazmyradow, Allaberdi Mustakow, Çary Annaýew ýaly halypalaryna ýüzlenýär. Olaryň aýdyp, çalyp berýän aýdym-sazlaryny, gyzykly gürrüňlerini ýaş kalbynyň törüne siňdirýär. Şol aýdym-sazlar, ýerine ýetirijiliğiň çylşyrymly tärleri, öwrümleri, bezegleri barada pikir ýöredip, has çuň aralaşmaga başlaýar...

G. Öwezow konserwatoriýany tamamlap, 1996-njy ýylda Lebap welaýat sungat mekdebinde işe başlaýar. Mugallymçylyk kärini ýerine ýetirijilik bilen utgaşykly alyp barýan zehinli bagşy döredijilik işinde-de güýjüni synap gördi. «Beýik Garaşsyzlyk, beýik Galkynyş», «Rowaçlyk ýar bolsun Arkadagyma», «Türkmenim», «Sütün deý ýigitler, gülälek gyzlar», «Jeýhunym», «Dutarym» ýaly aýdymlary döretdi. Milli bagşyçylyk sungatymyzyň Lebap şahasynyň özboluşly öwrümleri, bezegleri esasynda döredilen ol eserler halypanyň özüniň hem-de ýetişdiren şägirtleriniň aýtmaklarynda häli-şindi ýaňlanýar. Özboluşly owazy, hörpi bilen toýlary bezäp gelýän J. Orunow, B. Sabyrow, A. Amanow, O. Haýydowa, U. Seýidowa, G. Astanowa ýaly ýaşlary ýetişdiren Gurbandurdy Öwezowa Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky Permany bilen «Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly at dakyldy.

«Ýönekeýje işime şeýle ýokary bahanyň berilmegi, meni mundan buýana-da has jogapkärli zähmete borçlandyrýar. Sazhon halkymyzyň, halypalarymyzyň öňünde heniz özümi bergidar hasaplaýaryn. Şoňa görä-de bar zehinimi, yhlasymy, zähmetimi gaýgyrman işlemegi parz hasap edýärin» diýip, Gurbandurdy Öwezow buýsanç bilen gürrüň berýär....



12. Sargyt № 1531

# KYÝAS DURDYÝEW
(1972)



Kyýas Durdyýew Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny yglan eden ilkinji ýyllarynda aýdym-saz älemine ymykly gadam basypdy. 1994-nji ýylda Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutynyň bagşyçylyk bölümini tamamlap, ýurdumyzyň ezber ýaşlarynyň hataryna goşulan K. Durdyýew zehin başarnygy hem-de ýadawsyz zähmeti netijesinde ussatlyga ýetmegi başardy. Hut şoňa görä-de 2001-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 2009-njy ýylda bolsa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlara mynasyp boldy.

1972-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda Aşgabat şäherinde doglan K. Durdyýew paýtagtymyzdaky 9-njy orta mekdebi tamamlandan soň, bagşy bolmak maksady bilen sungat institutyna okuwa girip, Türkmenistanyň halk bagşysy O. Döwletnazarowdan tälim alyp başlaýar.

«Dutar çalmagyň ýönekeýje tilsimlerini ilki kakamdan öwrenip ugradym. Soňra kakamyň uly dogany Dörtguly kakamdan (Türkmenistanyň halk artisti, belli bagşy we mukamçy kompozitor Dörtguly Durdyýew. *A. S.*) aýdym aýtmagyň inçe tilsimlerini öwrenip başladym. «Bagşy bolmak isleseň, ilki eliňi düzetgin. Dutara näçe ezber bolsaň, şonça-da özüňi erkana duýarsyň, çyn bagşy bolarsyň. Elbetde, ilkinji nobatda, labyzly gowy sesem zerur. Ýöne sesiňe erk edip bilmek ondanam zerur. Iň esasy zatlaryň biri-de aýdýan aýdymyň many-mazmunyna, häsiýetine çuň düşünmeli. Aýdýan aýdymyňy özüň diňläp, ondan ilki özüň lezzet almaly. Oň üçinem ýürek bilen, bütin düýrmegiň bilen ýapyşmaly, halypalary köpräk diňlemeli» diýip, kän sapar gaýtalapdy. Dörtguly agamyň bu sargytlaryna

çalymdaş ündewleri sungat institutynda okan ýyllarym ol ýerdäki halypalardanam kän eşidipdim» diýip, Kyýas Durdyýew jadyly senediň ajaýyp ummanyna gelşini ýatlaýar.

Kämil sungatyň kötelli ýollarynda barha belentlige galýan, Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň medeni-işewürlik merkeziniň halk saz gurallary ansamblynyň bagşysy K. Durdyýew ýurt derejesinde geçirilýän çärelerde, toý-dabaralarda täze aýdymlar bilen diňleýjileri begendirip durmagy esasy borjy hasaplaýar. Şoňa görä-de ol hemişe gözlegde. Türkmen bagşyçylyk sungatynyň dürli ugurlarynyň uly halypalarynyň ussatlyk bilen aýdan aýdymlaryny yzygiderli diňläp, öz ukybyna, başarnygyna, ýerine ýetirjilik gerimine has gabat gelýänlerini saýlap öwrenýär. Onuň özboluşly labyzda aýdýan şirin aýdymlary daşary döwletleriň onlarçasynda ençeme sapar ýaňlanyp, gaýry ýurtlaryň diňleýjileriniň müňlerçesini milli sungatymyzyň nusgawy görnüşleri bilen ýakyndan tanyşmaga ýardam berdi.

Bagtyýar zamanamyzyň saz ýerine ýetirijilik medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşýan K. Durdyýew S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow, A. Ablyýew, D. Durdyýew ýaly halypalaryň asylly däplerini ýörelge edinip, döredijilik babatda-da ilkinji şowly gadamlaryna başlady. Munuň şeýledigine döwürdeş şahyrlarynyň goşgularyna döreden «Nebit-gazly Watanym», «Galkynyş zamanasy», «Beýik Galkynyşym bar» atly aýdymlary şaýatlyk edýär. Ol eserler Kyýas bagşynyň aýdýan beýleki aýdymlary bilen birlikde merdana halkymyzyň agzybirlikde «çalýan» Bagtyýarlyk mukamyna goşulyp, Garaşsyz Türkmenistanyň erkana diňleýjilerine şatlyk paýlaýar.







# PARAHAT ŞYHYMOW

(1972)



Parahat Şyhymow bagtyýar zamanamyzyň görnükli bagşylarynyň biridir. Ol 1972-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde aýdym-saza uly sarpa goýýan maşgalada eneden bolýar. Parahadyň atasy Şyhym aga ýurdumyzyň atly halypalarynyň ençemesiniň ýakyndan tanaýan we sarpa goýýan adamlarynyň biridi. Ol Ybraýym, Ata, Annagurban atly ogullarynyň üçüsiniňem inçe senede sarpa goýýan adamlar bolup ýetişmeklerini dileg edip, meşhur sazanda Mylly Täçmyradowyň ýolbaçylygyndaky topara goşupdy. Şyhym aganyň arzuwy hasyl bolupdy. Ogullarynyň üçüsi hem aýdym-sazyň inçe tilsimlerini kemsiz özleşdirip, bu sungatdan baş çykarýan kişiler bolup ýetişipdi. Annagurban bolsa Ýagdy Mämmetliýew, Sapar Mämiýew, Soltanmyrat Jygaýew, Annanyýaz Öwezow ýaly sazandalar bilen Türkmen döwlet filarmoniýasynda işläp, «Dynçlyk söýýän iller bilen», «Ýörmeli boldy», «Ýigit gördüm», «Zamanyňdyr» ýaly ilhalar eserler hem döredipdi.

Çagalykdan häli-şindi ussatlaryň aýdym aýdyp, saz çalyşlaryny, mesawy gürrüňlerini diňläp, beýnisi bekän Parahadyň ilkinji halypasy kakasy Annagurban aga bolýar. Ýaş zehiniň taplanmagynda doganoglan agasy, gyjaga ussatlarça erk edýän Geldigurban Ybraýymowyň hem paýy az däldi. Aşgabatdaky 25-nji mekdebi tamamlandan soň, G. Ybraýymow Parahady 1990-njy ýylda halypa sazanda Ý. Nurymowyň ýanyna eltip, diňläp görmegini haýyş edýär. Şeýlelik bilenem, ol Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutyna kabul edilýär. Bäş ýyllap bagşy O. Döwletnazarowyň ýolbaşçylygynda tälim alan P. Şyhymowyň ýerine ýetirijiligi deň-duş kärdeşlerinden öňe

saýlanyp ugraýar. Şunlukda, ol Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň Ç. Täçmämmedow adyndaky halk saz gurallary ansablynda işe başlaýar. Ol ýyllar ýaş bagşynyň ýerine ýetirijilik ussatlygynyň kämilleşen döwri bolupdy. M. Täçmyradow, M. Garlyýew, P. Saryýew, S. Jepbarow, Ç. Täçmämmedow, O. Ylýasow, M. Garaýew ýaly halypalaryň ýazgylaryny öwran-öwran diňläp, gözýetimini barha giňeldýän türkmen bagşysynyň özboluşly owazy Angliýada, Hindistanda, Türkiýede, Eýranda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ençeme ýurtlarda ýaňlandy.



Birnäçe ýyllardan bäri Türkmenistanyň nebit-gaz toplumynyň medeni-işewürlik merkeziniň halk saz gurallary ansamblynda işläp gelýän P. Şyhymowyň ýerine ýetirijiligi we döredjiligi Bagtyýarlyk zamanamyzda has-da galkyndy. Onuň döredijilik älemindäki ilkinji synanyşyklarynyň şowly bolandygyny bellemelidiris. Türkmen şahyrlarynyň goşgularyna «Türkmenistanym», «Baky oduň başynda», «Seýranda», «Arkadagymyz» ýaly aýdymlar muňa mysal bolup biler. P. Şyhymowyň hyjuw bilen aýdýan şirin aýdymlary Garaşsyz Türkmenistanymyzda we mähriban Watanymyzyň çäginden alyslarda geçirilýän toý-dabaralarda, halkara festiwallardyr bäsleşiklerde yzygiderli ýaňlanyp, diňleýjilere şatlyk paýlaýar. Naýbaşy halk aýdymlarymyz bilen bir hatarda Garaşsyz ýurdumyzy, merdana, agzybir halkymyzy, şanly geljegimizi wasp edýän şol eserler 2007-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 2009-njy ýylda bolsa, «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly atlar dakylan Parahat Şyhymowyň ezberligini, kämilligini görkezýär.





## ANNABERDI ATDANOW
(1940–1983)



Annaberdi Atdanow 1940-njy ýylda Ahal welaýatynyň Baharly etrabyndaky (öňki Bäherden) Kelete stansiýasynda demirýolçynyň maşgalasynda dünýä inýär.

Ol oglanlykdan aýdym-saza imrinýär. Ilkinji halypalary atasy Annasähet aga we kakasy Atdan aga bolupdyr. Annaberdi 8-nji synpda okaýarka, etrap merkezindäki medeniýet öýüniň ansamblyna goşulýar, ilki horda aýdym aýdýar. Hut şu ýerde onuň özbaşdak, ýekelikde aýdym aýtmaga bolan ukybyna göz ýetiren ansamblyň ýolbaşçylary Annaberdiniň zehininiň açylmagy ugrunda aladalanýarlar.

1958-nji ýyldan başlap, A. Atdanowyň aýdymlary Türkmen radiosynda ýaňlanyp başlaýar. Onuň ýerine ýetiren «Durmuşyň gülleri», «Biläni» diýen aýdymlary dessine diňleýjileriň söýgüsini gazanýar.

Zehinli aýdymçy 1965-nji ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasyna işe çagyrylýar. Ol bu ýerdekä «Aşgabatdan salam» diýen estrada toparyny döredýär.

Bu topar ýurdumyzyň dürli ýerlerinde, hatda Moskwada, Ukrainada çykyş edip, uly meşhurlyk gazanýar.

Annaberdi Atdanowyň repertuaryny döwürdeş şahyrlarynyň, şol sanda Gara Seýitliýewiň, Ata Atajanowyň, Geldi Bäşiýewiň, Allaýar Çüriýewiň we beýlekileriň sözlerine döredilen ajaýyp aýdymlar düzýär. Olardan «Leýla», «Süýji arzuwlar», «Seni küýsedim», «Gel, obamyň lälesi», «Säher guşlar saýranda» diýen aýdymlary görkezse bolar. Zehinli aýdymçynyň türkmen sazynyň ägirdi, Türkmenistanyň halk artisti Nury Halmämmedow bilen döredijilik gatnaşygy netijesinde birgiden ajaýyp aýdymlar dünýä indi.

Her bir sungat işgäriniň durmuşynda uly yz goýan aýratyn pursatlar bolýar. A. Atdanowyň döredijiliginde «Keçpelek» filmi bilen bagly şeýle pursat bolupdyr: «Bir gün iş ýerime Nury Halmämmet gelip: «Dost, senden ullakan haýyş bar. Täze kino üçin saz ýazýan welin, şonda tüýs seniň sesiňe laýyk iki sany aýdym bar. Simfoniki orkestr bilen aýtmaly» diýdi. «Nury jan, men küje, orkestr küje. Heniz beýle orkestriň öňünde durubam görmedim-ä, onsoň, nädip aýdym aýdaryn. Sen, gowusy, bu ugurdan ýörite okuwly oglanlara ýüz tut» diýdim. «Okuwlylar hem aýtsa aýdar welin, meň üçin-ä sen aýtsaň gowy boljak. Onsoňam, heniz diňläp görmän, ýöne başarman diýip dursuň-la, dost» diýdi-de, öwrenmeli aýdymlary barada gürrüň berip ugrady: «Aýdymlaryň ikisem heň öwrümleri, häsiýetleri boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýar. Bir-ä şadyýan, şowhunly, beýlekisi bolsa ahy-perýada duwlanan» diýdi. Meniň boýun bolanymy aňdymy-nätdimi, «Dost, häzirlikçe hoş! Nesip bolsa, tiz duşuşarys. Özüm taparyn» diýip, hoşal bolup gitdi. Soňam esli gün işlänimizden soň, ýazgy etmäge gitdik» diýip, Annaberdi «Keçpelekdäki» Berdimyradyň aýdymlarynyň ýazgy edilişini gürrüň beripdi.

Nury Halmämmedow juda mamla eken. Şowly çykan filmi Annaberdi Atdanowyň ýokary ussatlykda aýdan aýdymlary has-da bezäpdi.

Mähriban Diýarymyzyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen türkmen saz sungatyny ösdürmäge goşan goşandy, ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygy üçin merhum aýdymçy Annaberdi Atdanowa «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly at dakyldy. Gysgadan manyly ömrüni estrada sungatyna bagyş eden ussat 1983-nji ýylda pajygaly ýagdaýda biwagt aradan çykdy.







## ÖWEZGELDI TEKÄÝEW
(1941–1995)



Türkmenistanyň halk artisti Öwezgeldi Tekäýew türkmen milli aýdym-saz sungatyna geçen asyryň 60-njy ýyllarynda ynamly gadam basýar.

Onuň repertuarynda türkmen nusgawy şahyrlarynyň, aýratyn-da, Magtymguly Pyragynyň goşgularyna döredilen aýdymlar uly orun eýeleýär.

Ö. Tekäýew diňe bir aýdymçy bolman, eýsem aýdym dörediji kompozitordyr. 1960-njy ýylda «Daýza jan» diýen at bilen satiriki äheňdäki ilkinji aýdymyny döredýär. Soňra ol döwürdeş şahyrlaryň sözlerine «Daýy jan», «Sawçy kempir» diýen satiriki aýdymlary döredip, uly meşhurlyk gazanýar.

Öwezgeldi Tekäýew Kaka etrabynyň Ýüzbaşy obasynda dogulýar. Ol obasyndaky mekdepde okaýarka, çeper döredijilik bile meşgullanmaga başlaýar, şol wagtky Kaka etrap gazetine makalalardyr goşgularyny ýollaýar. 1955-nji ýylda Moskwada geçen Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisine gatnaşyp, aýdym-sazly çykyşy bilen tomaşaçylaryň söýgüsini gazanýar. Öwezgeldi şol wagtky Çärjewiň sazly drama teatrynda işleýärkä, rubab, tar çalmagy öwrenýär, estrada aýdymlaryny ýerine ýetirmekde kämillige gadam basýar.

Şol wagtky Türkmen döwlet filarmoniýasynda işlän ýyllary zehinli aýdymçynyň kämilleşmegine uly ýardam edýär. Ýaş kärdeşiniň aýdymlaryna göwni ýeten meşhur bagşy Sahy Jepbarow oňa: «Täze zamananyň atly bagşylary Annaberdi Atdan ikiňiz borsuňyz» diýip, uly baha berýär.

Sahy halypa mamla eken. Annaberdi Atdanow hem, Öwezgeldi Tekäýew hem barha kämilleşip, estrada ýyldyzlarynyň hataryna goşulyp, bu ugruň ilkinji halypalary boldular.

Ýerine ýetirijilik işini döredijilik bilen utgaşykly alyp barýan Öwezgeldiniň täze döredýän aýdymlarynyň hyrydarlarynyň sany artdygyça, döredijilik örüsi-de giňedi. Muny Mämmetweli Keminäniň «Dilberim galdy», Gurbannazar Ezizowyň «Bu dünýe», Allaberdi Haýydowyň «Ýyllar ýatyr aramyzda» atly goşgularyna döreden hoş owazly aýdymlarynyň mysalynda görmek bolýar. Döwürdeş we nusgawy şahyrlaryň şygyrlaryndan başga, özüniň ýazan goşgularyna-da saz döredip, diňleýjileriň göwünlerini awlady. Muňa mysal hökmünde «Dostluk salamy», «Saglygym – baş baýlygym», «Neýläýin» ýaly aýdymlary bellemek bolar.

Öwezgeldi Tekäýewiň şu atlary agzalan aýdymlaryny, şeýle-de beýik Pyragynyň dana setirleri esasynda aýdýan onlarça ýazgylaryny ünsli diňläniňde, bu ussadyň ýiti kompozitorçylyk zehinine aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Açyk göwünliligi, zähmetsöýerligi hem-de talap edijiligi bilen kärdeşleriniň, sazandalarynyň we şägirtleriniň arasynda sylag-sarpa gazanan ussat aýdymçynyň onlarça ajaýyp ýazgylary ýurdumyzyň teleradioýaýlymlarynyň altyn hazynasynda aýawly saklanýar. Türkmenistan Diýarymyzyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen zehinli aýdymçynyň döredijiligine mynasyp baha berlip, oňa 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň halk artisti» diýen belent at dakylýar.

Ussat aýdymçy Ö. Tekäýewiň özboluşly döredijilik ýoluna eýerip, ýaş aýdymçylaryň birgideni ýetişdi. Türkmenistanyň halk artisti Atabaý Çarygulyýewdir Türkmenistanyň at gazanan artisti Nurýagdy Tokgaýew oňa öz halypalary hökmünde hormat goýýardylar.

Häzirki günde Türkmenistanyň halk artisti Kakadurdy Täjimow ýaly zehinli aýdymçylar onuň yzyna eýerijilerdir.

Öwezgeldi Tekäýew 1995-nji ýylda aradan çykdy.







## DISKE GIRIZILEN ÝAZGYLARYŇ MAZMUNY

1. «Jelil» diýen halk sazy. Çalan Türkmenistanyň halk bagşysy Mylly Täçmyradow.
2. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde halk sazy «Kepderi».
3. Amangeldi Gönübekowyň döreden «Gökdepe mukamy» diýen sazy. Çalan Türkmenistanyň halk artisti Çary Täçmämmedow.
4. «Saltyklar» atly sazdan Gönübegiň nusgasy. Çalan Mylly Täçmyradow.
5. «Salmadan bökdüren» atly halk sazy. Çalan Çary Täçmämmedow.
6. «Gelin ýöreýşi» diýen halk sazy. Çalan Mylly Täçmyradow.
7. «Demir donly» diýen halk aýdymy. Aýdan Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Mustak Aýmedow.
8. Ýene şol ýerine ýetirilişde «Gözüm düşdi» diýen halk aýdymy.
9. «Jelil» diýen sazyň Kel bagşy tarapyndan döredilen nusgasy. Çalan Mylly Täçmyradow.
10. «Gyz durdy» diýen halk sazy. Çalan Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýew.
11. Hally bagşynyň aýtmagynda iki sany halk aýdymy. «Göwnüm».
12. «Dagarman».
13. Türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halk saz gurallary ansamblynyň çalmagynda Täçmämmet Suhangulyýewiň «Bag içinde» diýen sazy.

14. Halk sazy «Hajygolak», çalan Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýew.
15. Pürli Saryýewiň «Bagyşlanýar» diýen sazy. Çalan Türkmenistanyň at gazanan artisti Oraz Saryýew.
16. Halk sazy «Saltyklar», çalan Mylly Täçmyradow.
17. Oraz salyryň aýtmagynda «Gyzylgül» hem-de «Ýok meniň» diýen halk aýdymlary.
18. «Görogly» eposynyň «Harmandäli» şahasyndan bir parça. Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Ilaman Annaýew.
19. «Hüýrlukga – Hemra» dessanyndan bir bölek. Aýdan Türkmenistanyň at gazanan artisti Jumamyrat Hamyýew.
20. «Oýan» diýen halk aýdymy. Aýdan Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Muhy bagşy.
21. Şol ýerine ýetirilişde «Gözleriň» diýen halk aýdymy.
22. «Amanmy» diýen halk aýdymy. Aýdan Mustak Aýmedow.
23. Ýene-de Mustak Aýmedowyň aýdan aýdymlaryndan «Gara saç» diýen aýdym.
24. Halk sazy «Humarala». Çalan Mylly Täçmyradow.
25. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde «Burnaşak» diýen halk sazy.
26. Amangeldi Gönübekowyň «Ýagtylyk» diýen sazy. Çalan Türkmenistanyň halk artisti Ýagmyr Nurgeldiýew.
27. «Bike halan» diýen halk sazy. Çalan Amangeldi Gönübekow.
28. Garly bagşynyň aýdan aýdymlaryndan iki sany halk aýdymy. «Aşyk bolmuşam».
29. «Gözelim».
30. «Aly Seýidiň muhammesi». Çalan Oraz Saryýew.
31. Halk sazy. «Bibi». Çalan Pürli Saryýew.
32. «Ýar gyrmyzy geýinipdir». Aýdan Türkmenistanyň halk bagşysy Magtymguly Garlyýew.
33. Alym Orazmuhammet Saparowyň Magtymguly Garlyýew hakyndaky gürrüňlerinden bir bölek.







34. Halk aýdymy «Ýandym». Aýdan Türkmenistanyň halk bagşysy Magtymguly Garlyýew.
35. Hydyr bagşynyň aýdan aýdymlaryndan «Meýlis halan», «Aýlansam» diýen halk aýdymlary.
36. «Görogly» eposynyň «Bezirgen» şahasyndan bir parça. Aýdan Türkmenistanyň at gazanan artisti Jumamyrat Hamyýew.
37. «Aýryldym» diýen halk aýdymy. Aýdan Garly Ilamanow (uly Garly).
38. Şol ýerine ýetirilişde «Öwezim» diýen halk aýdymy.
39. Öre Şyhyň aýdan aýdymlaryndan «Aýperi», «Seniňdir» diýen halk aýdymlary.
40. Juma Wellekowyň aýdan aýdymlaryndan «Gyzlar», «Suw ber, içeli» diýen halk aýdymlary.
41. Halk aýdymy «Gola gel». Aýdan Magtymguly Garly.
42. Ýene şol ýerine ýetirilişde «Bibi» diýen halk aýdymy.
43. Nobat bagşynyň aýdan aýdymlaryndan «Şirmaýy darak» hem-de «Zybagözel» diýen halk aýdymlary.
44. Oraz Saryýewiň çalmagynda özüniň döreden «Ýatlama» diýen sazy.
45. Annageldi Jülgäýewiň Pürli Saryýew hakyndaky gürrüňlerinden bir bölek (Ýatlama).
46. Pürli Saryýewiň çalan sazlaryndan «Mukamlar başy».
47. Palta Garaýewiň aýdan aýdymlaryndan «Eýledi» hem-de «Suw ber, içeli» diýen halk aýdymlary.
48. Türkmenistanyň halk artisti Durdy Myradowyň çalan sazlaryndan «Kiçi» hem-de «Garry ezizim» diýen halk sazlary.
49. «Dostmämmet» hem-de «Bu jennetdir» diýen halk aýdymlary. Aýdan Türkmenistanyň halk bagşysy Begmyrat Hojamyradow.
50. Türkmenistanyň halk artisti Sahy Jepbarowyň aýdan aýdymlaryndan «Nepes sen» diýen aýdym.

51. Şol ýerine ýetirilişde «Ak ýüzli maralym».
52. Türkmenistanyň halk bagşysy Baky Maşakowyň çalan sazlaryndan «Küýzeli gyz», «Begler» diýen halk sazlary.
53. Patyşaguly Girmanowyň ýatlamalaryndan bir bölek. Girman bagşynyň aýdan «Gürjiniň», «Ala gaýyşly» diýen aýdymlary.
54. Halk aýdymy «Gandu-şekerli». Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Giçgeldi Amanow.
55. Ýene şol ýerine ýetirilişde «Kerem geldi» diýen halk aýdymy.
56. Bagşy Baýar Baýramowyň aýtmagynda iki sany halk aýdymy. «Setpara»,
57. «Hal Leýli».
58. Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Mustak Aýmedowyň aýdan «Beg ogly» diýen halk aýdymy.
59. Ýene-de şol ýerine ýetirlişde «Näzliň toýuny» diýen aýdym.
60. Belli diktor Baýram Geldimyradowyň ýatlamalaryndan bir bölek.
61. Türkmenistanyň halk artisti Kiçi Geldimyradowyň aýtmagynda iki sany halk aýdymy. «Hemraýym».
62. «Ogulmeňli».
63. Halk sazy «Nergiz», çalan Oraz Saryýew.
64. «Sen ýetir» diýen halk aýdymy. Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Nurberdi Gulow.
65. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Bibi».
66. Türkmenistanyň halk bagşysy Hojamämmet Täçmämmedow hakynda Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Ata Esadowyň beren gürrüňi.
67. Hojamämmet Täçmämmedowyň «Gyzlar» diýen sazy. Çalan Çary Täçmämmedow.







68. Türkmenistanyň at gazanan artisti Nurmyrat Annaýewiň aýdan aýdymlaryndan «Köne güzer» diýen halk aýdymy.
69. Halk aýdymy «Hajygolak». Aýdan Türkmenistanyň halk bagşysy Ilaman Annaýew.
70. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Arap gardaş».
71. Türkmenistanyň halk bagşysy, sazanda Han Akyýewiň çalan sazlaryndan iki sany saz. «Begler», «Aýy ruhsarym».
72. Çary Täçmämmedowyň ýerine ýetirmeginde öz döreden «Dostluk» diýen sazy.
73. Çary Täçmämmedowyň çalmagynda halk sazy «Saltyklar».
74. Türkmenistanyň halk bagşysy Gurbandurdy Jeňowyň aýdan aýdymlaryndan halk aýdymy «Zülpüň seniň».
75. «Sona gelin».
76. Halk sazy «Baga gireli». Çalan Türkmenistanyň halk bagşysy Jepbar Hansähedow.
77. Şol ýerine ýetirilişde «Atçapan» diýen halk sazy.
78. Türkmenistanyň halk bagşysy Akjagül Myradowanyň aýdan aýdymlaryndan iki sany halk aýdymy. «Gutlaň toýuny».
79. «Teşnit».
80. Türkmenistanyň halk artisti Akmyrat Çaryýewiň çalmagynda Şamyrat Gurbannepesowyň «Gurultaý» diýen sazy.
81. Şamyrat Gurbannepesow hakynda Annageldi Jülgäýewiň beren gürrüňlerinden bir bölek.
82. Halk sazy «Amman-amman». Çalan dutarçy Ýagdy Mämmetliýew.
83. Ata Ablyýewe bagyşlanyp geçirilen gepleşikden bir bölek (Ý. Nurymowyň, O. Döwletnazarowyň, A. Saparowyň gürrüňi).
84. Ata Ablyýewiň çalmagynda öz döreden «Dostum sen» diýen sazy.
85. Sahy Jepbarowyň «Gök çaý» diýen aýdymynyň sazy. Çalan Türkmenistanyň halk bagşysy, gujakçy Çary Gurbanow.

86. Şol ýerine ýetirilişde halk sazy «Ýandym».
87. Türkmenistanyň halk bagşysy Tüýli Otuzowyň aýtmagynda «Sergezdanam» diýen halk aýdymy.
88. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Saba gelipdir».
89. Türkmenistanyň halk bagşysy Hommat Jelilowyň aýtmagynda «Azat eýlegin» diýen halk aýdymy.
90. Ýene şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Ili gözlär».
91. Türkmenistanyň halk bagşysy Hojaguly Diwanaýewiň aýtmagynda halk aýdymy «Gözelim».
92. Şol ýerine ýetirilişde «Daş galdy» diýen halk aýdymy.
93. Türkmenistanyň halk bagşysy Hojamyrat Öräýewiň aýtmagynda halk aýdymy «Salam gelipdir».
94. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde «Nejeboglan» dessanyndan bir bölek.
95. Halk aýdymy «Bady-sabany görsem». Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Begli Babanyýazow.
96. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Jelil».
97. Halk sazy «Balsaýat». Çalýar Annageldi Jülgäýew.
98. Halk saz gurallarynyň döwlet orkestriniň çalmagynda Annageldi Jülgäýewiň täzeden işlän «Dilberim» diýen halk sazy.
99. Halk aýdymy «Göwnüm seni». Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Aşyrmämmet Dawudow.
100. Ýene şol ýerine ýetirilişde «Tapylar» diýen halk aýdymy.
101. Tagtabazar etrabyndan Italmaz Satlykowyň çykyşy.
102. Türkmenistanyň halk bagşysy Ödenyýaz Nobatowyň aýdan aýdymlaryndan «Gyrmyzy» diýen halk aýdymy.
103. Ö. Nobatowyň çalmagynda «Daraýy donly» diýen halk sazy.
104. Ýagmyr Nurgeldiýew öz döreden «Owazym» diýen sazyny çalýar.
105. Ýene şol ýerine ýetirilişde halk sazy «Näler göründi».
106. Türkmenistanyň halk artisti Hangeldi Annamyradowyň aýtmagynda «Jan-jan» diýen halk aýdymy.





107. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Balsaýat».
108. «Akja ýarym». Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Dörtguly Durdyýew.
109. Şol ýerine ýetirilişde «Gözüm bir gülzara düşdi» diýen halk aýdymy.
110. Sazşynas Amanöwez Saparowyň Orazgeldi Ylýasow hakdaky ýatlamasy.
111. Türkmenistanyň halk bagşysy Orazgeldi Ylýasowyň aýdan aýdymlaryndan «Yrakda durma» diýen halk aýdymy.
112. O. Ylýasow hakynda Türkmenistanyň halk artisti Juma Ýazmyradowyň ýatlamasy.
113. O. Ylýasowyň aýdan «Bidert ýarym» diýen halk aýdymy.
114. Patyşaguly Girmanowyň aýdan «Aýlanar sen» diýen halk aýdymy.
115. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Aý indi».
116. Türkmenistanyň halk artisti Gaýgysyz Çaryýewiň aýdan aýdymlaryndan iki sany halk aýdymy. «Ynanmaz»
117. «Bu derdi».
118. Türkmenistanyň halk bagşysy Bally Mätgeldiýewiň aýtmagynda «Näz bilen» diýen halk aýdymy.
119. Şol ýerine ýetirilişde «Bolmasa» diýen halk aýdymy.
120. Türkmenistanyň halk artisti Saryhan Sapaýewiň aýdan aýdymlaryndan iki sany halk aýdymy «Daglar».
121. «Amanmy».
122. Türkmenistanyň halk artisti Nuryagdy Baýramowyň aýtmagynda «Dört gözel» hem-de «Salamymny» diýen halk aýdymlary.
123. Türkmenistanyň halk artisti Döwletgeldi Ökdürowyň aýdan aýrymlaryndan «Pyragyny gören daglar» hem-de «Zülpüň» diýen aýdymlar.
124. Türkmenistanyň halk bagşysy Aman Gowşudowyň aýtmagynda «Gülhanym» diýen halk aýdymy.

125. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Zarlanyp».
126. Türkmenistanyň halk artisti Ýolaman Nurymowyň çalmagynda «Dagarman» diýen halk sazy.
127. Şol ýerine ýetirilişde «Hatyja» diýen halk sazy.
128. Türkmenistanyň halk bagşysy Oraznepes Döwletnazarowyň aýtmagynda «Garrylar gerek» diýen aýdym.
129. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Meşrep».
130. «Näzli gelin». Aýdan Türkmenistanyň halk artisti Mäne Garaýew.
131. Şol ýerine ýetirilişde «Oýanmaz» diýen halk aýdymy.
132. Türkmenistanyň halk artisti Akmyrat Çaryýewiň çalmagynda halk sazy «Ussadym».
133. Şol ýerine ýetirilişde «Aýralyk mukamy».
134. Oraz Annanepesow bilen Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Muhammet Muhammetnyýazowyň çalmagynda Begmyrat Gutlymyradowyň «Hatyra» diýen sazy.
135. Aman Agajykowyň täzeden işlän «Durdy bagşy» diýen halk sazy. Ýerine ýetirýärler Türkmenistanyň at gazanan artisti Sapar Mämiýew bilen Wladimir Sapegin.
136. Halk aýdymy «Owazy geldi». Aýdan Seýitmyrat Ýazmyradow.
137. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde «Aýlanar sen» diýen halk aýdymy.
138. Türkmenistanyň halk bagşysy Kakabaý Nazarowyň ýatlamalary hem aýdan aýdymlary («Taý atym», «Wegelýar»)
139. Türkmenistanyň halk artisti Oraz Annanepesowyň ýerine ýetirmeginde öz döreden «Arkadagym» diýen sazy.
140. Şol ýerine ýetirilişde «Hatyrjem» diýen halk sazy.
141. Allaberdi Ataýewiň çalmagynda «Aýa meňzär» diýen halk sazy.
142. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde «Karar oldum».





13. Sargyt № 1531

143. Türkmenistanyň halk bagşysy Gurbandurdy Öwezowyň aýtmagynda «Näzliň toýuny» diýen aýdym.
144. Şol ýerine ýetirilişde «Il bilen».
145. Kyýas Durdyýewiň aýtmagynda Dörtguly Durdyýewiň «Unutma» diýen aýdymy.
146. Şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Gara göz».
147. Türkmenistanyň halk artisti Parahat Şyhymowyň aýtmagynda «Orazym» hem-de «Hoş gal indi» diýen aýdymlar.
148. Türkmenistanyň halk artisti Annaberdi Atdanowyň aýtmagynda «Keçpelek» atly filmden «Duran ýerlere» diýen aýdym.
149. Ýene-de şol ýerine ýetirilişde halk aýdymy «Eneş».
150. Türkmenistanyň halk artisti Öwezgeldi Tekäýewiň aýdan aýdymlaryndan «Daşy syndyrar» atly aýdym.
151. Ýene-de Öwezgeldi Tekäýewiň ýerine ýetirmeginde «Yzlamaýan bolarmy».

## MAZMUNY


Bagşyly il – bagtly il .......... 7
Türkmen bagşyçylyk medeniýeti we ýollary .......... 22
Gulgeldi ussa .......... 26
Amangeldi Gönübek .......... 28
Şükür bagşy .......... 30
Bazar bagşy .......... 32
Kel bagşy .......... 34
Hally bagşy .......... 36
Täçmämmet Suhanguly .......... 38
Sary bagşy .......... 40
Oraz salyr .......... 42
Nazar baga .......... 44
Muhy bagşy .......... 46
Hoçjy bagşy .......... 48
Mylly Täçmyrat .......... 50
Amangeldi Gönübekow .......... 52
Garly bagşy .......... 54
Hanmämmet gyjakçy .......... 56
Magtymguly Garly .......... 58
Hydyr bagşy .......... 60
Pälwan bagşy .......... 62
Garly bagşy .......... 64
Öre Şyh .......... 66
Öwlüýäguly bagşy .......... 68
Sapar Beki .......... 70
Nobat bagşy .......... 72
Pürli Sary .......... 74
Palta bagşy .......... 76
Durdy Myrat .......... 78
Begmyrat bagşy .......... 80
Sahy Jepbarow .......... 82
Baky Maşakow .......... 84








Girman bagşy ...86
Giçgeldi Amanow...88
Baýar bagşy ...90
Mustak Aýmedow...92
Kiçi Geldimyradow ...94
Oraz Saryýew ...96
Nurberdi Gulow ...98
Hojamämmet Täçmämmedow...100
Ilaman Annaýew ...102
Han Akyýew...104
Çary Täçmämmedow...106
Gurbandurdy Jeňow...108
Jepbar Hansähedow ...110
Akjagül Myradowa...112
Şamyrat Gurbannepesow ...114
Ata Ablyýew ...116
Çary Gurbanow ...118
Tüýli Otuzow ...120
Hommat Jelilow...122
Hojaguly Diwanaýew ...124
Hojamyrat Öräýew ...126
Begli Babanyýazow...128
Annageldi Jülgäýew ...130
Aşyrmämmet Dawudow...132
Ödenyýaz Nobatow ...134
Ýagmyr Nurgeldiýew ...136
Hangeldi Annamyradow...138
Dörtguly Durdyýew ...140
Orazgeldi Ylýasow...142
Patyşaguly Girmanow ...144
Gaýgysyz Çaryýew...146
Bally Mätgeldiýew...148
Saryhan Sapaýew...150
Nurýagdy Baýramow...152
Döwletgeldi Ökdürow ...154
Amanberdi Gowşudow ...156
Ýolaman Nurymow...158
Oraznepes Döwletnazarow...160
Mäne Garaýew ...162
Akmyrat Çaryýew ...164

Begmyrat Gutlymyradow....166
Seýitmyrat Ýazmyradow....168
Kakabaý Nazarow....170
Orazmyrat Annanepesow....172
Allaberdi Ataýew....174
Gurbandurdy Öwezow....176
Kyýas Durdyýew....178
Parahat Şyhymow....180
Annaberdi Atdanow....182
Öwezgeldi Tekäýew....184
Diske girizilen ýazgylaryň mazmuny....186







*Amanöwez Saparow*

# SUNGATYM – BUÝSANJYM


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Suratçylar | *O. Çerkezowa, W. Petrenko, A. Ataýewa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Diske girizilen ýazgylary toplan we timarlan | *M. Orazowa* |

A – 74558
Çap etmäge rugsat edildi 26.05.2014.
Ölçegi 70 x 100 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 16,13.Şertli reňkli ottiski 64,75.
Hasap-neşir listi 13,67.
Çap listi 12,5. Sargyt 1531. Sany 7.000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.